atuwa degişli dal

BARLAGNAMALAR

# BARLAGNAMALAR

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow: «Türkmenistan, biziň halkymyz täze eýýama – Beýik Galkynyş eýýamyna gadam basdy. Täze eýýamda bize iň zehinli, örän ýiti, ahlak taýdan arassa hem sagdyn nesil gerek. Olar Garassyz Diýarymyzyň geljegidir, ertir berkarar Türkmenistany dolandyrmaly we ösdürmeli adamlardyr»[1]. Şeýle «Şahsyýetleri kemala getirmek bilim ulgamynyň işgärleriniň, mugallymlaryň, biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr»[2] diýip nygtaýar.

Okuwçylara türkmen dilinden we edebiýatdan çuňňur bilim bermekde, sapakda interaktiw usullary ornaşdyrmakda, okuwçylaryň alan bilimlerini bir wagtda töwerekleýin barlamakda barlagnamalaryň (testleriň) we soraglar toplumlarynyň ähmiýeti uludyr. Bu babatdan wagty tygşytlamak, bilimiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, türkmen dilinden we edebiýatdan IV–X synplar boýunça barlagnamalar we soraglar toplumyny içine alýan gollanma taýýarlanyldy. Usuly taýdan amatly bolar ýaly, barlagnamalar we soraglar toplumy çärýeklere bölünip ýerleşdirildi.

Barlagnamalar taýýarlanylanda, okuwçylaryň ýaş aýratynlygy nazara alnyp, olaryň her birinde 4–5-nji synplarda üç, 6–7-nji synplarda üç-dört, 8–10-njy synplarda dört-bäş sany jogabyň bolmagy göz öňünde tutuldy.

[1]«Türkmen dili», 35 (497), 2.09.2009 ý.
[2]«Mugallymlar gazeti», 95 (8071), 7.09.2009 ý.

Barlagnama işlenende, okuwçylaryň jogapkärçiligini artdyrmak maksady bilen, 4–5-nji synplarda her üç ýalňyş, 6–7-nji synplarda her dört ýalňyş, 8–10-njy synplarda bolsa her bäş ýalňyş bir dogry jogaby kemeldýär. Mysal üçin, 4-nji synp okuwçysy berlen 25 ýumşuň 22-sini dogry, 3-sini ýalňyş işläpdir diýeliň. Üç ýalňyş bir dogryny aýyrýan bolsa, onda 22 – 1 = 21. Netijede, okuwçynyň toplan utugy 21-e deň bolýar.

Barlagnama düzülende, ýumuşlaryň möçberiniň köpeltmek hasyly 100-e deň bolýan sanlardan alynmalydyr. Barlagnama bahalandyrylanda, okuwçynyň gazanan netijesi (utugy) degişli sana (10 · 10; 20 · 5; 25 · 4; 40 · 2,5; 50 · 2) köpeldilýär. Meselem, ýokarky mysal alnan 25 ýumuşly işden okuwçynyň gazanan 21 utugyny 4-e köpeltsek, ol 84-e deň bolýar.

Utuklara baha dünýä ölçeglerine laýyk gelýän şu aşakdaky kada esasynda goýulýar:

20-ä çenli 1-lik; 40-a çenli 2-lik;

60-a çenli 3-lük; 80-e çenli 4-lük;

80–100 aralygyna 5-lik baha goýulýar. Onda ýokarky okuwçynyň gazanan netijesi (84) 5-lige mynasyp bolýar. Eger okuwçynyň gazanan netijesi ol ýa beýleki baha (3-lüge, 4-lüge, 5-lige) 2–3 utuk ýetmese, onda höweslendirmek maksady bilen (eger zerur hasap edilse), sol ýetmezi mugallymyň özi dolduryp biler.

Barlagnamany işleýän okuwçylaryň ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmegi gazanylmalydyr. Ugurdaş synplarda barlagnama bir wagtda ýerine ýetirilse gowy bolýar. Mugallym işiň başlanýan we tamamlanýan wagtyny synp tagtasynda görkezmelidir. Şunda barlagnamanyň her ýumşuna, ortaça, 1–1,5 minut bermek ölçeginden ugur alynmalydyr.

Okuwçylara barlagnama işledilende, takyk bilýän ýumuşlaryny ilki, soňra beýlekilerini jogaplandyrmak maslahat berilmelidir. Munuň özi wagty tygşytlamaga ýardam eder.



Barlagnamalar bilen aşa gyzyklanyp, dilden işlemek ünsden düşürilmeli däldir.

Barlagnamalar her uly temadan soň, şeýle-de her çärýegiň ahyrynda alynsa, maksadalaýyk bolar. Bu meselede her bir mugallym «altyn aralygy» tapmaga çalyşmalydyr.

Gollanmadaky soraglar, ýumuşlar işledilende we dürli grammatik derňewler geçirilende, her okuwça bir kagyz berlip, synpy, ady, atasynyň ady ýazdyrylýar. Soňra mugallym 1-nji soragy (ýumşy) okaýar. Okuwçy elindäki kagyza soragy (ýumşy) ýazman, diňe 1. diýen belginiň yzyndan degişli jogaby ýazýar. Bu şu tertipde iş tamamlanýança dowam edýär. Mugallym her dogry jogaba goşmak (+), ýalňyş jogaba bolsa aýyrmak (–) goýup, utuklaryň jemini işiň aşagyna ýazýar. Munuň bahalandyrylyşy hem edil barlagnamalaryňky ýalydyr.

Okuwçylar gollanmadaky barlagnamalary özbaşdak hem ýerine ýetirip bilerler. Şunda olara ilki jogaplary bir bölek kagyza ýazmak (1 – B, 2 – Ç, 3 – A ...), soňra jogap açaryndan peýdalanyp, dogry we ýalňyş işlänlerini anyklamak, ýalňyşlaryny okuw kitabyndan tapyp öwrenmek maslahat berilmelidir.

## IV SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

### I çärýek

**1.** *ä, ö, ü, i, e* – **bular:**

a) dodaklanýan çekimliler;
b) inçe çekimliler;
ç) ýogyn çekimliler.

**2. Haýsy jogapda dymyk çekimsizler dogry berlipdir?**

a) z, l, n, r, t, c; b) k, p, d, j; ç) k, p, t, ç.

**3. Dodaklanmaýan çekimlileriň doly we anyk jogaby:**

a) a, ä, o, ö; b) u, ü, y, i; ç) a, ä, e, i, y.

**4. Eger türkmen dilindäki sada sözleriň birinji bognunda ýogyn çekimlileriň biri gelse, onda soňky bogunlarda:**

a) ýogyn çekimliler ýazylýar;
b) inçe çekimliler ýazylýar;
ç) dodak çekimliler ýazylýar.

**5. Dar dodak çekimlileri sada sözleriň haýsy bogunlarynda ýazylýar?**

a) diňe birinji bognunda;
b) birinji we ikinji bogunlarda;
ç) ähli bogunlarda.

**6. Sözüň soňuna çekimli goşulanda, dar çekimlisi düşýän söz:**

a) agyl; b) ekin; ç) köwüş.

**7. Özbaşdak many aňlatmaýan söz bölegi:**

a) asyl söz; b) goşulma; ç) goşma söz.



**8. Sözlemde sözleri baglanyşdyrmaga hyzmat edýän goşulmalar:**

a) söz üýtgediji goşulmalar;
b) söz ýasaýjy goşulmalar;
ç) baglaýjy kömekçiler.

**9. Bir sözden ybarat bolup, bir düşünjäni aňladýan sözler:**

a) goşma sözler; b) sada sözler; ç) düzme sözler.

**10. Haýsy jogapda sözlemleriň gurluş taýdan toparlara bölünişi dogry berlipdir?**

a) habar, sorag, ýüzlenme we sorag-ýüzlenme;
b) sada, goşma, tirkeş;
ç) ýönekeý we goşma.

**11. Deňdeş agzaly sözlem:**

a) Jeren çäýnek-käseleri ýuwuşdyrdy.
b) Aýna Aşgabada Jemal bilen gitdi.
ç) Ol yhlasly okaýar hem öwrenýär.

**12. Atlaryň jogap bolýan soraglary:**

a) näme?, nire?, näme etjek?, näme eder?;
b) kim?, näme?, nire?;
ç) nähili?, neneňsi?, kim?.

**13. Nähili sözlerde dymyk çekimsizler açyk çekimsizlere öwrülmeýärler?**

a) çekimlisi gysga aýdylýan bir bogunly sözlerde;
b) iki bogunly sözlerde;
ç) köp bogunly sözlerde.

**14. Haýsy goşulmalar sözlere önürti goşulýar?**

a) islegiňe görä goşubermeli;
b) üýtgediji goşulmalar;
ç) ýasaýjy goşulmalar.

**15. Diñe baş agzalardan düzülen sözlem:**

a) goşma sözlem;
b) ýygnak ýönekeý sözlem;
c) ýaýraň ýönekeý sözlem.

**16. *Agzybirlik, elguş* – bular:**

a) söz düzümleri; b) goşma sözler; c) sada sözler.

**17. Eýeden, aýyklaýjy agzadan we habardan ybarat sözlem:**

a) goşma sözlem;
b) ýygnak ýönekeý sözlem;
c) ýaýraň ýönekeý sözlem.

**18. Deñdeş agzalaryň arasynda *we, hem, bilen* ýaly baglaýjylar bolmasa, onda:**

a) olaryň arasynda nokat (.) goýmaly;
b) olaryň arasynda otur (,) goýmaly;
c) olaryň arasynda kese çyzyk (–) goýmaly.

**19. Haýsy düşümlerde atlaryň soñundaky *e* sesi *ä* sesine öwrülýär?**

a) baş, eýelik, ýöneliş düşümlerinde;
b) eýelik, ýöneliş, ýeňiş düşümlerinde;
c) ýeňiş, wagt-orun, çykyş düşümlerinde.

**20. Sözlemler pikir añladyş taýdan haýsy toparlara bölünýärler?**

a) habar, sorag, ýüzlenme, sorag-ýüzlenme sözlemleri;
b) ýönekeý we goşma sözlemler;
c) ýaýraň we ýygnak ýönekeý sözlemler.

**21. Birden artyk sözler basym taýdan birigip, täze many añladýan bolsa, ol:**

a) sada sözdür; b) goşma sözdür; c) goşma sözlemdir.



**22. Haýsysy ýygnak ýönekeý sözlem?**

a) Meret aga durdy.
b) Meretdurdy.
c) Meret garaşyp durdy.

**23. Işlikler:**

a) zady, düşünjäni añladýarlar;
b) reñki, tagamy, hili añladýarlar;
c) gymyldy-hereketi añladýarlar.

**24. Söz düzümleriniñ birinji sözi:**

a) esasy söz; b) goşma söz; c) garaşly söz.

**25. Işliklerde näçe zaman bar?**

a) 2; b) 3; c) 4.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Çekimli sesleri ýazyň.
2. Haýsy ýöňkemelerde ***guzy*** sözüniň ikinji bogny dodaklandyrylýar?
3. Sözlemde işliklere baglanýan sözlere näme diýilýär?
4. ***Amanyň daýzasy myhmançylyga gelipdir.*** Aşagy çyzylan sözler sözlemiň nähili agzasy?
5. ***Ol bildi.*** Gurluşy taýdan nähili sözlem?
6. Söz düzümleri gutarnykly oý-pikiri añladýarmy?
7. Bularyň haýsysy söz düzümi? ***Gün batar. Günbatar. Garaşylan gün.***
8. ***o, ö, u, ü*** – bular nähili sesler?
9. Işlikler sözlemde, esasan, haýsy agzalar bolup gelýärler?
10. ***Mekdebiň okuwçylary ýaryşa gatnaşdylar.*** Aşagy çyzylan sözler sözlemiň nähili agzasy?

## Sözlem derňewi

***Siňňitli ýagyş agaçlaryň çaň-kirşenini ýuwdy.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemde ýogyn çekimlileriň sany.
2. Dodaklanýan çekimlileriň haýsylary bar?
3. Açyk çekimsizlere öwrülýän dymyk çekimsizleri tapyň.
4. Ýasaýjy goşulmalar arkaly ýasalan sözler.
5. Düşüm goşulmalary goşulan sözler.
6. Ýöňkeme goşulmasyny kabul eden söz.
7. At bolup gelen sözleriň sany.
8. Söz düzümlerini saýlap ýazyň.
9. Gurluşy taýdan nähili sözlem?
10. Aýyrgyç bolup gelen sözler haýsylar?

## II çärýek

**1. Sözlemiň eýesi haýsy düşümde gelýär?**

a) ýeňiş düşümde; b) çykyş düşümde; ç) baş düşümde.

**2. Gutaran oý-pikiri aňladýan söz ýa-da sözler toplumy:**

a) tekst; b) sözlem; ç) söz düzümi.

**3. Haýsysy goşma sözlem?**

a) Durdumyrat Türkmengala gitdi.
b) Ony daýysy, daýzasy, ýegenleri garşylady.
ç) Myhman öýe girdi, öýdäkiler ör turdular.

**4. Myrat: *Bu gezekki bäsleşik nähili geçerkä?* diýip oýlandy. Bu sözlemdäki aşagy çyzylan bölek:**

a) basganyň sözi;
b) ýazaryň (awtoryň) sözi;
ç) baglaýjy söz.

**5. Sesleriň ýazuw şekili, şertli belgileri dil biliminiň haýsy bölüminde öwrenilýär?**

a) grafika; b) fonetika; ç) leksika.

**6. Harplaryň kabul edilen belli bir tertipde ýerleşdirilmegi:**

a) söz; b) bogun; ç) elipbiý.

**7. Sözlemde atlara, atlaşan sözlere baglanýan sözler:**

a) doldurgyç; b) aýyrgyç; ç) baş agzalar.

**8. Diliň öňe-yza hereket etmegi netijesinde emele gelýän sesler:**

a) uzyn we gysga; b) dar we giň; ç) inçe we ýogyn.

**9. *Dutar çal. Çal içdi.* Şu ýerde aşagy çyzylan sözleriň many taýdan tapawutly bolmagyna näme täsir edýär?**

a) sözlemiň başynda ýa soňunda gelmegi;
b) çekimlisiniň uzyn ýa gysga aýdylmagy;
ç) sözleriň hiç hili many tapawudy ýok.

**10. Inçe we ýogyn çekimliler nähili sözlerde garyşyp gelip biler?**

a) alynma we goşma sözlerde;
b) köp bogunly sözlerde;
ç) sada sözlerde.

**11. *y, i* dar çekimlileri sözüň ahyrynda uzyn aýdylanda, onuň soňundan:**

a) *ý* harpy ýazylýar;
b) *w* harpy ýazylýar;
ç) *k* harpy ýazylýar.

12. **Ýazuw kadasyna laýyk jogap:**

a) süt, güç, dün;
b) süýt, güýç, düýn;
ç) süýüt, güýüç, düýün.

13. **Haýsy dogry?**

a) su, oku, arzu;
b) sug, okug, arzug;
ç) suw, okuw, arzuw.

14. ***Ot-ody, aç-ajykmak, ak-agrak, ýap-ýaba*** **– bu sözleriň soňundaky dymyk *k, p, t, ç* sesleriniň açyga öwrülmeginiň sebäbi:**

a) degişli goşulma goşulypdyr;
b) çekimlisi gysga aýdylýar we degişli goşulma goşulypdyr;
ç) çekimlisi uzyn aýdylýar we degişli goşulma goşulypdyr.

15. **Dürs ýazuw kadasy boýunça ýazylan sözler:**

a) gözögçülik, oglonjuklar, uýolmoklyk;
b) gözegçilik, oglanjyklar, uýalmaklyk;
ç) gözögçilik, oglonjyklar, uýolmaklyk .

16. **Haýsysy ýazuw kadasyna laýyk gelýär?**

a) beýik-beýgi; b) käýin-käýinip; ç) asyl-asyly.

17. **Başganyň sözündäki ulanylýan dyngy belgiler:**

a) goşa dyrnak, kese çyzyk;
b) iki nokat, kese çyzyk;
ç) iki nokat, goşa dyrnak.

18. **Dogry jogap:**

a) etraplar, kitaplar, artistlar;
b) gazetler, artistler, etraplar;
ç) fabriklar, kitaplar, gazetlar.



19. **Giň dodak çekimlileri türkmen diliniň sada sözlerinde haýsy bogunlarda ýazylýar?**

a) diňe 1-nji bogunda;
b) 1-nji we 2-nji bogunlarda;
ç) islendik ýerde.

20. **Haýsysynda ýogyn çekimliler anyk görkezilipdir?**

a) a, o, ö, u, ü, ä; b) a, o, u, y; ç) a, e, ä, y, i, o, u, ü.

21. ***Gyzyl, gadyr*** **ýaly sözleriň ikinji bognundaky gysga aýdylýan dar çekimliler näme üçin düşürilmeýär?**

a) 1-nji bogny ýapyk;
b) düşürilmeli dar çekimliniň öňünde ***z, d*** çekimsizi gelipdir;
ç) çekimliler uzyn aýdylýar.

22. **Dar çekimlileriň düşmek kadasyna degişli şertleriň haýsysy nädogry?**

a) söz *l, n, r, s, ş, z* sesleriniň birine gutarmaly;
b) sözüň haýsy hem bolsa bir çekimlisi uzyn aýdylmaly;
ç) birinji bogny açyk, iki bogunly düýp söz bolmaly.

23. **Haýsy topardaky sözleriň ikinji bognundaky dar çekimliler degişli goşulma goşulanda düşürilmeýärler?**

a) dokuz, ekiz, tütün, kendir;
b) ýagyş, döwür, oýun;
ç) agyz, sowul, nebis.

24. ***o, ö, u, ü, ä, i*** **dodaklanmaýan inçe çekimlileri anyklaň:**

a) o, ö; b) u, ü; ç) ä, i.

25. **Dogry ýazylan söz:**

a) ýaşaýşy; b) ýaşaýysy; ç) ýaşasy.

2. Sargyt № 1641

## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Goşulmalar näme üçin gerek?
2. Goşma sözi hasyl edýän sözleriň ýazylyşy.
3. ***Merjene ejesi kitap, depder, galam berdi.*** Deňdeş agza bolup gelen sözler sözlemiň haýsy agzasy?
4. Çekimliler aýdylyşy taýdan haýsy toparlara bölünýärler?
5. Sözlemleriň soňundaky nokat (.), ýüzlenme (!) hem sorag (?) belgileri nämä esaslanyp goýulýar?
6. ***Çadyr, nagyş, egin.*** Bu sözleriň haýsysy dar çekimlileriň düşmek kadasyna eýermeýär?
7. ***Okaraňygetirsüýtbereýin*** – gurluş taýdan nähili söz?
8. ***Amansoltan.*** Bu sözde näme üçin üçünji bogunda giň dodak çekimlisi ýazylypdyr?
9. ***Gülnar, günebakar.*** Bu sözlerde näme üçin inçe we ýogyn çekimliler garyşyp gelipdir?
10. Dar çekimlileriň düşmek kadasyna eýerýän sözleriň soňy haýsy çekimsizlere gutarmaly?

### Sözlem derňewi

***«Süýtde agzy bişen suwy üfläp içer».***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemdäki sözleri elipbiý tertibinde ýazyň.
2. ***Süýtde*** sözüni transkripsiýada ýazyň.
3. Sözlerdäki çekimlileriň näçesi uzyn aýdylýar?
4. Düşüm goşulmalaryny kabul eden sözler haýsylar?
5. Işlik bolup gelen sözler haýsylar?
6. Näçe sözde giň çekimli bar?



7. Dar çekimlileriň düşmek hadysasy ýüze çykan söz haýsy?
8. Uzyn aýdylýan dodak çekimlileriň ýazuw düzgünine eýeren sözleri anyklaň.
9. Haýsy sözde çekimlileriň dodaklanma sazlaşygy duşýar?
10. Ýöňkeme goşulmasyny kabul eden sözi tapyň.

## III çärýek

**1. Açyk çekimsizler:**

a) sap owazdan emele gelýär;
b) sap galmagaldan emele gelýär;
ç) galmagal bilen owazyň gatyşmagyndan emele gelýär.

**2. Haýsysy dogry ýazylan?**

a) ajykýar; b) howlugýar; ç) gijiräk.

**3. Çekimsizleriň owaz gatanjyna görä topary:**

a) zarply, süýkeş;
b) açyk, dymyk;
ç) bogaz, dişara, dodak.

**4. Bularyň haýsysy süýkeş sesler?**

a) b, f, g, h, ž, s, ş, z;
b) l, m, n, ň, r, w, ý;
ç) b, ç, d, g, j, k, p, t.

**5. Bogna dogry bölünen söz:**

a) ideg-le-mek; b) a-gaç-la-ry-nyň; ç) bagt-y-nyň.

**6. Çyzyjak bilen ýazylýan goşulmalar (*-la, -le, -ha, -hä, -da, -de*) we tirkeş sözleriň bir bölegi täze setire geçirilende:**

a) setiriň soňunda we täze setiriň başynda çyzyjak goýmaly;

b) diňe setiriň soňunda çyzyjak goýmaly;
ç) diňe täze setiriň başynda çyzyjak goýmaly.

**7. Sözüň bogun sany nämä bagly bolýar?**

a) sözüň düzümindäki çekimsiz sesleriň sanyna;
b) sözüň düzümindäki sonorly sesleriň sanyna;
ç) sözüň düzümindäki çekimli sesleriň sanyna.

**8. Assimilýasiýa – bu:**

a) söz içinde sesleriň orun çalyşmasydyr;
b) çekimsizleriň meňzeşleşmegidir;
ç) çekimlileriň inçe-ýogynlyga görä sazlaşmagydyr.

**9. Metateza – bu:**

a) söz içinde sesleriň orun çalyşmasydyr;
b) çekimsizleriň meňzeşleşmegidir;
ç) çekimlileriň inçe-ýogynlyga görä sazlaşmagydyr.

**10. *Ýandak-ýannak, ýyldyz-ýyllyz* – bu hadysa:**

a) sesleriň orun çalyşmasydyr;
b) çekimsizleriň meňzeşleşmegidir;
ç) dymyk çekimsizleriň açyga öwrülmegidir.

**11. *b, f, m, p, w* – bular nähili çekimsizler?**

a) bogaz sesler; b) daşara sesler; ç) dodak sesler.

**12. *Ylgamak-yglamak, ýalňyş-ýaňlyş, horaz-hozar.* Bu sözlerde nähili fonetik hadysa ýüze çykýar?**

a) assimilýasiýa; b) metateza; ç) açyklaşma.

**13. Haýsy söz dogry ýazylypdyr?**

a) tezeri; b) ýarpak; ç) şübhe.

**14. Açyk bogun:**

a) çekimli bilen başlanýar;
b) çekimli bilen gutarýar;
ç) çekimsiz bilen gutarýar.



**15. Diňe ýapyk bogunlardan ybarat söz:**

a) ga-lam; b) dur-na; ç) ot-luk.

**16. Basym:**

a) sözüň belli bir çekimlisiniň beýlekilerden uzyn aýdylmagy;
b) sözüň belli bir çekimlisiniň beýlekilerden gysga aýdylmagy;
ç) sözüň belli bir bognunyň çekimlisiniň batlyrak, nygtalyp aýdylmagy.

**17. Haýsy dogry?**

a) Gowy oka, ikilik álma.
b) Gowy oka, ikilik almá.
ç) Gowy oka, iki ilik **alma**.

**18. Sözleýişde habar, sorag, ýüzlenme sözlemleri näme bilen aňladylýar?**

a) dyngy belgi bilen;
b) *habar berdi, sorady, ýüzlendi* sözlerini aýtmak bilen;
ç) äheň (intonasiýa) arkaly.

**19. Sözleýişde säginmäniň (pauzanyň) nähili ähmiýeti bar?**

a) sözleýşiň düşnükli hem täsirli bolmagy üçin;
b) sözleýän adamyň dem almagy, demini dürsemegi üçin;
ç) hiç hili ähmiýeti ýok.

**20. Dogry ýazylan söz:**

a) isli; b) sasly; ç) sakkal.

**21. Leksika näme?**

a) sözleriň bogna bölünişi;
b) dildäki sesleriň jemi;
ç) bir dilde ulanylýan sözleriň hemmesi.

**22. Bir bogunda köp bolanda, näçe harp bolup bilýär?**

a) 6; b) 5; ç) 4.

**23. Tegelek ysgalaňly sonorly ses:**

a) o; b) b; ç) w.

**24. Täze mana eýe bolan sözler:**

a) Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, Galkynyş;
b) bildiriş, arza, hekaýa;
ç) bagban, daglyk, okuwçy.

**25. Türkmen dilinde:**

a) harp köp; b) ses köp; ç) harp bilen sesiň sany deň.

## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Düşek ýazygly dur.*** Sözlemdäki näsazlygy düzedip ýazyň.
2. ***Daýhan birleşik, geňeşiň agzasy*** – bular haýsy çeşme esasynda ýasalan täze sözlerdir?
3. **Mallara ot suw berdiňmi** – Gerekli dyngy belgini ýerinde goýuň.
4. Türkmen dilinde sözüň birinji bognundan soňky bogunlary nähili ses bilen başlanýar?
5. Äheň ýazuwda nähili belgilenýär.
6. Goşulmalar arkaly täze sözleriň ýasalmagy diliň baýlaşmagynyň haýsy çeşmesine degişli?
7. Dodak çekimsizler haýsylar?
8. ***Gurban || ussa seretdi. Gurban ussa || seretdi.*** Bu sözlemlerde manynyň, pikiriň üýtgemegine näme täsir edýär?
9. **Öwret, gülüp, surat, sebäp, üç, ýet, göreç, geç, wagt.** Bu sözlere degişli goşulma goşulanda, näçe sözde dymyk çekimsizler açyga öwrülmeýär?



10. ***-dy, -di, -da, -de*** goşulmalarynyň haýsylary söze goşulman, çyzyjak arkaly ýazylyp biler?

### Derňew

***«Güýçli» sözüni dürs ýazuw (orfografik) taýdan derňäň.***

## IV çärýek

**1. Leksikografiýa:**

a) diliň sözlük düzümini öwrenýär;
b) dürli sözlükleri we olaryň düzüliş esaslaryny öwrenýär;
ç) sözleriň gelip çykyşyny we taryhyny öwrenýär.

**2. Türkmen dilinde ulanylýan sözler haýsy uly toparlara bölünýärler?**

a) özbaşdak many aňladýan we özbaşdak many aňlatmaýan sözler;
b) sada, goşma, tirkeş sözler;
ç) atlar we işlikler.

**3. Dogry jogaby anyklaň:**

a) Sözlük – bu sözleriň köp manylylygydyr;
b) Sözlük – bu sözlemleriň gurluş we many aýratynlyklarydyr;
ç) Sözlük – bu belli bir tertipde ýerleşdirilen, maglumat almak üçin ulanylýan sözleriň ýygyndysydyr.

**4. Açyklaşma täsir edýän çekimsizler:**

a) m, n; b) r, ý; ç) ň, s.

5. ***Guşuň aýagy, aýyň aýagy, ýabyň aýagy, oturgyjyň aýagy*** **– bu ýerdäki** ***aýak*** **sözi:**
a) köp manyly söz; b) sesdeş söz; ç) manydaş söz.

6. **Garşydaş manyly sözler (antonimler):**
a) gap-çanak, oglan-uşak, çäýnek-käse;
b) ap-ak, göm-gök, süp-süýji;
ç) ajy-süýji, ak-gara, uzyn-gysga.

7. **Sözleriň dürs ýazylyşyny görkezýän sözlük:**
a) düşündirişli sözlük;
b) orfografik sözlük;
ç) orfoepik sözlük.

8. ***Sabamak – sa:wamak, sazanda – sa:zanna*** **– bular haýsy sözlükden alnypdyr?**
a) düşündirişli sözlükden;
b) orfografik sözlükden;
ç) orfoepik sözlükden.

9. **Basymy özüne geçirmeýän goşulmalar:**
a) -da, -de, -ha, -hä;
b) -yň, -iň, -ňyz, -ňiz;
ç) -ny, -ni, -çy, -çi.

10. ***Düz meýdan, ýüpe düz*** **– bu ýerdäki** ***düz*** **sözi:**
a) köp manylydyr;
b) manydaş sözdür;
ç) sesdeş sözdür.

11. ***Arassa, tämiz, päk*** **– bu sözler:**
a) köp manylydyr;
b) manydaş sözlerdir;
ç) sesdeş sözlerdir.

12. **Haýsylary dogry ýazylypdyr?**
a) aňyrsy, bärsi, ilerräk;



b) aňrysy, bärisi, ilerräk;
ç) aňyrysy, bärisi, ileriräk.

13. ***Guzym, maýam, köşegim*** **ýaly sözler:**
a) bir manyly sözlerdir;
b) göçme manyly sözlerdir;
ç) köp manyly sözlerdir.

14. **Köp manyly sözler:**
a) göz, gulak, burun;
b) gowy, ýagşy, oňat;
ç) kitap, depder, galam.

15. **Beýlekilerden tapawutlanýan söz:**
a) gözemek; b) gözenek; ç) gözlemek.

16. **Tekst näme?**
a) gutaran oý-pikiri aňladýan söz ýa-da sözler toplumy;
b) many taýdan baglanyşykly birnäçe sözleriň jemi;
ç) many we grammatik taýdan baglanyşykly sözlemleriň jemi.

17. **Ýazuwda abzas nähili görkezilýär?**
a) setiriň başynda azajyk ýer goýulýar;
b) sözlemiň ilkinji sözi baş harp bilen ýazylýar;
ç) nokat (.), otur (,), ýüzlenme (!) we sorag (?) belgileri goýulýar.

18. **Tekste meýilnama düzmek näme üçin gerek?**
a) tekstiň gelşikli bolmagy üçin;
b) pikiri yzygiderli beýan etmek üçin;
ç) teksti labyzly, täsirli okamak üçin.

19. ***Azman-zool., dört ýaşyna ýeten teke.*** **Bu bölek haýsy sözlükden alnypdyr?**
a) düşündirişli sözlükden;

b) orfografik sözlükden;
ç) orfoepik sözlükden.

**20. Haýsy jogap dogry?**

a) kytap, dywar, diwan;
b) kitap, diýwar, diýwan;
ç) kitap, diwar, diwan.

**21. *Peýda, mekan, mirap* ýaly sözlerde ince we ýogyn çekimlileriň garysyp gelmeginiň sebäbi:**

a) bular türkmen sözleri;
b) olar alynma sözler;
ç) goşulma goşulany üçin.

**22. Sesdeş sözleriň (omonimleriň) manysynda umumylyk bolýarmy?**

a) bolýar;
b) bolup-da biler, bolman-da biler;
ç) bolmaýar.

**23. *Geometriýa, parlament* ýaly alynma sözlere goşulma goşulanda nämä esaslanylýar?**

a) sözleriň ilkinji bognunyň çekimlisine;
b) sözleriň soňky bognunyň çekimlisine;
ç) öz islegiňe görä.

**24. Türkmen dilinde söz ýasalyşyň näçe ýoly bar?**

a) 2; b) 4; ç) 6.

**25. Sözleriň dürs aýdylyşyny görkezýän sözlük:**

a) düşündirişli sözlük;
b) orfografik sözlük;
ç) orfoepik sözlük.



## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Bir sözdäki çekimlileriň sany nämäni aňladýarlar?
2. Diliň söz ulgamy, baýlaşyş çeşmeleri grammatikanyň haýsy bölümine degişli?
3. ***Derrew*** sözüniň sinonimini (manydaş sözüni) ýazyň.
4. ***Ýiti zehin, ýiti pycak.*** Haýsy söz düzüminde göçme manyly söz bar?
5. ***Çigit, deňiz, burun.*** Şu sözleriň haýsysy dar çekimlileriň düşmek kadasyna eýermeýär?
6. Täze türkmen elipbiýi haçan kabul edildi?
7. ***Guşjagaz, sende*** sözlerini aýdanymyzda, nähili fonetik hadysa ýüze çykýar?
8. Çekimlileriň bölünişi boýunça toparlaryny ýazyň.
9. ***Köz*** sözüni fonetik taýdan derňäň.
10. Çekimsiz sesler hil taýdan haýsy toparlara bölünýär?

### Derňew

***«Abraý gymmat altyndan» nakylyň sözlerini leksika taýdan derňew ediň.***

## IV synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | Ç | Ç | B |
| 2 | Ç | B | B | A |
| 3 | Ç | Ç | B | Ç |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 4 | A | A | A | B |
| 5 | B | A | B | A |
| 6 | Ç | Ç | A | Ç |
| 7 | B | B | Ç | B |
| 8 | A | Ç | B | Ç |
| 9 | B | B | A | A |
| 10 | Ç | A | B | Ç |
| 11 | Ç | A | Ç | B |
| 12 | B | B | B | A |
| 13 | A | Ç | Ç | B |
| 14 | Ç | Ç | B | A |
| 15 | B | B | Ç | B |
| 16 | B | B | Ç | Ç |
| 17 | Ç | Ç | A | A |
| 18 | B | B | Ç | B |
| 19 | B | A | A | A |
| 20 | A | B | A | Ç |
| 21 | B | B | Ç | B |
| 22 | A | B | B | Ç |
| 23 | Ç | A | Ç | B |
| 24 | Ç | Ç | A | B |
| 25 | B | A | B | Ç |

## Türkmen dilinden IV synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. a, e, ä, y, i, o, ö, u, ü.
2. Olluk ýöňkemede.



3. Doldurgyçlar.
4. Baş agzasy (eýesi, habary).
5. Ýygnak ýönekeý sözlem.
6. Ýok.
7. Garasylan gün.
8. Dodak çekimlileri.
9. Habar.
10. Aýyklaýjy agzasy.

### Sözlem derňewi

1. 9.
2. *u*.
3. *t, ç, k*.
4. Siňňitli, ýagyş, kirşenini.
5. Agaçlaryň, çaň-kirşenini.
6. Çaň-kirşenini.
7. 3.
8. Siňňitli ýagyş, agaçlaryň çaň-kirşeni, çaň-kirşenini ýuwdy.
9. Ýaýraň ýönekeý sözlem.
10. Siňňitli, agaçlaryň.

### II çärýek

1. Täze sözleri ýasamak we sözlemde sözleri özara baglanyşdyrmak üçin.
2. Goşulyp ýazylýar.
3. Deňdeş doldurgyçlar.
4. Uzyn ýa gysga bolýar.
5. Sözlemiň pikir aňladyşyna we aýdylyşyna esaslanýar.
6. Çadyr.

7. Goşma söz.
8. Goşma sözdügi üçin.
9. Bular goşma sözler.
10. *l, n, r, s, ş, z.*

## Sözlem derňewi

1. Agzy, bişen, içer, suwy, süýtde, üfläp.
2. [süýtdö].
3. Ikisi.
4. Süýtde, suwy.
5. Bişen, üfläp, içer.
6. Bäş sözde.
7. Agzy.
8. Süýt, suw.
9. Süýtde.
10. Agzy.

## III çärýek

1. Düşek ýazylgy dur.
2. Sintaktik çeşme.
3. Mallara ot-suw berdiňmi?
4. Çekimsiz ses bilen.
5. Dyngy belgiler arkaly: nokat (.), sorag belgisi (?), ýüzlenme belgisi (!), sorag-ýüzlenme belgisi (?!).
6. Morfologik çeşmä degişli.
7. *b, m, w, p, f.*
8. Säginme (pauza).
9. Bäş sözde.
10. *-da, -de.*



## Derňew

1. Birinji bogunda *ü* sesi uzyn aýdylany sebäpli, onuň yzyndan *ý* harpy ýazylýar.
2. Gepleşikde *ç* sesi *ş* ýaly aýdylyp (meňzeşleşme hadysasy), ýazuwda asly saklanylyp, *ç* harpy ýazylýar.
3. Sözüň soňunda *ü* aýdylsa-da, ýazuwda söz ahyrynda *ü* ýazylman, oňa derek *i* harpy ýazylýar.

## IV çärýek

1. Sözüň bogun sanyny.
2. Leksika.
3. Basym, çalt, tiz.
4. Ýiti zehin.
5. Çigit.
6. 12.04.1993 ý.
7. Çekimsiz sesleriň meňzeşleşmegi (assimilýasiýa).
8. Inçe we ýogyn; giň we dar; dodaklanýan we dodaklanmaýan çekimliler.
9. ***Köz*** – bir bogunly söz, ýapyk bogun.
   **k** – çekimsiz, dymyk, zarply, ortaky kentlewük sesi.
   **ö** – giň, dodaklanýan, inçe çekimli, uzyn aýdylýar.
   **z** – çekimsiz, açyk, süýkeş, daşara.
10. Zarply we süýkeş.

## Derňew

***Abraý*** – sintaktik çeşme arkaly (sözleriň goşulyşmagyndan: ab – suw, ruý – ýüz, ýüzi suwly manysynda) ýasalan bir manyly söz. Sinonimleri: ***ynam, hormat, sylag, şöhrat, mertebe.*** Antonimleri: ***biabraý, masgara, wejera.***

***Gymmat*** – bir manyly söz. Antonimi – ***arzan.***

***Altyn*** – asyl manyly söz. Göçme manysy: ***ak altyn, gara altyn, mawy altyn.*** Sinonimi: ***gyzyl, tylla.***

# IV SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

**1. «Dört dost» ertekisinde gumra azar beren pilden neneňsi ar almalydygynyň maslahatyny beren jandar:**

a) gurbaga; b) ary; c) garga.

**2. «Akylly Ahmet» ertekisi:**

a) haýwanlar hakynda;
b) durmuşy erteki;
c) hyýaly erteki.

**3. Şa gyzy nämede ýeňleni üçin, Mämmede durmuşa çykýar?**

a) dutar çalmakda;
b) hat okaşmakda;
c) küşt oýnamakda.

**4. Akpamyk doganlaryny direltmek üçin:**

a) keýigiň süýdüni peýdalanýar;
b) düýäniň süýdüni peýdalanýar;
c) geçiniň süýdüni peýdalanýar.

**5. Ýaňyltmaçlaryň peýdasy:**

a) dogry geplemek endigini ösdürýär;
b) çalt okamagy öwredýär;
c) ýatkesligiňi artdyrýar.

**6. «*Atalar sözi ...*» Dowam ediň.**

a) akylyň sözi; b) akylyň gözi; c) akylyň özi.



**7. Hüwdülerde näme beýan edilýär?**

a) çaganyň rahatlygy, ukudadygy;
b) çaganyň ýagşy geljegi baradaky süýji arzuw-islegler;
c) çaganyň öz isleg-arzuwlary.

**8. *Akylym bar-da, pulum ýok.* Kimiň sözleri?**

a) Hudaýberdi gorkagyň;
b) Mämmediň;
c) Akylly Ahmediň.

**9. *Oglanyň yzyna düşüp barýar welin, ... ... tanaýar.* Kim kimi tanaýar?**

a) Akpamyk doganyny;
b) kakasy Mämmedi;
c) baý Akylly Ahmedi.

**10. Haýsy beýlekilerden tapawutly?**

a) ýaňyltmaç; b) nakyl; c) hüwdi.

**11. «*Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň*». Manysy:**

a) ot ýakyp, ýanaýma, çukur gazyp, ýykylaýma;
b) ýamanlyk etme, päliň-niýetiň gowy bolsun;
c) ýakma, gazma, isleme.

**12. *Birje çemçe sorja serçe çorbasy.* Bu:**

a) ýaňyltmaç; b) matal; c) aýdym setiri.

**13. Türkmen halk döredijiligi:**

a) dilden-dile geçip, ýatdan aýdylyp gelinýän çeper döredijilik;
b) türkmen edebiýatyndaky iň meşhur eserler;
c) belli bir adam tarapyndan döredilen eserler.

**14. Dostlar birleşip, ejize ganym bolan kimden (nämeden) dynypdyrlar?**

a) baýdan; b) pilden; c) döwden.

3. Sargyt № 1641

**15. Mämmedi guýuda taşlap giden söwdagär:**

a) Ahmet; b) Ýomutbeg; c) patyşanyň ogly.

**16. Döwleri Hudaýberdi näçe gezek ýeňýär?**

a) 7; b) 9; ç) 11.

**17. Ahmediň penjeläp alan topragyndaky däneler:**

a) altyn däneleri;
b) kümüş däneleri;
ç) göwher däneleri.

**18. Galdyrylan sözleri ýazyň:** **Oglum okuw ýaşynda,**
***Zehini bar başynda.***
***Eline kitap alsa,***
... ... ...

a) Hemme oglan daşynda;
b) Başlikleri daşynda;
ç) Deň-duşlary daşynda.

**19. Uzak ýola gidilende, ýanyňa ýoldaş hökmünde çörek almak däbine eýerilýän erteki:**

a) «Akpamyk»;
b) «Ýüz tylla»;
ç) «Hudaýberdi gorkak we tilki».

**20.** ***«Şägirt halypadan ..., hünär ýiter».*** **Köp nokadyň ýerine haýsy söz gerek?**

a) gizlenmese; b) galmasa; ç) ozdurmasa.

**21. Hüwdüde aýdylyşy ýaly,** ***çaganyň bir agasy tüýdükçi.*** **Beýleki agasy kim?**

a) gyjakçy; b) bagşy; ç) sazanda.

**22.** ***«Daş bilen urany, aş bilen ur»*** **nakyly haýsy ertekide duşýar?**

a) «Akylly Ahmet»; b) «Ýüz tylla»; ç) «Akpamyk».



**23.** ***Üme*** **näme?**

a) aýal-gyzlaryň üýşüp tikin tikmegi;
b) ýaş gyzlaryň üýşüp oýun oýnamagy;
ç) gyzlaryň üýşüp okuw okamagy.

**24. Ertekileriň haýsysynda bazar, söwda etmek meselesi agzalmaýar?**

a) «Akylly Ahmet»;
b) «Hudaýberdi gorkak we tilki»;
ç) «Akpamyk».

**25. Hudaýberdi gorkagyň ýolda tapan we ýanyna alan zatlarynyň sany:**

a) 3; b) 4; ç) 5.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Haýsy ertekiniň mazmuny ***«Ýigide müň dürli hünär hem azdyr»*** diýen nakylyň manysyny ýadyňa salýar?
2. Ertekileriň nähili toparlary bar?
3. ***Akyl bilen mal-döwlet tapyp bilýän bolsaň, tap!*** Bu jümle haýsy ertekiden?
4. «Dört dost» ertekisindäki haýwanlaryň atlaryny ýazyň.
5. ***Gaty-gaty gepleme...*** – dowamyny we halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişlidigini ýazyň.
6. Döwüň iýmeginden Akpamygy näme halas edýär?
7. Öwrenen ertekileriňiziň haýsysynda döw hereket etmeýär?
8. Halk döredijiliginiň haýsy görnüşi çalt aýdylmaly?
9. Bazara pulsuz aýlanan kim?
10. Dowam ediň: ***«Köp ýaşan bilmez, ...»***

## II wariant

1. **Matalyň jogabyny anyklaň.**

   ***Aýagy ýok, eli ýok,***
   ***Köýnegi bar, goly ýok.***

   a) garyn; b) ýassyk; ç) köýnek geýdirilen garantga.

2. **«Küýze we tilki» erteki-poemasyny kim ýazdy?**

   a) Aman Kekilow;
   b) Berdi Kerbabaýew;
   ç) Beki Seýtäkow.

3. **Japbaklaryň obasy:**

   a) Kösi; b) Bedirkent; ç) Durun.

4. **Ýaremezanyň aýdylýan döwri:**

   a) Gurban aýynda; b) Oraz aýynda; c) Baýram aýynda.

5. **Sanawaçlar nähili toparlara bölünýär?**

   a) sanawaçlaryň hemmesi diňe oýun bilen bagly;
   b) oýun bilen bagly we oturyp aýdylýan sanawaçlar;
   ç) sanawaçlar hiç hili topara bölünmeýärler.

6. **Okan ýerini, mugallymlaryny, halypalaryny ýatlap, olara minnetdarlyk bildirip ýazylan gosgy.**

   a) «Gözel, Şirgazy»; b) «Sen çölüň»; ç) «Orazym».

7. **Halk döredijiliginiň matal görnüşi baradaky dogry jogaby anyklaň.**

   a) gosgy görnüşinde düzülen sorag;
   b) çagany rahatlandyrmak, uklatmak üçin aýdylýan çeper bentler;
   ç) jogabyny oýlanyp tapmaly göçme manydaky sözler.



8. **«Ýolbars we tilki» basnýasyny ýazan şahyr:**

   a) Ata Salyh; b) Aman Kekilow; ç) Beki Seýtäkow.

9. **Aýazhan zalym patyşany nädip ýeňipdir?**

   a) mekirlik bilen; b) güýç bilen; ç) akyl-paýhas bilen.

10. **Meşhur «Türkmeniň» sygryny ýazan beýik türkmen klassyky şahyryň ýaşan ýyllary:**

    a) 1775–1836; b) 1770–1840; ç) 1733–1783.

11. ***Reň açar, hoş saýaly ...*** **Haýsy sygyrdan?**

    a) «Ak bugdaý»; b) «Bugdaý»; ç) «Sen çölüň».

12. **Gosgy görnüşinde düzülen sorag:**

    a) matal; b) tapmaça; ç) basnýa.

13. **Bahar paslyndaky türkmen tebigatyny wasp edýän sygyr:**

    a) «Sen çölüň»; b) «Gözel Şirgazy»; ç) «Bugdaý».

14. **Öz wäsiligi bilen tanalýan şahyr:**

    a) Kemine; b) Mätäji; ç) Seýdi.

15. **Rehmet Seýidow näme üçin «Awçy, atma jereni!» diýýär?**

    a) jeren adam ýaly ahyryn;
    b) jereni atsaň, möjekler goýun sürüsine çozar;
    ç) jeren, keýik – çölüň, tebigatyň bezegi.

16. **Tilkiniň keşbi arkaly berilýän adam häsiýeti:**

    a) gorkaklyk; b) açgözlülik; ç) mekirlik.

17. ***Uly iliň arkasy sen, ardy sen,***
    ***Çagagyň gocy sen, goçuň merdi sen.*** **Bu setirler haýsy eserden?**

    a) «Aýazhan»; b) «Mugallym»; ç) «Orazym».

18. *Ol merdiň ogludyr, mertdir pederi,*
*Görogly gardaşy, serhoşdyr seri.* **Bu setirleri ýazan şahyr:**

a) Magtymguly; b) Kemine; ç) Seýdi.

19. ***Obaň çetinden bardy,***
***Semiz bir horaz gördi.*** **Horazy gören:**

a) möjek; b) şagal; ç) tilki.

20. **Mugallyma sylag-sarpa, minnetdarlyk bildirip, sygyr ýazan şahyr:**

a) Berdi Kerbabaýew;
b) Berdinazar Hudaýnazarow;
ç) Rehmet Seýidow.

21. *Her kim öz hetdinden daşary gitse,*
*Ýüzün göge tutup, men-menlik etse,*
*Abraýdan düşer, masgara bolar.* **Haýsy eserden?**

a) «Aýazhan»;
b) «Şagal bilen horaz»;
ç) «Ýolbars we tilki».

22. *Biz-ä sizi baý gördük,*
*Tüýnügiňizden Aý gördük,*
*Altyn bilen apardyk,*
*Kümüş bilen gopardyk.* **Bu näme?**

a) ýaremezan; b) sanawaç; ç) tapmaca.

23. **«Aýazhan» erteki-poemasyny ýazan:**

a) Aman Kekilow;
b) Beki Seýtäkow;
ç) Berdi Kerbabaýew.

24. **Basnýa baradaky dogry pikir ýöretme:**

a) adam ahlagy haýwanlaryň üsti bilen açylyp görkezilýär;



b) köp adamyň gatnaşýan wakasy beýan edilýär;
ç) olar diňe haýwanlar hakynda, adamlara degişli däl.

25. ***Adamzatdan ýüz görmen*** **diýip ýazan şahyr:**

a) Seýdi; b) Kemine; ç) Mätäji.

### Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Düýe dyz, garynja yz, doňuz boýun*** matalynyň jogaby.
2. Japbak eline tüýkürmekçi bolanda, doganlara näme bolýar?
3. ***Bir daýhan ogul berene, iki sany molla ogul berjek!*** jümlesini kim aýdýar?
4. Haýsy şahyryň nähili basnýalaryny öwrendiňiz?
5. Öwrenilen erteki-poemada kim kimi (näme nämäni) suwa gark etmekçi bolýar?
6. ***Daşa gurt düşse, nädip aýyrmaly?*** Bu sorag kimlere berilýär?
7. Iki topar bolup, sanawaç aýdyşylyp oýnalýan oýun.
8. ***Atamdan hem babamdan***
***Eziz görýän men seni!*** Bu jümläni kim kime aýdýar?
9. ***Ýedi aý daýhan guwanjy*** hasaplanylýan ekin näme?
10. ... ... ... ..., ***Göteriler ol ykbaly türkmeniň.*** Goşgynyň şundan öňki setirini ýazyň.

## III çärýek

1. **Çagalary tebigaty söýmäge, ony gorap saklamaga çagyrýan eser:**

a) «Altyn okara»;
b) «Çarwa mergeniň gürrüňi»;
ç) «Dordepel».

2. **Daglara ýüzlenip, Magtymguly Pyragyny taryp eden türkmen şahyry:**
   a) Kerim Gurbannepesow;
   b) Berdinazar Hudaýnazarow;
   ç) Rehmet Seýidow.

3. **Gabawa düşen türkmenlere ajaýyp türkmen bedewiniň kömegi hakda powest ýazan ýazyjy:**
   a) Baýram Gurbanow;
   b) Çary Asyrow;
   ç) Ata Gowşudow.

4. **«Türkmenistanym» sygrynda:**
   a) Watançylyk kasamynyň many-mazmuny düşündirilýär;
   b) türkmeniň geçmişinden söz açylýar;
   ç) türkmen topragynyň baýlygy, genji-hazynasy wasp edilýär.

5. **«Pasyllaryň jedeli» eseriniň awtory:**
   a) Ýagmyr Pirgulyýew;
   b) Kaýum Taňrygulyýew;
   ç) Gara Seýitliýew.

6. **Gurbannazar Ezizowyň «Türkmen sährasy» sygry:**
   a) güýz paslynyň gözelligi barada;
   b) türkmen tebigatynyň bahar paslyndaky ajaýyp keşbi barada;
   ç) çölüň haýwanat dünýäsi barada.

7. **Ýazlynyň Kaýuma görkezen demir arabasy:**
   a) motosikl; b) traktor; ç) maşyn.

8. **Haýsy sygyr Magtymgulynyňky däl?**
   a) «Orazym»; b) «Türkmeniň»; ç) «Gözel Şirgazy».



9. **Bedew baýramçylygynyň bellenýän wagty:**
   a) apreliň ilkinji ýekşenbesi;
   b) apreliň üçünji ýekşenbesi;
   ç) apreliň soňky ýekşenbesi.

10. **Dordepeliň eýesi näme üçin ogluny aty bilen iberýär?**
   a) ogly Dordepeliň hemme häsiýetine belet;
   b) ogly köp galalara belet;
   ç) ogluny we atyny halas etmek üçin.

11. **Ahmediň taýynyň ady:**
   a) Dordepel; b) Melegus; ç) Sakar.

12. **Ýazlaga çykan gabawdaky türkmenlere ilkinji kömege gelen:**
   a) Däli batyr; b) Gara batyr; ç) Çopan batyr.

13. **Kaýum Taňrygulyýewiň «Altyn okara» eserinde haýsy döwür barada söhbet açylýar?**
   a) XX asyryň 20-nji ýyllary;
   b) Beýik Watançylyk urşy döwri;
   ç) XX asyryň 60-njy ýyllary.

14. **«Ene ýüregi» sygryny ýazan:**
   a) Gurbannazar Ezizow;
   b) Gurbandurdy Gurbansähedow;
   ç) Gara Seýitliýew.

15. **Bularyň haýsysy powest däl?**
   a) «Ahmediň taýy»;
   b) «Çarwa mergeniň gürrüňi»;
   ç) «Dordepel».

16. **Aşgabat ýer titremesinde ýogalan belli türkmen çagalar ýazyjysy:**
   a) Hajy Ysmaýylow;

b) Ata Gowşudow;
c) Baýram Gurbanow.

17. **1910–2003-nji ýyllar aralygynda ýaşan ýazyjy:**
a) Baýram Gurbanow;
b) Çary Aşyrow;
c) Rehmet Seýidow.

18. ***«Enäniň sanyna»* sygrynyň awtory:**
a) Gara Seýitliýew;
b) Berdinazar Hudaýnazarow;
c) Gurbandurdy Gurbansähedow.

19. **Beýik Watançylyk urşuna gatnaşmadyk ýazyjy:**
a) Kaýum Taňrygulyýew;
b) Hajy Ysmaýylow;
c) Çary Aşyrow.

20. **Dordepel baradaky wakany gürrüň beren:**
a) Nyýazmyrat aga;
b) Nyzameddin aga;
c) Nyýazsalyh aga.

21. **Kim kimden: *Dünýäniň durky nä? Aýdyp bersene!* diýip soraýar?**
a) şahyr çagadan;
b) çaga enesinden;
c) ene şahyrdan.

22. ***Mikola jan gijelerine düýşüme girýär.* Bu kimiň sözleri?**
a) Atanazar aganyň;
b) Sabyr ejäniň;
c) Anton aganyň.

23. **Bularyň ýaş taýdan kiçisi:**
a) Gurbannazar Ezizow;



b) Ata Gowşudow;
c) Kaýum Taňrygulyýew.

24. ***«Salam!» diýsem, «Salam!» diýip, Jogabymy beren daglar.* Daglar nädip jogap berip bilýärkä?!**
a) adam ýaly gepleýär;
b) ses ýaňlanýar;
c) şahyr ýalňysypdyr.

25. ***Atyň eýesi Dordepeliň jylawyny gönükdirdi-de: - ... - diýdi.* Köp nokadyň ýerine:**
a) Bar, oglum, Alla ýaryň!
b) Sag git-de, aman gel!;
c) Iki günden dolanyp gel!

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Sesiň goşup dutar, gyjak sazyna, Saýrar illerimiň şirin dilleri*** diýen setirler haýsy sygyrdan?
2. Ekizler kimiň ogly?
3. Atanazar aganyň gelen myhmanlara syn edip, sakgalynyň ujuny dişlemeginiň sebäbi nämede?
4. «Daglar» sygrynyň awtory kim?
5. Gargyly jülgesinde külbe dikinen Barsly mergeniň ady kim?
6. Howply ýagdaýda, duşman bilmez ýaly, türkmenler guýulary kimiň usuly boýunça gömýärler?
7. Ata Gowşudow näçenji ýyllar aralygynda ýaşap geçipdir?
8. «Şeýtan tigri» näme?
9. «Awçy, atma jereni!» sygryny ýazan şahyr kim?

10. *Beýle ýürek tapylmaz, ol gülden näzik, her derdi syzýar, derýa deý giň, oňa bir dünýä sygýar* ... Bu bölekler haýsy sygyrdan?

## IV çärýek

1. **«Türkmenistan» sygrynyň temasy:**

a) öwüt-nesihat; b) söýgi; ç) watançylyk.

2. ***Iliň agzy bolsa ala,***
***Işleri hem barmaz ýola,***
***Hiç bir zada gelmez laýyk*** – diýip başlanýan eseri ýazan:

a) Aleksandr Sergeýewiç Puşkin;
b) Iwan Andreýewiç Krylow;
ç) Frenk Baum.

3. **Krokodiliň günortanky nahary bolmakdan zordan sypan jandaryň düşen ýagdaýy:**

a) guýrugy ýolunýar;
b) holtumy uzalýar;
ç) boýny süýnýär.

4. ***Ene mähri ýaly nurdan hoşalaň,***
***Ata pähmi ýaly gordan hoşalaň.*** **Bu setirlerde:**

a) meňzetme bar; b) deňeşdirme bar; ç) kiçeltme bar.

5. **«Ädikli Pişik» eserinde miras paýlaşylanda, Pişik kime berilýär?**

a) doganlaryň ulusyna;
b) doganlaryň ortanjysyna;
ç) doganlaryň körpesine.

6. **«Ädikli Pişik» eseriniň awtory:**

a) doganlar Grimm; b) Redýard Kipling; ç) Şarl Perro.



7. **Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýatlamasynda doganlar bileleşip, kakasy üçin nähili sowgat taýýarlaýarlar?**

a) maňyz; b) tudana; ç) sänik.

8. ***Eşek, It, Pişik, Horaz*** – **bular haýsy eseriň gahrymanlary?**

a) «Kwartet»; b) «Bremen sazandalary»; ç) «Maugli».

9. ***Meniň bagym ebedilik çagalaryň oýnaýan ýerine öwrüler!*** **Bu jümle haýsy eserden?**

a) «Öz ýurduňyň jadygöýi»;
b) «Garasöýmez äpet»;
ç) «Ädikli Pişik».

10. **Tutuş adamzadyň ruhy baýlygy:**

a) milli edebiýat;
b) dünýä edebiýaty;
ç) ýaş şahyryň goşgulary.

11. **Iňlis ýazyjysy Redýard Kipling bilen Hindistanyň Bombeý şäheriniň näme baglanyşygy bar?**

a) onuň doglan ýeri;
b) syýahata giden ýeri;
ç) hiç hili baglanyşygy ýok.

12. **Iň soňunda gülleýän, ilkinji bolup hasyl berýän daragt:**

a) erik; b) alma; ç) tut.

13. ***Özgäniň ýerine aýak seken jenaýata çekiler.***
**Bu bildiriş haýsy eserden?**

a) «Ädikli Pişik»;
b) «Öz ýurduňyň jadygöýi»;
ç) «Garasöýmez äpet».

**14. Krokodiliň gözýaslary:**

a) ýalan gözýas;
b) çyn gözýas;
c) beýle gözýas bolmaýar.

**15. Kempiriň talap etmegi bilen goja tylla balykdan näçe gezek zat dileýär?**

a) 4; b) 5; c) 6.

**16. Dorotini, itini öýi bilen göteren tupan bulary haýsy ýurda getirýär?**

a) Gündogar ýurduna;
b) Demirgazyk ýurduna;
c) Günorta ýurduna.

**17. Jeňňeller kanunyna görä, gaplaň:**

a) aw edýän ýerini üýtgetmäge haky ýok;
b) islän ýerinde aw edip bilýär;
c) diňe jeňňelde aw etmeli.

**18. Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň ýaşan ýyllary:**

a) 1775–1836; b) 1799–1837; c) 1856–1900.

**19. Saz çalmakçy bolup, ony başarmadyk dörtler:**

a) Teneçir, Garynja, Guw, Balyk;
b) Eşek, It, Pişik, Horaz;
c) Maýmyn, Eşek, Geçi, Aýy.

**20. Garasöýmez Äpediň bagyndan Gysyň gitmezliginiň sebäbi:**

a) bagyň daşyna beýik haýat aýlany üçin;
b) ýazyň gelmeýändigi üçin;
c) çagalary bagyna goýbermeýändigi üçin.



**21. Tylla balyk näme üçin kempiriň soňky sargydyny bitirmeýär?**

a) Kempir hetden aşýar, öz çakyny bilmeýär.
b) Tylla balygyň oňa güýji ýetmeýär.
c) Kempiriň özi gelip soramaýar.

**22. Iwan Andreýewiç Krylowyň eseri:**

a) «Teneçir bilen garynja»;
b) «Şagal bilen Horaz»;
c) «Ädikli Pişik».

**23. Dorotiniň örän eý görýän iti:**

a) Boto; b) Kato; c) Toto.

**24. Jadygöýleriň Dorotä kömek etmeginiň sebäbi:**

a) Dorotiden gorkýarlar;
b) Dorotiden dynmak isleýärler;
c) Gündogaryň ýaman jadygöýinden adamlary halas edeni üçin.

**25. Bulardan haýsysy basnýaçy şahyr däl?**

a) Iwan Andreýewiç Krylow;
b) Beki Seýtäkow;
c) Ata Salyh.

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Garakçylary gorkuzyp, olary jaýyndan gaçyran dörtler.
2. *Guw, balyk hem leňňeç* näme üçin ýüki ýerinden gozgap bilmeýärler?
3. Möjekleriň arasyna düşen adam çagasy kim?
4. Tuduň ikinji hikmeti näme?
5. Piljagazyň ömründe görmedik jandary.

6. Garasöýmez Äpediň bagyndan gitmeýän myhmanlar.
7. Germaniýada ýaşap geçen dünýä belli ertekiçi ýazyjylar kimler?
8. ***Oňuber sol sazyň bilen,***
***Saz-söhbetli ýazyň bilen.*** Bu sözleri kim kime aýdýar?
9. Aýalynyň talap etmegi bilen goja balykçynyň tylla balykdan diläň zatlary näme?
10. ***Eý, meniň owadan, nowjuwan ýurdum,***
***Bagtyýar ýaşa sen Altyn asyrda.*** Bu setirler haýsy goşgudan?

## IV synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | A | B | B | Ç |
| 2 | C | A | A | B |
| 3 | Ç | Ç | Ç | B |
| 4 | B | B | Ç | A |
| 5 | A | B | A | Ç |
| 6 | B | A | B | Ç |
| 7 | B | Ç | B | A |
| 8 | Ç | A | A | B |
| 9 | A | Ç | Ç | B |
| 10 | Ç | Ç | A | B |
| 11 | B | B | Ç | A |
| 12 | A | B | B | Ç |
| 13 | A | A | B | Ç |
| 14 | B | A | Ç | A |
| 15 | B | C | A | B |
| 16 | Ç | Ç | A | A |
| 17 | Ç | Ç | B | A |
| 18 | A | A | Ç | B |
| 19 | A | B | A | Ç |
| 20 | Ç | B | A | Ç |
| 21 | B | Ç | Ç | A |
| 22 | B | A | Ç | A |
| 23 | A | B | A | Ç |
| 24 | Ç | A | B | Ç |
| 25 | Ç | B | A | B |



## Edebiýatdan IV synp üçin soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. «Ýüz tylla».
2. Durmuşy, hyýaly, haýwanlar hakynda.
3. «Akylly Ahmet».
4. Gumry, garga, ary, gurbaga, pil.
5. ***Gaty-gaty gepleme, çöpi çöpden çöpleme.*** Ýaňyltmaç.
6. Salamly bolmagy.
7. «Dört dost», «Akylly Ahmet».
8. Ýaňyltmaç.
9. Hudaýberdi gorkak.
10. «***..., köp okan biler***».

### II çärýek

1. Çekirtge.
2. Gurruk guýynyň düýbüne gaçýarlar.
3. Kemine.

4. Sargyt № 1641

4. Ata Salyh, «Ýolbars we tilki», «Şagal bilen horaz».
5. Tilki küýzäni.
6. Ýaremezançylara.
7. «Aýterek-günterek».
8. Tilki Möjege.
9. Bugdaý.
10. ***Bir suprada taýýar kylynsa aslar.***

## III çärýek

1. Gurbannazar Ezizowyň «Türkmen sährasy» sygryndan.
2. Gandym aganyň.
3. Mikolanyň kakasy Anton agany tanaýar.
4. Kerim Gurbannepesow.
5. Çöli mergen.
6. Keýmir köruň.
7. 1903–1953 ý.
8. Welosiped.
9. Rehmet Seýidow.
10. Gara Seýitliýewiň «Ene ýüregi» sygryndan.

## IV çärýek

1. Eşek, it, pişik, horaz.
2. Olar agzybir hereket etmeýärler.
3. Maugli.
4. Her bir işe hüşgär çemelesmeli.
5. Krokodil.
6. Gar, Aýaz, Demirgazyk şemaly, doly.
7. Doganlar Grimm.
8. Garynja Teneçire.
9. Täze kersen, ak tam, han aýaly, patyşalyk, deňiz soltanlygy.
10. «Türkmenistanym».



# V SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

**1. Nädogry ýazylan söz:**

a) gülkiniň; b) ýörite; ç) gaýdywsyz.

**2. Şu agzalaryň haýsysy ses emele getirmäge gatnaşmaýar?**

a) agyz, burun; b) dil, diş; ç) gulak, göz.

**3. Sesiň emele gelmegi üçin şularyň haýsysy gerek?**

a) howa; b) iýmit; ç) suw.

**4.** ***Suw akýar. Ak saçly.*** **Bellenen sözleriň dürli manyda gelmegine näme sebäp bolýar?**

a) bile gelen sözleri;
b) önde ýa-da yzda gelmegi;
ç) çekimlileriň uzyn ýa-da gysga aýdylmagy.

**5. Ses we harpyň san gatnaşygy:**

a) ses köp; b) harp köp; ç) ses we harpyň sany deň.

**6. Türkmen dilinde nähili sözlerde çekimli sesleriň inçe-ýogynlyk sazlaşygy saklanylmaýar?**

a) ähli sözlerde;
b) diňe alynma sözlerde;
ç) alynma we goşma sözlerde.

**7. Iki bogunly, birinji bogny açyk, çekimlileri gysga aýdylýan, soňlary *l, n, r, s, ş, z* seslerine gutarýan sözlere goşulma goşulanda, haýsy ýazuw düzgünine eýermeli?**

a) dymyk çekimsizleriň açyklaşma hadysasyna;

b) dar çekimlileriň düşmek düzgünine;
ç) dodak çekimlileriň ýazuw kadasyna.

8. *Etrap*. **Bu sözde inçe we ýogyn çekimlileriň garyşyp gelmeginiň sebäbi:**

a) könelişen söz; b) alynma söz; ç) goşma söz.

9. **Täze sözleriň goşulmalar arkaly ýasalyşy:**

a) morfologik söz ýasalyşdyr;
b) leksik söz ýasalyşdyr;
ç) sintaktik söz ýasalyşdyr.

10. **Türkmen diliniň sada sözlerinde dar dodak çekimlileri:**

a) diňe birinji bogunda ýazylýarlar;
b) birinji we ikinji bogunlarda ýazylýarlar;
ç) eşidilen ýerlerinde ýazylýarlar.

11. **Degişli ýagdaýda ikinji bogundan haýsy sesler düşürilýär?**

a) giň çekimliler;
b) gysga aýdylýan dar çekimliler;
ç) uzyn aýdylýan dar çekimliler.

12. **Haýsy sözde dymyk çekimsizleriň açyklaşma ýagdaýy bolupdyr?**

a) ekmedik; b) çogup; ç) öwüdi.

13. **Sonorly sesler:**

a) sap galmagaldan ybarat;
b) owazy galmagaldan köp;
ç) sap owazdan ybarat.

14. **Goşulmalar ýerine ýetirýän hyzmaty boýunça haýsy toparlara bölünýärler?**

a) toparlara bölünmeýärler;
b) düşüm we ýöňkeme goşulmalary;
ç) söz ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalar.



15. *Gyzyl alma*. **Bu näme?**

a) söz düzümi;
b) ýygnak ýönekeý sözlem;
ç) ýaýraň ýönekeý sözlem.

16. **Goşulmalar nähili grammatik hyzmaty ýerine ýetirýärler?**

a) hiç hili grammatik hyzmaty ýok;
b) diňe sözlemde sözleri baglanyşdyrýarlar;
ç) täze manyly sözleri ýasamaga ýa-da söz düzüminde, sözlemde sözleri özara baglanyşdyrmaga kömek edýärler.

17. **Sözlemler gurluşy taýyndan haýsy toparlara bölünýärler?**

a) ýönekeý we goşma;
b) sada we goşma;
ç) habar, sorag, ýüzlenme.

18. **Haýsysy tapawutly?**

a) ümlükler; b) çalyşmalar; ç) atlar.

19. **Goşma sözleri hasyl edýän sözler biri-birini aýyklaýarmy?**

a) aýyklap hem biler, aýyklaman hem;
b) aýyklaýar;
ç) aýyklamaýar.

20. ***Meýdan, kitap, radio*** **ýaly sözlere goşulmalar nämä esaslanyp goşulýar?**

a) öz islegiňe görä;
b) şeýle sözleriň birinji bognunyň çekimlisine garap;
ç) soňky bognuň çekimlisine esaslanyp.

**21. Atlar hakynda pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) atlar zatlary, düşünjeleri aňladyp, kim?, näme?, nire? diýen soraglara jogap bolýarlar.
b) atlar san, degişlilik we düşüm goşulmalaryny kabul etmeýärler.
ç) atlar sözlemde baş we aýyklaýjy agzalaryň ornunda gelip bilýärler.

**22. *Kim*? diýen soraga jogap bolýan atlar:**

a) atlaryň hemmesi;
b) adam atlary, adamy aňladýan atlar;
ç) has atlaryň ählisi.

**23. Atlaryň many aýratynlyklary taýdan toparlary:**

a) asyl we ýasama atlar;
b) has we jyns atlar;
ç) sada we goşma atlar.

**24. Pikir ýöretmeleriň haýsysy dogry?**

a) jyns atlar umumy düşünjäni aňladýan atlardyr.
b) jyns atlar ýeke-täklikdäki düşünjäni aňladýan atlardyr.
ç) jyns atlaryň ilkinji harpy baş harp bilen ýazylýar.

**25. *Aşgabatly* diýen söz:**

a) jyns at; b) has at; ç) ikisem däl.

## Türkmen dilinden I cärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Soňlary *l, n, r, s, ş, z* seslerine gutaran, birinji bogny açyk ...
Haýsy ýazuw kadasy barada pikir ýöredilip başlanypdyr?



2. ***Bidäne, näbelet.*** Bu sözlerde goşulmalaryň haýsy görnüşi bar?
3. ***Sözüň soňunda y, i sesleri uzyn aýdylsa, ...*** Dowamyny ýazyň.
4. ***Güýz, düýn, guýkyndy.*** Ýalňyş ýazylan söz haýsy?
5. ***Uly, süri*** ýaly sözleriň soňundaky ***y, i*** sesleri birinji we ikinji ýöňkemede näme üçin dodaklandyrylmaýar?
6. ***Düşün, ömür, çigit*** – dar çekimlisi düşürilmeýän sözleri tapyň.
7. ***Bossan, otyr, görýär, tozap*** ýaly sözler aýdylanda, näme üçin dodak çekimlileriň sazlaşygyna eýerilmeýär?
8. Goşma sözleriň düzümindäki sözler nähili ýazylýar?
9. ***Daşogzuň, baggoýnuň*** sözlerinde nähili ses özgerişligi bolupdyr?
10. Goşulmalaryň sözlere goşulyş tertibini ýazyň.

### Derňew

***Leksika*** **sözüni doly fonetik derňew ediň.**

## II cärýek

**1. Haýsysy dogry?**

a) has atlaryň ilkinji harpy baş harp bilen ýazylýar;
b) diňe adamlara dakylýan has atlaryň ilkinji harpy baş harp bilen ýazylýar;
ç) has atlaryň ilkinji harpy diňe sözlemiň başynda baş harp bilen ýazylýar.

**2. Atlara san, düşüm, ýöňkeme goşulmalary haýsy tertipde goşulýarlar?**

a) san, düşüm, ýöňkeme;

b) ýöňkeme, san, düşüm;
ç) san, ýöňkeme, düşüm.

3. **Haýsy jogap sözleriň gurluş taýdan bölünişine degişli däl?**

a) sada we goşma sözler;
b) alynma we asyl sözler;
ç) tirkeş we düzme sözler.

4. ***Aga, jan, eje, ene, ata, han, beg* ýaly sözler nähili ýagdaýda özünden öň ýa soň gelen sözler bilen goşulyp ýazylýarlar?**

a) has adyň bir bölegi bolup gelenlerinde;
b) has adyň bir bölegi bolman gelenlerinde;
ç) hiç hili ýagdaýda goşulyp ýazylmaýar.

5. ***TDU, DIM, ABŞ, GDA* ýaly gysgaldylan goşma sözlere goşulmalar nämä esaslanyp goşulýar?**

a) sözüň düzümindäki çekimsiziň aýdylyşyna görä;
b) sözüň düzüminde bar bolan çekimli sese görä;
ç) bu sözlere goşulma goşulmaýar.

6. ***Suw, halk, saç* sözleri:**

a) birlik sany aňladýar;
b) köplük sany aňladýar;
ç) hem birlik, hem köplügi aňladýar.

7. ***Gummat, Numat, Gemmat* – bular:**

a) sada sözlerdir;
b) gysgaldylan goşma sözlerdir;
ç) sözler nädogry ýazylypdyr.

8. **Atlaryň haýsylary islikden ýasalan?**

a) işçi, ýoldaş;
b) bogun, iýmit;
ç) ýylpyldy, güwwüldi.



9. ***Aman dagy gelipdir. Dagy* sözi nähili hyzmaty ýerine ýetirýär?**

a) degişliligi aňladýar;
b) düşümi aňladýar;
ç) köplük sany aňladýar.

10. **Düşüm goşulmalary nähili hyzmaty ýerine ýetirýär?**

a) täze söz ýasaýar;
b) sözlemde sözleri baglanyşdyrýar;
ç) köplügi aňladýar.

11. **Sintaktik ýol bilen ýasalan sözler:**

a) düýedaban, iru-giç;
b) balykçy, betgylyk;
ç) üzüm, Üzümgül.

12. **Eýelik düşümde gelen atlar sözlemde, esasan, haýsy agza bolup gelýär?**

a) aýyrgyç; b) doldurgyç; ç) baş agza.

13. ***Atlar degişlilik, san, düşüm goşulmalaryny kabul edýärler.***
**Atlaryň haýsy aýratynlygy barada pikir ýöredilipdir?**

a) atlaryň gurluş aýratynlygy;
b) atlaryň grammatik aýratynlygy;
ç) atlaryň many aýratynlygy.

14. ***Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan* – bu haýsy topara degişli?**

a) goşma atlar;
b) gysgaldylan goşma atlar;
ç) düzme atlar.

15. *Mollanepesiň, Nurmuhammet Andalybyň ýubileý toýlarynyň il-halk bilen dabaraly bellenendigi barada TDH habar berdi.*
**Sözlemde gurlusy taýdan haýsy sözler ýok?**

a) sada, gosma, tirkes sözler;
b) gysgaldylan gosma we düzme sözler;
ç) hemmesi hem bar.

16. **Haýsy jogapda tahallus (lakam) bar?**

a) Magtymguly Pyragy, Nurmuhammet Andalyp, Mämmetweli Kemine;
b) Jemal daýza, Sabyr eje, Atanazar aga;
ç) Annaguly süriiji, Gurban suwçy.

17. *Köşk ýasawullary goja ýumruk saldylar* (A. S. Puşkin).
**Sözlemde baş düşümde gelen näçe sany at bar?**

a) 3; b) 2; ç) 1.

18. **Bogunlaryň görnüşleri:**

a) açyk, dymyk; b) açyk, ýapyk; ç) dymyk, ýapyk.

19. **Haýsy jogapda ýasama atlar ýazylypdyr?**

a) çörek, howa, adam, habar;
b) bagban, ýazuw, bogun, damja;
ç) obadan, elinde, kebelegiň, toklusy.

20. **Söz ýasaýjy goşulmalar:**

a) sözüň diňe soňundan goşulýar;
b) sözüň diňe öňünden goşulýar;
ç) sözüň öňünden hem, yzyndan hem goşulyp bilner.

21. *TDP, BMG, MGK* **ýaly gysgaldylan gosma sözlere goşulmalar nämä esaslanyp goşulýar?**

a) sözleriň ilkinji çekimsiziniň aýdylyşyna görä;



b) sözleriň soňky çekimsiziniň aýdylyşyna görä;
ç) bu sözlere goşulma goşulmaýar.

22. *Oglanjyk, Jerenjik, gusjagaz.* **Bu sözlerdäki goşulmalar:**

a) düşümi aňladýar;
b) sany aňladýar;
ç) söýgülik derejäni aňladýar.

23. *Daşlary syndyrar, ýoly baglanmaz ...* (Magtymguly).
**Olluk ýöňkemede gelen söz:**

a) ýoly; b) daşlary; ç) beýle söz ýok.

24. **Haýsy jogap ýalňyş?**

a) otluçöp, toklylar;
b) Agöýli, agajet;
ç) gelnalyjy, boýnonurga.

25. – *Al, guzym, utanma-da, iýiber!* **Sözlemdäki** ***guzym*** **sözi nämäni aňladýar?**

a) goýnuň guzusyny;
b) göçme manyly sözi;
ç) hiç hili many aňlatmaýar.

## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. *Ýag, galam, süýt* – köplük sany aňlatmaýan sözi anyklaň.
2. Üýtgediji goşulmalar sözüň niresinden goşulýar?
3. *Düşekçe, Nabat eje, inerim, Geldijik, Oraz pälwan* – söýgülik derejäni we söýgüligi aňlatmaýan sözi tapyň.
4. *Olar, alar, obalar* – sözleriň haýsysynda köplük sany aňladýan goşulma ýok?

5. Adamyň gylyk-häsiýeti, endigi, daş sypaty bilen bagly oňa özgeleriň dakan ady.
6. ***Asyr goýun bakýar.*** Bu sözlemdäki ýeňiş düşüminde gelen söz haýsy?
7. ***Gaslary gara, gara gazan, gazanyň garasy.*** Haýsysynda ***gara*** sözi at hyzmatynda gelipdir?
8. Atlar haýsy düşümlerde gelende, sözlemde doldurgyç hyzmatyny ýerine ýetirýär?
9. ***Aman düýe çal içdi.*** Bu sözlemdäki ***düýe, çal*** sözleri haýsy düşümde?
10. Köplük san goşulmalary haýsylar?

## Sözlem derňewi

***Täze Galkynyş zamanynda ýaşlara edep-terbiýe bermekde uly işler alnyp barylýar* diýip, TDH-niň habarynda aýdylýar.**

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. ***Galkynyş, edep-terbiýe*** sözleri haýsy düşümde?
2. Ýönkeme goşulmasyny kabul eden atlar haýsylar?
3. Ýasama atlary tapyň.
4. ***Ýaşlar, işler*** sözlerinde atlaryň haýsy grammatik aýratynlygy ýüze çykypdyr?
5. ***Alnyp barylýar*** işligini aýyklap gelen sözleri tapyň.
6. Gurlusy taýdan nähili at ýok?
7. Kada laýyklykda dar çekimlisi düşen söz.
8. Düzme ady tapyň.
9. *TDH* sözüne näme üçin *-iň* däl-de ***-niň*** goşulmasy goşulypdyr?
10. ***Zamanynda, habarynda*** sözlerinde näme üçin wagt-orun düşüminiň ***-nda*** goşulmasy ulanylypdyr?



## III çärýek

**1. *Ýagşy* sözüniň sypat bolup gelen sözlemini tapyň:**

a) Aman ýagşy okaýar.
b) Amanyň okaýşy ýagşydyr.
c) Ýagşy oglan okaýşyndan bellidir.

**2. Hil aňladýan sypatlar?**

a) otluk, bilimli, nädogry;
b) gyzyl, batyr, süýji;
c) ilerki, düýnki, öýdäki.

**3. Sypatlaryň kiçeltme-söýgülik derejesiniň goşulmalary haýsylar?**

a) -ja, -je, -jagaz;
b) -jyk, -jik, -jagaz;
c) -ja, -je, -jyk, -jik, -jak, -jek.

**4. Düýp derejedäki sypat:**

a) sar gara; b) görmegeý; c) ýukajyk.

**5. Pikir ýöretmeleriň haýsysy ýalňyş?**

a) Sypatlar, köplenç, aýyklaýan adynyň yzyndan gelýär.
b) Sypatlar sözlemde, esasan, aýyrgyç bolup gelýärler.
c) Sypatlar san, degişlilik goşulmalaryny kabul etmeýärler.

**6. *Gögümtil, turşumtyk* sypatlary haýsy derejede?**

a) artyklyk; b) kemlik; c) söýgülik.

**7. Alynma sypatlar:**

a) arifmetiki (mysal), matematiki (aňlatma), himiki (element);
b) adaty (işler), hoşgylaw (ýigit), agzybir (maşgala);
ç) sargylt (mata), göm-gök (asman), örän ýagşy (okuwçy).

8. *Ýüpek köýnek, bugdaý çörek, çoýun gazan.* Aşagy çyzylan sözler:

a) eýelik düşümde gelen atlardyr (goşulmasyz görnüşi);
b) otnositel sypatlardyr;
ç) hil sypatlarydyr.

9. Gurluş (morfologik) ýoly bilen ýasalan sypaty anyklaň:

a) obadaky; b) irigöz; ç) örküç-örküç.

10. Haýsysy hil sypat däl?

a) arassaja; b) ulurak; ç) dünýki.

11. Sypatlara san, degişlilik ýa-da düşüm goşulmasy goşulaýsa, onda:

a) olar özleriniň sypatlyk häsiýetlerini ýitirmeýärler;
b) olar atlaşýarlar;
ç) olar işlik hyzmatyny ýerine ýetirýärler.

12. Sypatlar many taýdan haýsy toparlara bölünýärler?

a) asyl we ýasama sypatlar;
b) hil we otnositel sypatlar;
ç) sada we goşma sypatlar.

13. *Bi, bet, nä* sypat ýasaýjy goşulmalaryň aýratynlygy:

a) diňe ince çekimlili sözleriň yzyndan goşulýarlar;
b) ince we ýogyn çekimlili sözleriň öňünden goşulýarlar;
ç) diňe ýogyn çekimlili sözleriň yzyndan goşulýarlar.

14. Sanlaryň aňladýan manylaryna görä toparlary:

a) sada, goşma we tirkeş;
b) jübüt we täk;
ç) mukdar we tertip.



15. *Million, milliard* – bu sanlar aşakdaky toparlaryň haýsysyna degişli?

a) çen-takmyn sanlar;
b) tertip sanlar;
ç) alynma sanlar.

16. Alynma sanlary hasaba almasaň, ähli sanlary aňlatmak üçin, türkmen dilinde näçe söz ulanylýar?

a) 10 söz; b) 20 söz; ç) 100 söz.

17. Biziň ulanýan adaty san belgilerimiziň asly haýsy ýazuwa degişli?

a) arap; b) latyn; ç) rus (krillisa).

18. *Bir okuw ýyly dört çärýekden ybarat.* Bölek san:

a) bir; b) dört; ç) çärýekden.

19. Bölek sanlaryň düzümindäki sözler:

a) goşulyp ýazylýar;
b) aýry-aýry ýazylýar;
ç) çyzyjakly ýazylýar.

20. Çen-takmyn sany belläň:

a) bir ýarym; b) birküç; ç) birinji.

21. Topar sanlary anyklaň:

a) ýediden iki, üç bitin dörtden bir;
b) üç ýüz altmyş bäş gün, iki müň sekizinji ýyl;
ç) üçüsi geldi, ikiden ýetdi, dört-dörtden durdular.

22. *On bir, ýigrimi bäş, ýedi ýüz elli alty.* Bular gurluş taýdan:

a) sada sanlar; b) düzme sanlar; ç) goşma sanlar.

23. *On on bäş günden geler.* Aşagy çyzylan söz:

a) bitin mukdar san; b) bölek san; ç) çen-takmyn san.

24. Ýalňyş ýazylan söz:

a) çym-gyzyl; b) göm-gök; ç) agrak.

25. Goşma sanlar:

a) altmyş, ýetmiş;
b) birküç, segsen;
ç) bäş ýüz elli alty.

## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Sypatlaryň gurluşy boýunça toparlaryny ýazyň.
2. Doldurgyçlar haýsy düşümde gelip bilmez?
3. Reňk,tagam bildirýän sözler manylary boýunça sypatlaryň haýsy toparyna degişli?
4. *-njy, -nji* goşulmalary goşulmaýan san belgileri.
5. *Böri, guýy* sözleriniň ikinji bogny haýsy ýöňkemelerde dodaklandyrylman ýazylýar?
6. *Ýaryş, bölün, agyl, gawun* ýaly sözlerde ikinji bogundaky gysga aýdylýan *y, i, u, ü* dar çekimlileriniň düşürilmezliginiň sebäbi nämede?
7. *Symgylt, gögümtil, süýjümtik* – bular sypatlaryň haýsy derejesine degişli?
8. Asyl sypatlar many taýdan nähili sypat bolýar?
9. Nol bilen biriň arasynda nähili mukdar sanlar bar?
10. Sypatlaryň haýsy topary dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmeýärler?



## Sözlem derňewi

***2010-njy ýylda türkmen halkynyň ajaýyp şahyry Mollanepesiň iki ýüz ýyllyk toý dabarasy güneşli diýarymyzda giňden bellendi.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Hil bildirýän sypaty tapyň.
2. Manysy boýunça tertibi görkezýän san haýsy?
3. Morfologik ýol bilen ýasalan sypaty tapyň.
4. Mukdar görkezýän sany tapyň.
5. Gurluş taýdan nähili atlar bar?
6. Doldurgyç bolup gelen san.
7. ***Türkmen, güneşli*** – bular many taýdan nähili sypatlar?
8. ***Iki ýüz ýyllyk*** – sözlemde haýsy agza bolup gelýär?
9. ***Türkmen, toý*** sözleri haýsy düşümde?
10. Ýöňkeme goşulmasyny kabul eden atlary tapyň.

# IV çärýek

1. **Hem söz, hem belgi bilen aňladyp bolýan söz topary:**

a) sypat; b) çalyşma; ç) san.

2. **Däp-dessur bilen baglanyşykly sanlar:**

a) beýle sanlar bolmaýar;
b) üç, ýedi, dokuz, kyrk;
ç) ýigrimi, segsen, müň.

3. **Düzme çalyşmany tapyň:**

a) birentek; b) her biri; ç) birisi.

4. **Mukdar sanlaryň görnüş toparlary:**

a) mukdar we tertip sanlar;

5. Sargyt № 1641

b) sada, gosma we tirkeş sanlar;
ç) bitin, bölek, çen-takmyn, topar.

**5. Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda çen-takmyn san bar?**

a) Gözel eje togsan ýaşynda.
b) Ol şu ýyl öz doglan gününi togsanynjy gezek belledi.
ç) Berdi aganyň hem ýaşy togsana golaýlady.

**6. *Men onuň bu aýdanlarynyň birentegini öz ýazgymda peýdalandym.* Bu sözlemde näçe sany çalyşma bar?**

a) 5; b) 4; ç) 3.

**7. Birlik sandaky at çalyşmalary haýsy düşümde morfologik taýdan uly özgerişe sezewar bolýar?**

a) ýöneliş düşümde;
b) ýeňiş düşümde;
ç) çykyş düşümde.

**8. Haýsy jogapda görkezme çalyşmasy ýazylypdyr?**

a) maňa, seni; b) özümde; ç) muny, şondan.

**9. Mukdar bilen baglanyşykly çalyşmalar:**

a) sypatlyk çalyşmalary;
b) san çalyşmalary;
ç) nämälim çalyşmalar.

**10. Çalyşmalaryň many toparlary haýsy jogapda doly we dogry berlipdir?**

a) at, sypat, san, hal çalyşmalary;
b) köplük-azlyk, barlyk-ýokluk, hil çalyşmalary;
ç) at, görkezme, sorag, özlük, nämälim, san, sypatlyk çalyşmalary.

**11. *Birnäçe, niçik, pylany, hiç* haýsy söz toparyna degişli?**

a) çalyşmalara; b) sanlara; ç) atlara.



**12. Diňe bir sözden ybarat çalyşma:**

a) at çalyşmasy;
b) özlük çalyşmasy;
ç) san çalyşmasy.

**13. Klassyky edebiýatda goşulma hyzmatynda ulanylan çalyşmalar:**

a) men, sen, biz, siz;
b) kim, näme, nire;
ç) her, hiç.

**14. Degişlilik goşulmasyny kabul etmeýän çalyşmalar:**

a) görkezme çalyşmalary;
b) at çalyşmalary;
ç) nämälim çalyşmalar.

**15. Üýtgedijі goşulmalary kabul etmeýän çalyşmalar:**

a) ol, şol; b) bu, şu; ç) neneň, niçik.

**16. *Kimdir biri, nämedir bir zat.* Bular haýsy çalyşmalar?**

a) san çalyşmalary;
b) sypatlyk çalyşmalary;
ç) nämälim çalyşmalar.

**17. *Batyr söweşde belli.* Mysaldaky sypatlar sözlemiň:**

a) eýesi we aýyrgyjy;
b) doldurgyjy we habary;
ç) eýesi we habary.

**18. *Olar şol gün bize gelipdiler.* Sözlemde näçe sany at çalyşmasy bar?**

a) 3; b) 2; ç) 1.

**19. *Oba-oba söküp, müň gapydan tapyp bilmedigim* (*N. Saryhanow*). Sözlemdäki san:**

a) asyl san;

b) ýasama san;
ç) alynma san.

20. **Sypatlyk çalyşmany añlatmaga kömek edýän sözler:**
a) iñ, has; b) kim, biri; ç) hiç, her.

21. **Mysallaryñ haýsysynda *men* çalyşmasy goşulma hyzmatynda gelipdir?**
a) Adybeg edermen ýigit bolup ýetişdi.
b) «Ýat kylarmen Göroglyny, Zamany» (*Seýitnazar Seýdi*).
ç) Bir desse çemen baglady.

22. ***Öz* gaýdym çalyşmasynyñ eýe bolup gelen sözlemi:**
a) Öz gününi özi dolandyrýar.
b) Öz-özünden başagaý bolup ýör.
ç) Bu gelýän hut Aşyryñ özüdir.

23. **Haýsy pikir ýöretme nädogry?**
a) at çalyşmalary atlar ýaly düşüm bilen üýtgeýär;
b) at çalyşmalary atlar ýaly degişlilik goşulmalaryny kabul edýärler;
ç) *men, sen, biz, siz* at çalyşmalary san goşulmasyny (-ler) kabul etmeýärler.

24. ***Merw şäheri biziñ eramyzdan öñki I asyryñ ortalaryn-da döräpdir.* Bu sözlemdäki I san belgisi nähili okalmaly?**
a) bir; b) birinji; ç) ilkinji.

25. ***Aýtsana, gadyrdan, nemeleriñ öýi nirede?* Aşagy çyzylan söz haýsy çalyşma?**
a) san çalyşmasy;
b) jemleýji çalyşma;
ç) nämälim çalyşma.



### Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Sözlemde ***ol*** sözüniñ görkezme çalyşmadygyny nädip bilmeli?
2. ***Her, hiç*** çalyşmalaryny düşümde nädip üýtgetmeli?
3. ***Araba, ýazuw, kömelekler*** – haýsysy ýasama söz?
4. ***Muña*** çalyşmasynyñ asyl sözüni ýazyñ.
5. Gysgaldylan goşma sözler haýsy söz toparyna mahsus?
6. Düzme sanlar nähili ýazylýar?
7. At çalyşmalarynyñ haýsysy baş düşümden beýleki düşümlerde morfologik taýdan uly özgerişe duçar bolýar?
8. ***Her hili, hiç haýsy*** – bular çalyşmalaryñ haýsy toparyna degişli?
9. ***-jagaz*** goşulmasy haýsy ýazuw düzgünine boýun egenok?
10. ***Maña, muny, özümde, şondan, seni*** – görkezme çalyşmalaryny saýlap ýazyñ.

### Sözlem derñewi

***Ol özüniñ bütin ömründe kimdir birine hiç haçan aýtmadyk bu pikirini nähili dile getirjegini bilmedi.***

(1–10-njy soraglar esasynda derñelýär.)

1. Sorag çalyşmasyny tapyñ.
2. Düzme çalyşmalary tapyñ.
3. Görkezme çalyşmasyny tapyñ.
4. Düşüm goşulmasyny kabul eden çalyşmalar haýsylar?
5. Sypatlyk çalyşmasyny tapyñ.

6. Sözlemde aýyrgyç bolup gelen çalyşmalary ýazyň.
7. San çalyşmasyny tapyň.
8. Çekimlileriň dodaklanma sazlaşygyna eýerip gelen çalyşmalary tapyň.
9. Sözlemiň eýesi bolup gelen çalyşma many taýdan haýsy görnüşe degişli?
10. Nämälim çalyşmany tapyň.

## V synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | Ç | A | Ç | Ç |
| 2 | Ç | Ç | B | B |
| 3 | A | B | Ç | B |
| 4 | Ç | A | B | Ç |
| 5 | A | B | A | Ç |
| 6 | Ç | B | B | A |
| 7 | B | B | A | A |
| 8 | B | B | B | Ç |
| 9 | A | Ç | A | B |
| 10 | B | B | Ç | Ç |
| 11 | B | A | B | A |
| 12 | Ç | A | B | B |
| 13 | B | B | B | A |
| 14 | Ç | Ç | Ç | B |
| 15 | A | Ç | Ç | Ç |
| 16 | Ç | A | B | Ç |
| 17 | A | Ç | A | Ç |
| 18 | A | B | Ç | B |
| 19 | Ç | B | B | A |
| 20 | Ç | Ç | B | Ç |
| 21 | B | B | Ç | B |
| 22 | B | Ç | B | A |
| 23 | B | A | Ç | B |
| 24 | A | A | A | B |
| 25 | A | B | B | Ç |



## Türkmen dilinden V synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. Dar çekimlileriň düşmek düzgüni.
2. Söz ýasaýjy goşulmalaryň görnüşleri bar.
3. ... onda, onuň soňundan ***ý*** ýazylýar.
4. Ýalňyş ýazylan söz ýok, hemmesem dogry.
5. Uzyn aýdylýanlygy üçin.
6. ***Düşün, çigit.***
7. Ikinji bogundaky çekimliniň uzyn aýdylýandygy üçin.
8. Goşulyp ýazylýarlar.
9. Dar çekimlileriň düşmegi we dodaklanmagy.
10. Ilki ýasaýjy goşulmalar, soň üýtgedij goşulmalar.

### Derňew

**Leksika** – üç boguny (lek-si-ka) söz; birinji bogny ýapyk, soňky bogunlary açyk, basym birinji bogna düşýär.

l – çekimsiz, dilujy, süýkeş, açyk.

e – çekimli, ince, giň, dodaklanmaýan, şu ýerde uzyn aýdylýar.
k – çekimsiz, dilardy, zarply, dymyk.
s – çekimsiz, dilujy, süýkeş, dymyk.
i – çekimli, ince, dar, dodaklanmaýan, şu ýerde gysga aýdylýar.
k – çekimsiz, dilardy, zarply, dymyk.
a – çekimli, ýogyn, giň, dodaklanmaýan, şu ýerde gysga aýdylýar.

## II çärýek

1. ***Galam.***
2. Sözüň diňe soňundan goşulýarlar.
3. ***Oraz pälwan.***
4. ***Alar.***
5. Lakam.
6. ***Goýun.***
7. ***Gazanyň garasy.***
8. Baş we eýelik düşümlerden beýleki düşümlerde.
9. ***Düýe*** – eýelik düşümde, ***çal*** – ýeňiş düşümde.
10. ***-lar, -ler.***

## Sözlem derňewi

1. Galkynyş – eýelik düşümiň, edep-terbiýe – ýeňiş düşümiň goşulmasyz görnüşi.
2. Zamanynda,habarynda.
3. Galkynyş, edep-terbiýe, TDH.
4. San goşulmasyny kabul edipdirler.
5. Täze Galkynyş zamanynda, bermekde, işler.
6. Goşma.
7. Alnyp.



8. Täze Galkynyş zamanynda.
9. Diňe çekimsizlerden düzülen gysgalan atlara onuň soňky harpynyň aýdylyşyna esaslanyp, goşulma goşulýar.
10. III şahs degişlilik goşulmasyndan soň goşulany üçin.

## III çärýek

1. Sada, goşma, tirkeş, düzme.
2. Baş we eýelik düşümde.
3. Hil sypatlaryna.
4. Rim san belgileri.
5. Birinji we ikinji ýöňkemelerde.
6. Birinji bogundaky çekimli sesler uzyn aýdylýar.
7. Kemlik derejesine.
8. Hil sypatlary.
9. Bölek sanlar bar.
10. Otnositel sypatlar.

## Sözlem derňewi

1. **Ajaýyp.**
2. **2010-njy.**
3. **Güneşli.**
4. **Iki ýüz.**
5. Sada we goşma.
6. **2010-njy ýylda.**
7. Otnositel.
8. Aýyrgyç.
9. Eýelik düşümiň goşulmasyz görnüşinde.
10. Halkynyň, şahyry, dabarasy, diýarymyzda.

## IV çärýek

1. *Haýsy*? diýen soraga jogap bolmaly.
2. Düşümde üýtgetmek üçin, öňürti ýöňkeme gošulmasyny goşmaly.
3. **Ýazuw.**
4. **Bu.**
5. Atlara.
6. Aýry-aýry.
7. **Ol.**
8. Sypatlyk çalyşmalara.
9. Çekimlileriň inçe-ýogynlyk sazlaşygyna.
10. **Muny, şondan.**

## Sözlem derňewi

1. Nähili.
2. Kimdir birine, hiç haçan.
3. Bu.
4. Öz üniň, kimdir birine.
5. Hiç haçan.
6. Özüniň, bütin, bu, nähili.
7. Bütin.
8. Özüniň, bütin.
9. *Ol* – at çalyşmasy.
10. Kimdir birine.



# V SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

**1. Pikir ýöretmeleriň haýsysy dogry?**

a) labyzly okalýan goşgulara aýdym diýilýär.
b) ýörite heň bilen aýdylýan goşgulara aýdym diýilýär.
ç) rollar boýunça okalýan goşgulara aýdym diýilýär.

**2. Monjugatdylar kimler tarapyndan aýdylýar?**

a) köpçülik tarapyndan;
b) oglan-gyzlar tarapyndan;
ç) gyz-gelinler tarapyndan.

**3. «Manyly gep» şorta sözi:**

a) Kemine hakynda;
b) Ata Köpekmergen hakynda;
ç) Baba lakgy hakynda.

**4. «Hatap galasy» rowaýaty kim hakynda?**

a) Keýmir kör hakynda;
b) Kemine hakynda;
ç) Myraly hakynda.

**5. Toý aýdymlary:**

a) aýdymlar; b) öleňler; ç) hüwdüler.

**6. Halk aýdymy haýsy jogapda ýazylan?**

a) «Geliň, ýigitler»;
b) «Ýigide»;
ç) «Watanym».

7. **«Garraýança duraýynmy?», «Özümem ýiterdim» ... Bular:**

a) sorta söz;
b) rowaýat;
ç) basnýa.

8. **Bularyň haýsysy belli sortaçy?**

a) Pyhy Tagan;
b) Taňryguly Tagan;
ç) Şamyrat Tagan.

9. *Örüsi ýaýrap gepiň,*
*Wagtyny alar köpüň.* **Haýsy eserden?**

a) «Ýazlarym bar»;
b) küstdepdi;
ç) «Iki agaç».

10. **Bu setirleriň haýsysy «Watanym, seni» sygryndan?**

a) «Bilbil seýda bolar täze güllerde»;
b) «Ýada düşer ajap döwranly çaglar»;
ç) «Gözelleri bardyr altyn-kümüşli».

11. **«Gazal aýt» diýlende:**

a) monjugatdy aýdylýar;
b) öleň aýdylýar;
ç) küstdepdi aýdylýar.

12. *Altyn gabak atylan*
*Öýüň bolsun, ýar-ýar.*
*Jemendäni jem eden*
*Toýuň bolsun, ýar-ýar.* **Bu bent:**

a) toý aýdymy;
b) küstdepdi;
ç) monjugatdy.



13. *Çeşme-çeşme, çeşdim, ýar,*
*Salam berip geçdim, ýar!*
*Şu salamym almasaň,*
*Men hem senden geçdim, ýar!*
**Bu aýtgy halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişli?**

a) toý aýdymy;
b) halk aýdymy;
ç) monjugatdy.

14. **Degişme ýa tankydy häsiýetli ýiti akyl-paýhasly kiçijik kyssa eserleri:**

a) sorta söz;
b) basnýa;
ç) rowaýat.

15. *Atdyr ýigidiň ýoldaşy,*
*Oguldyr döwletiň başy,*
*Gyz-da bolsa göwün hoşy,*
... ... ... **Bu bendiň ahyrky setiri:**

a) «Dogan gerekdir ýigide».
b) «Zürýat gerekdir ýigide».
ç) «Döwlet gerekdir ýigide».

16. **Keýmir kör «Ilimiz Hatap galada» diýmek bilen, nämäni göz öňünde tutýar?**

a) «Öýüm dünýäniň üstünde, göçüp-gonup ýörün» diýdigi;
b) Hatap galasy olaryň oturymly ýeri;
ç) Ýurdunyň nirededigini özem bilenok.

17. **Bu goşgularyň haýsysy Magtymguly Pyragynyňky däl?**

a) «Ýeli Gürgeniň»;
b) «Bolar»;
ç) «Garyplyk».

18. **Jygalybegiň ogullarynyň ýaş tertibi boýunça atlary:**

a) Mömin, Genjimbeg, Adybeg;
b) Genjimbeg, Mömin, Adybeg;
c) Adybeg, Genjimbeg, Mömin.

19. **Şu rowaýatlaryň haýsysy Magtymguly hakynda?**

a) «Kim hakly?»;
b) «Azaşan yzyny tapar»;
c) «Gözel tebigatyň aşygy».

20. **«Ýeke depim», «Üç depim»:**

a) monjugatdyda bar;
b) küştdepdide bar;
c) ölenlerde bar.

21. **Süýji sözli, şirin sözli bolmak baradaky şorta söz:**

a) «Manyly gep»;
b) «Şu taýda söz berseler»;
c) «Özüm hem ýiterdim».

22. **Ýere gaçan içmegiň gürpüldisiniň örän gaty çykmagynyň sebäbi:**

a) gürpüldäp, döwlen tagtanyň üstüne ýykyldym;
b) içinde özüm hem bardym;
c) şol wagt gök gümmürdedi.

23. **Daglarda gezmegi, seýil etmegi we eser döretmegi özüne endik edinen:**

a) Kemine; b) Soltansöýün; c) Magtymguly.

24. ***Bir menzildäki ýanan ot meni gyzdyranda, üç ädimlikdäki ot tüňçäni gaýnatmazmy*? diýip aýdan:**

a) Myraly; b) Kemine; c) Japbak.



25. **Çeper edebiýat:**

a) tebigatyň görnüşini öwredýär;
b) adam durmuşyny öwredýär;
c) ýer gurluşyny öwredýär.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. Kompozitor Nury Halmämmedowyň şahyr Gurbannazar Ezizowyň sözlerine döreden haýsy aýdymyny öwrendiňiz?
2. Uly-kiçi, aýal-erkek, oglan-uşak döwre gurap, gazal aýdyp, näme oýnaýarlar?
3. Haýsy aýdymda durmuşda atly-abraýly ýaşamak üçin zerur bolan zatlar beýan edilýär?
4. Şa bilen weziriň arasyndaky çeper söz ýaryşy beýan edilen rowaýat haýsy?
5. ***Aý dogar gädiginden.***
***Tanadym ädiginden.***
***Baryň, aýdyň oglana,***
***Dänmesin diýdiginden.***

Bu bent halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişli?

6. Söz berenlerinde çykyp geplemedik kim?
7. Öwrenen halk aýdymlaryňyzyň atlaryny ýazyň.
8. Rowaýatlarda beýan edilişine görä, türkmen halkynyň azatlygy, özbaşdaklygy ugrunda edermenlik görkezen şahsyýet kim?
9. Gyzyň durmuşa çykarylýan öýünde ýerine ýetirilýän aýdymyň ady näme?
10. Keminäniň pyýadalap barmagynyň sebäbi nämede?

## II çärýek

1. **Magtymgulynyň Watan tebigatyny buýsanç bilen wasp eden sygry:**

   a) «Baş üstüne»;
   b) «Ýeli Gürgeniň»;
   c) «Bolar».

2. **Mollanepesiň ýaşan ýyllary:**

   a) 1733–1783; b) 1800–1852; ç) 1810–1862.

3. **Kyrk ýamaly egin baş barada ýazylan eser:**

   a) «Içmek»; b) «Bagtly ýigit»; ç) «Ýagşydyr».

4. ***Hiý, gezip ýören ýerleriňde şuňa taý geljek kitaba duş gelen ýeriň boldumy*? Bu kimiň sözleri?**

   a) Keminäniň; b) Keýmir köriň; ç) Welmyrat aganyň.

5. **Annaguly haýsy eseriň baş gahrymany?**

   a) «Bagtly ýigit»; b) «Kitap»; ç) «Dordepel».

6. **«*Ner gezgin*» sygry goşgy düzülişiniň haýsy görnüşinde ýazylypdyr?**

   a) ikileme; b) dörtleme; ç) bäşleme–muhammes.

7. **Göroglynyň ýeňňesi:**

   a) Gülaýym; b) Gülendam; ç) Gülnahal.

8. **Mydama işiň oň bolmagy üçin:**

   a) duşman bilen söweşmeli;
   b) alkyş almaly;
   ç) gylygyň bet bolmaly.

9. **Ýokarky (8-nji belgili) soragdaky pikir haýsy eserden?**

   a) «Bolar»; b) «Aňsa»; ç) «Ýagşydyr».



10. **Seýitnazar Seýdi:**

    a) serkerde şahyr;
    b) molla şahyr;
    ç) ussa şahyr.

11. **Kim Mollanepesiň döredijiligine ýokary baha beripdir?**

    a) Magtymguly; b) Kemine; ç) Seýdi.

12. ***Bir döwüm çörege zar bolup oturan ýyllarymyzda-da ... muny satmagy göwnümize getiren däldiris.* Nämäni?**

    a) köşekli dünýäni;
    b) altyn aşygy;
    ç) kitaby.

13. **Göroglynyň ýaýyň okuny ýedi pilden geçirmeginiň manysy:**

    a) ýedi sany guduzlan pili öldürýär;
    b) öz güýjüni görkezmek üçin;
    ç) alkyş almak üçin.

14. **Gürgen sebitlerinde doglan Magtymgulynyň Halaç, Buhara, Hywa bilen näme baglanyşygy bar?**

    a) Şol ýerlerde dogan-garyndaşlary bar.
    b) Şol ýerlerde syýahatda bolupdyr.
    ç) Şol ýerlerdäki medreselerde okapdyr.

15. **Mämmetweliniň lakamy:**

    a) Seýdi; b) Zelili; ç) Kemine.

16. **Zeliliniň pikiriçe, *ölümden-de gaty* zat näme?**

    a) kişi minneti; b) kyýamat; ç) beýle zat ýok.

6. Sargyt № 1641

17. **Döredijilik işine 1925-nji ýyllarda hekaýalar ýazmak bilen başlan ýazyjy:**

a) Agahan Durdyýew;
b) Nurmyrat Saryhanow;
ç) Beki Seýtäkow.

18. ***Guba düýe gögerdi*** **jümlesiniň manysy:**

a) düýe gögermeýär;
b) düýe gaçyp gidipdir;
ç) ony kitap bilen basa-baş çalşypdyr.

19. **Bozduman kimiň atynyň ady?**

a) Handan batyryň;
b) Kösäniň;
ç) Göroglynyň.

20. **Nirede diliňi saklamaly?**

a) «Saçak ýazylmagan ýerde»;
b) «Duşman görülmegen ýerde»;
ç) «Habar soralmagan ýerde».

21. **Haýsysy Seýdiniň eseri?**

a) «Ýigide»;
b) «Geliň, ýigitler»;
ç) «Baş üstüne».

22. **1800–1852 ý. Bu ýyllarda kim ýaşap geçipdir?**

a) Gurbandurdy; b) Seýitnazar; ç) Mämmetweli.

23. **Öwüt-nesihat temasynda ýazylan şygyr:**

a) «Ner gezgin»; b) «Içmek»; ç) «Ýeli Gürgeniň».

24. **Körmollanyň «Palaw» şygry:**

a) saly ýetişdirmegiň usuly hakynda;



b) salydan tagamly milli nahar bişirmegiň usuly hakynda;
ç) salydan bişirilen nahary nädip iýmelidigi hakynda.

25. **Haýsy jogapda Beýik Watançylyk urşuna gatnaşan frontçy ýazyjy-şahyrlar dogry berlipdir?**

a) Hajy Ysmaýylow, Gara Seýitliýew, Beki Seýtäkow;
b) Nurmyrat Saryhanow, Berdi Kerbabaýew, Ata Gowşudow;
ç) Çary Aşyrow, Nurmyrat Saryhanow, Baýram Gurbanow.

## Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Gurbandurdy Zeliliniň gyzgyn watançylyk duýgusyna ýugrulan joşgunly şygrynyň ady näme?
2. Klassyk şahyrlar Magtymgulyny, Keminäni, Seýdini, Zelilini baglanyşdyrýan bir umumylyk haýsy?
3. Halk çeper edebiýatyny ýygnaýjy alym we onuň bitiren işi hakynda ýazylan çeper eseriň ady näme?
4. ... ... ... ***Çöle çyksaň, erkek çopan ýagşydyr.*** Galdyrylan setiri ýazyň.
5. ***Batyr, mergen, züwwetdin, sölpi*** lakamlary bolan ýigidiň ady.
6. Görden çykan çaganyň Adybegiň ogludygyny ilki bilen kim?
7. Mollanepesiň halk arasynda nakyla öwrülen goşgy setirini ýazyň.
8. Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni haçan geçirilýär?
9. Zelili eserlerini, esasan, goşgy düzülişiniň haýsy görnüşinde ýazypdyr?
10. ***Bahasy bir ogşuk düýe*** bolan zat näme?

## III çärýek

1. *«Mähribanlarym»* **sygry gosgy düzülişiniň haýsy görnüşinde ýazylypdyr?**

a) ikileme; b) dörtleme; c) bäşleme.

2. *«Daýhan häsiýeti»* **sygryny ýazan şahyr:**

a) Kakabaý Ylýasow;
b) Italmaz Nuryýew;
c) Halyl Kulyýew.

3. **Ata Gowşudowyň** *«Gandym awçynyň maşgalasy»* **eseri haýsy döwrüň wakalary barada?**

a) parahatçylyk döwrüniň;
b) Gökdepe söwesiniň;
c) Beýik Watançylyk urşy döwrüniň.

4. **Beýik Watançylyk urşuna gatnaşan ýazyjy:**

a) Agahan Durdyýew;
b) Ata Durdyýew;
c) Ata Gowşudow.

5. **Halyl Kulyýewiň eseri:**

a) «Daglar»; b) «1946»; c) «Mähribanlarym».

6. **Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmeniň ak bugdaýynyň ykbaly barada hekaýa ýazan ýazyjy:**

a) Rejepmyrat Durdyýew;
b) Annaberdi Agabaýew;
c) Gurbannazar Orazgulyýew.

7. *Sende bardyr Oguz hanyň kelamy,*
*Alp Arslanyň çeken ahy bar sende.* **Bu setirler haýsy gosgudan?**

a) «Daglar»;



b) «Türkmen halysy»;
c) «Ene dilim».

8. *Aý, adamlar, bu uruş Beýik Watan urşudyr, ýurduňa gezek gelenden soň, janyňa gezek geldigidir, janyň alnandan soňam başga dünýä malynyň nämä geregi bar...* **Bu bölek kimiň eserinden?**

a) Hajy Ysmaýylowyň;
b) Ata Durdyýewiň;
c) Ata Gowşudowyň.

9. **Keýmir körüň obasy:**

a) Balguýy; b) Nusaý; c) Bagabat.

10. *Eşeklimi, düýelimi, atlymy,*
*Pişeklimi, pişeksizmi, pyýada* ... **Bular kimler?**

a) bazara gidip barýanlar;
b) bazardan gaýdyp gelýänler;
c) urušdan gelýänler.

11. **Mülkbagşy obasynyň demirçi ussalaryny wasp eden şahyr:**

a) Italmaz Nuryýew;
b) Magtymguly Myssyýew;
c) Kakabaý Ylýasow.

12. *Ene eli lukmandyr, ene dili melhemdir,*
*Ene mähri dermandyr, dertlilere em-ýomdur* – **setirleri haýsy gosgudan?**

a) «Ene»;
b) «Enedir, ene»;
c) «Ene dilim».

13. **Bularyň ýaş taýdan ulusy:**

a) Nurmyrat Saryhanow;

b) Agahan Durdyýew;
ç) Ata Gowşudow.

**14. Urus oýnuny oýnap ýören çagalara Ýeňiş habaryny buşlan:**

a) Gylyç aga;
b) Hanja aga;
ç) Berdi aga.

**15. *Näme, siz uruş ölüm-ýitimsiz, gansyz-hunsuz bolar öýdýärmidiňiz, näme, ol adamlary toýa ugradypmydyňyz...* diýen sözleri aýdan ýaşuly:**

a) Gandym awçy;
b) Çarwa mergen;
ç) Keýmir kör.

**16. Keýmir körüň ... *kinniwanja, meleje, ýylmanajyk, eýjejik* diýýän zady näme?**

a) owadan daş;
b) goýun iti;
ç) taýçanak.

**17. «*Bahar güli*» goşgular ýygyndysynyň awtory:**

a) Italmaz Nuryýew;
b) Halyl Kulyýew;
ç) Ýagmyr Pirgulyýew.

**18. Bu şygyrlaryň haýsysy on bir bogunly goşgy ölçeginde ýazylan?**

a) «Enedir, ene»;
b) «Pederim»;
ç) «Ene dilim».

**19. Şygyrda aýdylyşy ýaly, haýsysy ... *nurana ýoldur*?**

a) çöle barýan ýollar;



b) öýe barýan ýollar;
ç) oba barýan ýollar.

**20. Akjagülüň ýygnakda eden teklibi:**

a) bugdaýy köp ekmegi;
b) front üçin şaý-sep tabşyrmagy;
ç) front üçin ýyly egin-eşik ibermegi.

**21. Näme üçin ... *daglara bar diýlendir*?**

a) gudrat görseň;
b) bürgüt görseň;
ç) behişt görseň.

**22. *Daň atdy.***
***Daň atdy, adamlar, turuň,***
***Sylyň ýüzüňize Gün dogýar, ana.***
**Bu setirler haýsy sygyrdan?**

a) «Daglar»; b) «Täji Kertikler»; ç) «1946».

**23. «... *çägi bardyr deňizleň*.» Nämede çäk ýok?**

a) ene mährinde;
b) ata mährinde;
ç) dogan mährinde.

**24. *Ýüreginden hormat goýmak adama***
***Daýhanyň toprakdan alan endigi*** **– diýen setirler bilen tamamlanýan sygyr:**

a) «Aňsa»;
b) «Daýhan häsiýeti»;
ç) «Täji Kertikler».

**25. Okyjy üçin soňy garaşylmadyk ýagdaýda tamamlanýan eser:**

a) powest; b) hekaýa; ç) nowella.

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. Türkmen halysynyň baýramy haçan bellenilýär?
2. Haýsy ýazyjynyň döredijiliginde türkmen halk dessanlarynyň täsiri güýçli duýulýar?
3. «*Keýmir kör*» powesti näçenji ýylda ýazylypdyr?
4. ***Obanyň ýaş ýigit şahyry bolsa***
***Oýlanýar: «Bu günem gijä galdym men».***
Şahyr näme üçin gijä galýar?
5. «***Diýdiler***» sygrynda ady agzalan türkmen şahsyýetleri.
6. Oba adamlarynyň her gün ikindi wagty mekdebiň işigine üýşmekleriniň sebäbi nämede? (*«Gandym awçynyň masgalasy»*).
7. «***1946***» sygrynda oglanjygyň bazarçylardan sargan zatlaryny ýazyň.
8. Şahyr Italmaz Nuryýewiň ýaşan ýyllary.
9. Keýmirden Meleguş atly atyny satmagyny soran oba baýy.
10. Garaşsyzlyk eýýamynda türkmeniň milli häsiýeti barada «Milli häsiýetim» sygryny ýazan şahyr.

## IV çärýek

1. ***Juzeppo, Karlo kaka, Malwina...*** **Bu gahrymanlar haýsy eserden?**
   a) «Altyn açarjyk ýa-da Buratinonyň başdan geçirenleri».
   b) «Krokodil Gena we onuň dostlary».
   ç) «Kozetta».
2. **Berdimyrat Berdak türkmen nusgawy şahyrlaryndan kimiň şägirdi hasaplanýar?**
   a) Mollanepesiň; b) Seýdiniň; c) Magtymgulynyň.



3. ***Dostluk*** **öýüniň esasy maslahatçysy:**
   a) Çeburaşka;
   b) krokodil Gena;
   ç) gyzjagaz Galýa;
4. **Şadyýan, ruhubelent, sada we ynanjaň oglanjyk:**
   a) Buratino; b) Juzeppo; c) Alisa.
5. **Gyzgan gabygyndan ýüplük egrip, köýnek dokaýança, Eliza näme üçin gürlemeli däl?**
   a) Geplese, onuň özi heläk boljak.
   b) Geplese, korol ony köşkden kowjak.
   c) Geplese, doganlaryny jadylykdan açyp biljek däl.
6. **Ganaty buza ýelmeşip, doňup galan betnyşan ördejigi halas eden:**
   a) işçi; b) daýhan; c) çagalar.
7. **Ýer ýüzünde iň dogruçyl, iň ugurtapyjy adam:**
   a) Sindbad; b) Tenardýe; c) Mýunhauzen.
8. **Haýsysy halk döredijilik eseri?**
   a) «Halk üçin»; b) «Müň bir gije» c) «Maugli».
9. **Ýagşy niýetli gahrymanlar:**
   a) Artemon, Malwina;
   b) Duremar, Karabas Barabas;
   ç) Bazilio, Alisa.
10. «***Okamak höwesi***» **eserini ýazan:**
    a) Berdimyrat Berdak;
    b) Maksim Gorkiý;
    ç) Alekseý Nikolaýewiç Tolstoý.
11. **G. H. Andersen adyndaky Halkara baýragyna mynasyp bolan türkmen çagalar ýazyjysy:**
    a) Baýram Gurbanow;

b) Hajy Ysmaýylow;
ç) Kaýum Tañrygulyýew.

12. Ýabany guwlara öwrülen on bir doganyň ýürek küýsegi:

a) watan; b) deňiz; ç) daglar.

13. Başdan geçirmeler eserleri bilen dünýä belli bolan amerikan ýazyjysy:

a) Frenk Baum;
b) Erih Raspe;
ç) Mark Twen.

14. ***Arslan kimin ýigit bolmak isleseň,***
***Elmydama hyzmat etgin halk üçin*** setirleri kimiň eserinden?

a) Berdimyrat Berdagyň;
b) Kakabaý Ylýasowyň;
ç) Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň.

15. Tom Soýeriň pikiriçe, işleýän zadyňy edinmeklik:

a) aňsat bolmaly;
b) aňsat bolmaly däl;
ç) keýpiňe bagly bolmaly.

16. ***Sen üç sany jenaýat etdiň. Sen – eýesiz, pasportsyz hem işsiz.*** Bu sözler bilen kim günäkärlenýär?

a) Karabas Barabas;
b) Karlo kaka;
ç) Buratino.

17. Kynçylyklara, kemsitmelere garaman, kitap okamagyny dowam eden:

a) Alýoşa Peşkow;
b) Pawel Goldberg;
ç) Kesiş Solowýow.



18. Betnysan ördejik özüniň kimdigini nirede bilýär?

a) garry mamanyň kümesinde;
b) guwlara duşanda;
ç) gamyşlykda.

19. Bu eseriň awtory Wiktor Gýugo:

a) «Kozetta»;
b) «Ýabany guwlar»;
ç) «Okamak höwesi».

20. «***Müň bir gije***» ertekiler ýygyndysy haýsy halka degişli?

a) rus; b) hindi; ç) arap.

21. Bitirmesi kyn işlere ýapyşmaga çalyşýan:

a) krokodil Gena;
b) gyzjagaz Galýa;
ç) Çeburaşka.

22. Gurjak teatrynyň ýaman niýetli hojaýyny:

a) Karabas Barabas; b) Bazilio; ç) Duremar.

23. Çagalar ýazyjysy Gans Hristian Andersene meşhurlyk getiren eserleri:

a) dramalary; b) romanlary; ç) ertekileri.

24. «***Mýunhauzeniň başdan geçirenleri***» eseriniň awtory:

a) Mark Twen
b) Erih Raspe;
ç) Alekseý Tolstoý.

25. Ýigrimi ýyllap Watanyndan daşarda ýaşamaly bolan meşhur fransuz ýazyjysy:

a) Şarl Perro; b) Wiktor Gýugo; ç) Mark Twen.

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. *Dima, Galýa, Gena, Mariýa* – bular haýsy eseriň gahrymanlary?
2. Şährizada Şähriýar patyşany näçe gije gyzykly ertekiler bilen güýmeýär?
3. Berdimyrat Berdagyň haýsy eserini öwrendiňiz?
4. Öz-özünden okamagy, ýazmagy öwrenip, ussat ýazyjy bolan kim?
5. «*Ýabany guwlar*» eseriniň awtory.
6. Ýaş ördek çagalaryna ilki bilen nämäni öwredýär?
7. Elizanyň deňiz tolkunlaryndan öwrenen hikmeti näme?
8. Kozettanyň oba arasynda tutulýan lakamy näme?
9. *Jim, Ben, Tom, Polli daýza* – bular haýsy eserde hereket edýän gahrymanlar?
10. Doganlaryny jadydan açmak üçin, ähli kynçylyklara döz gelen Elizanyň keşbi size türkmen ertekilerinden kimi ýatladýar?

## V synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | B | Ç | A |
| 2 | Ç | Ç | A | Ç |
| 3 | Ç | A | Ç | B |
| 4 | A | Ç | B | A |
| 5 | B | A | B | Ç |
| 6 | B | C | A | B |
| 7 | A | B | Ç | Ç |
| 8 | A | B | Ç | B |
| 9 | Ç | A | A | A |
| 10 | B | A | B | B |
| 11 | Ç | B | A | Ç |
| 12 | A | Ç | B | A |
| 13 | Ç | B | Ç | Ç |
| 14 | A | Ç | B | A |
| 15 | B | Ç | A | B |
| 16 | A | A | Ç | Ç |
| 17 | Ç | A | A | A |
| 18 | B | Ç | Ç | B |
| 19 | Ç | B | B | A |
| 20 | B | Ç | B | Ç |
| 21 | A | B | A | Ç |
| 22 | B | A | B | A |
| 23 | Ç | A | A | Ç |
| 24 | A | B | B | B |
| 25 | B | Ç | Ç | B |



## Edebiýatdan V synp üçin soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. «Iki agaç».
2. Küştdepdi.
3. «Ýigide».
4. «Kim hakly?».
5. Monjugatdy.

6. Ata Köpekmergen.
7. «Ýigide», «Bibijan».
8. Keýmir kör.
9. Ölenler (toý aýdymlary).
10. Münüp ýören eşegini ýitiripdir.

## II çärýek

1. «Watanym, seni».
2. Olaryň dördüsi hem Hywadaky medresede okapdyr.
3. «Kitap» hekaýasy.
4. ***«Berimsiz beglerden, bahyl baýlardan».***
5. Annaguly.
6. Genjimbeg.
7. ***«Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin».***
8. Her ýylyň 18-nji maýynda.
9. Dörtleme.
10. Içmek.

## III çärýek

1. Maý aýynyň soňky ýekşenbesinde.
2. Ata Gowşudowyň.
3. 1965-nji ýyl.
4. Täji Kertikler – demirçi ussalar mundan has öň örüp, işe başlaýarlar.
5. Gorkut ata, Oguz han, Görogly.
6. Radiodan uruş habarlaryny diňlemek üçin.
7. Künjüli halwa, çit köýnek, gyzyl alma, çeňňek.
8. 1938–1985 ý.
9. Bekdaş baý.
10. Atamyrat Atabaýew.



## IV çärýek

1. «Krokodil Gena we onuň dostlary».
2. Bir müň bir gije.
3. «Halk üçin».
4. Maksim Gorkiý.
5. Gans Hristian Andersen.
6. Suwda ýüzmegi.
7. Ýadawsyz zähmet çekmek.
8. Torgaýjyk.
9. «Tom Soýeriň başdan geçirenleri».
10. Akpamygy.

# VI SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

1. ***Bütin, müdir, üçin, guzym*** **ýaly sözleriň ikinji bognundaky dar çekimliler näme üçin dodaklandyrylman ýazylypdyr?**
   a) sol dar çekimliler uzyn aýdylýarlar;
   b) sol dar çekimliler gysga aýdylýarlar;
   ç) sebäbi bu sözleriň 2-nji bogny ýapyk bogun.

2. ***Ýylgynyň, kepgiriň, durmuşyň, sülgüniň*** **ýaly sözleriň ikinji bognundaky dar çekimlileriň düşürilmezliginiň sebäbi:**
   a) sözler degişli sese gutarmandyr;
   b) sözleriň ikinji bognundaky dar çekimlileri uzyn aýdylýar;
   ç) bu sözleriň birinji bogny ýapyk bolany üçin.

3. **Goşma sözler haýsy jogapda dogry ýazylypdyr?**
   a) Könürgenç, Boýnuzyn, Annesen;
   b) Köneürgenç, Boýnyuzyn, Annaesen;
   ç) Köne-ürgenç, Boýny-uzyn, Anna-esen.

4. ***Gözi çyksyn görübilmez göribiň*** (Ata Atajanow) – **sözleminde ýeňiş düşümde gelen söz:**
   a) gözi;
   b) göribiň;
   ç) ýeňiş düşümdäki söz ýok.

5. ***Geň galmak*** – **gurluşy taýdan:**
   a) ýasama düýp işlik;
   b) goşma işlik;
   ç) düzme işlik.



6. **Aşakdakylaryň haýsysy ýasama söz?**
   a) ýygym;
   b) okaýar;
   ç) enelerimiz.

7. **Aşakdakylaryň haýsysy ýasama işlik?**
   a) başlady; b) geldi; ç) aýtmady.

8. ***Silkindi*** – **işligiň haýsy derejesi?**
   a) gaýdym derejesi;
   b) özlük derejesi;
   ç) ýükletme derejesi.

9. ***Ak, ýaşyl, uly, oňat, turşy*** – **bular aňladýan manylary boýunça:**
   a) barlyk-ýokluk sypatlary;
   b) hil sypatlary;
   ç) otnositel sypatlar.

10. ***Baryldy, ýuwuldy, bezeldi*** – **bular işlikleriň haýsy derejesine degişli?**
    a) düýp dereje;
    b) özlük dereje;
    ç) gaýdym dereje.

11. **Işligiň şäriklik derejesiniň goşulmalary:**
    a) -yn, -in, -un, -ün, -n;
    b) -yş, -iş, -uş, -üş, -ş;
    ç) -dyr, -dir, -dur, -dür.

12. **Haýsy sözlemde düzme işlik bar?**
    a) Bu ertekini Aman aga gürrüň berdi.
    b) Çagalar Aman aganyň gürrüňini diňlediler.
    ç) Ol bu gezek hem gyzykly gürrüňe başlady.

7. Sargyt № 1641

13. *Oraz biraz agsaklaýardy.*
**Bellenilen islik haýsy söz toparyndan ýasalypdyr?**
a) sypat; b) at; ç) islik.

**14. Söz ýasaýjy goşulmalar:**
a) -da, -de, -dan, -den;
b) -ýar, -ýär, -dy, -di;
ç) -çy, -daş, -çak, -ly, -gyn.

**15. Dogry derňelen sözi anyklaň.**
a) **oýnaýan: oýun** – asyl söz, jyns at, **-a** – ýöneliş düşümiň goşulmasy, **ýan** – häzirki zaman isliginiň goşulmasy;
b) **kitabynda: kitap** – asyl söz, jyns at, **-y** – III ýöňkemäniň goşulmasy, **-nda** – wagt-orun düşümiň goşulmasy;
ç) **üçden bir:** san, mukdar san, bitin san.

**16. Goşulma bilen sözüň arasynda nähili tapawut bar?**
a) düzümlerinde sesiň (harpyň) köplügi ýa azlygy;
b) bogna bölünişleri;
ç) many aňladyşy.

**17. Ýeňiş düşümdäki sözi talap etmeýän islikler:**
a) täsirini geçirýän islikler;
b) täsirini geçirmeýän islikler;
ç) isligiň şäriklik derejesi.

**18. Haýsy sözlemde täsirini geçirýän islik bar?**
a) Men okalgadan kitap aldym.
b) Bu gün onuň özi geler.
ç) Biz şu gün gezelenje gitdik.

**19. Kömekleşmegi aňladýan işlik?**
a) şäriklik dereje;
b) ýükletme dereje;
ç) özlük dereje.



**20. Haýsy jogapda özlük derejesindäki işlik bar?**
a) Baglaryň ýapraklary ýagyş suwuna ýuwuldy.
b) Serçejikler pysyrdaşyp, ýagyş suwuna ýuwundylar.
ç) Jerenjik ir bilen el-ýüzüni ýuwdy.

21. ***Bolubilýär, duruberdi*** **– gurluş taýdan:**
a) düzme işlikler;
b) sada işlikler;
ç) goşma işlikler.

**22. Haýsy sözlemde ýükletme derejesindäki işlik bar?**
a) Bu gelýän oglan Myratdyr.
b) Ol ekinden boşan ýerlerini sürdürdi.
ç) Ähli goş-golamyny maşyna ýükledi.

**23. Belgilenen bölekleriň haýsysynda çekimli uzyn aýdylmaly?**
a) Ol akyllyja gyzyň öwgüsini ýetirdi.
b) Tomsuň gyzgyn günleri geçip gitdi.
ç) Çagajyk uzak gije gyzdyryp çykdy.

**24. Dar çekimliler:**
a) y, i, u, ü;
b) o, ö, u, ü;
ç) a, e, o, ö, ä.

**25. Dogry ýazylmadyk sözi tapyň:**
a) okaberdi; b) okap-berdi; ç) okaýardy.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. ***Amanjyk bagda oýnap ýördi.*** Bellenen söz gurluşy taýdan nähili işlik?
2. ***Geler, gider, görer*** – bu işlikleriň haýsysy täsirini geçirýän işlik?

3. *Ol bu barada kimdir birine hiç zat aýtmandyr.* Sözlemden çalyşmalary tapyp ýazyň.
4. ***Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasy,***
***Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.***
***Gül-guncasy, gara gözüm garasy,***
***Gara dagdan iner sili türkmeniň.***
(*Magtymguly*).

Bu bentde eýelik düşümde gelen näçe at bar?
5. ***Annamät*** – gurluşy taýdan nähili at?
6. Işligiň şäriklik derejesi haýsy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalýar?
7. Täsirini geçirýän işlikler haýsy düşümdäki sözi talap edýär?
8. ***Gyzykmaýar, öýtmeýär, kertmeýär, birikmeýär*** işliklerini barlyk şekilinde ýazyň.
9. Düşüm goşulmalary goşulmalaryň haýsy toparyna degişli?
10. ***-dyr, -dir, -dur, -dür, -t*** goşulmalary işligiň haýsy derejesini hasyl edýär?

### Sözlem derňewi

***Ünsli seret-de, şu kagyza ýazylan haty okaber.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemde işligiň haýsy derejelerine degişli sözler bar?
2. ***Kagyza*** sözünde dar çekimliniň düşürilmezliginiň sebäbi näme?
3. Haýsy düşümdäki atlar bar?
4. Täsirini geçirýän işlik haýsy?
5. Sypat bolup gelen söz haýsy söz toparyndan ýasalypdyr?



6. Gurluşy taýdan işlikleriň nähili görnüşleri bar?
7. ***Haty*** sözünde dymyk çekimsiziň açyga öwrülmezliginiň sebäbi näme?
8. Sözlemdäki dodak çekimsizleri tapyň.
9. Näçe sany ýapyk bogun bar?
10. Morfologik çeşme arkaly ýasalan sözi tapyň.

## II çärýek

**1. Işlikleriň arzuw-islegi, maslahaty, buýrugy, serti, hyýal etmegi aňlatmagy:**
a) işlik derejeleri;
b) işlik şekilleri;
ç) işlik zamanlary.

**2. *Alýardy, gelýärdi, alardy, gelerdi* işlikleri:**
a) anyk öten zaman;
b) umumy häzirki zaman;
ç) dowamly öten zaman.

**3. *Du:r, oty:r, ýaty:r, ýö:r* – bu işlikler:**
a) daş öten zaman;
b) anyk häzirki zaman;
ç) umumy häzirki zaman.

**4. Işlikleriň gymyldy-hereket bilen ony ýerine ýetirijiniň arasyndaky gatnaşygy aňlatmagy – bu:**
a) işlik derejeleri;
b) iş atlary;
ç) işlik zamanlary.

**5. Iş atlary (hereket düşünjesini aňladýan işlikler) haýsy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalýar?**
a) -dy, -di, -ýar, -ýär, -jak, -jek, -ar, -er;

b) -mak, -mek, -ma, -me, -yş, -iş, -ýyş, -ýiş;
ç) -nyň, -niň, -na, -ne, -ny, -ni, -nda, -nde.

**6. Pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Iş atlary işiň haýsy zamanda edilendigini, kim tarapyndan edilendigini bildirmeýär.
b) Iş atlary işiň diňe adyny görkezýär.
ç) Iş atlary düşümde üýtgemeýär.

**7. Ortak islikler üýtgediji goşulmalary kabul edýärmi?**

a) kabul edýär;
b) kabul etmeýär;
ç) atlaşanda kabul edýär.

**8. *Almaly, almaly däl, görmeli, görmeli däl* – bular:**

a) işligiň şert şekili;
b) işligiň hökmanlyk şekili;
ç) işligiň buýruk şekili.

**9. *Ejem işden basym <u>geläýsedi</u>.* Bellenen söz:**

a) işligiň arzuw-isleg şekili;
b) işligiň hyýallanma şekili;
ç) işligiň buýruk şekili.

**10. *Altyn asyr, Garaşsyz döwlet, biziň mekdebimiz* söz düzümlerinde garaşly sözler:**

a) biziň, asyr, Garaşsyz;
b) Altyn, Garaşsyz, biziň;
ç) döwlet, mekdebimiz, asyr.

**11. Baglanýan sözlerini sypatlandyryp, gymyldy-hereketiň haýsy zamana degişliligini bildirýän islikler:**

a) kem islikler;
b) hal islikler;
ç) ortak islikler.



**12. *-dyr, -dir, -dur, -dür, -dy, -di, -myş, -miş, -muş, -müş, -ka, -kä* goşulmalary:**

a) kem işligiň goşulmalary;
b) hal işligiň goşulmalary;
ç) ortak işligiň goşulmalary.

**13. Aýyklaýjy hyzmatynda gelen ortak islik:**

a) Dostum maňa bir hat ýazan eken.
b) Men onuň ýazan hatyny okadym.
ç) Bu haty ýazan – dostum.

**14. Isliklere baglanyp, hereketiň alamatyny, ýagdaýyny bildirýän sözler:**

a) hallar;
b) hal islikleri;
ç) ortak islikler.

**15. Haýsy sözlemde hal işligi bar?**

a) Men dostumyň hatyna jogap ýazdym.
b) Hatymy oňa eglemän iberdim.
ç) Basym men oňa bir kitap hem iberjek.

**16. *Ol täze <u>guruljak</u> jaýyň ýerini belledi.* Aşagy çyzylan söz:**

a) geljek zaman işligi;
b) geljek zaman ortak işligi;
ç) kem islik.

**17. Jogaplaryň haýsysyndaky sözleriň birinji bogny uzyn aýdylýar?**

a) sapak, geňeş, goýun;
b) aşyk, günin, gamyş;
ç) alym, gämi, daýy.

**18. Ýalňyş deňelen jogaby anyklaň.**

a) **e** – giň, inçe, dodaklanmaýan;

b) ö – giň, ýogyn, dodaklanmaýan;
ç) ü – dar, inçe, dodaklanýan.

19. *Saňa salam iberen Şadurdudy.* **Bellenen söz:**
a) öten zaman işliginiň goşulmasyny kabul eden at;
b) kem işligiň goşulmasyny kabul eden at;
ç) wagt-orun düşümde gelen at.

20. **Baglanan sözlerindäki gymyldy-hereketiň nä halda ýüze çykandygyny bildirýän sözler:**
a) hal işlikler;
b) ortak işlikler;
ç) kem işlikler.

21. **Haýsy sözlemde hal işligi ýok?**
a) Men okuwdan gelägede, dem-dynjymy aldym.
b) Jerenjik gopuzyny çalmaga başlady.
ç) Oraz gölejigini gözleý-gözleý ýadady.

22. **Haýsy sözlemde işligiň buýruk şekili bar?**
a) Seniň eliňdäki näçe alma?
b) Sen bu suraty alma.
ç) Çary, sen bu kitaby almaly.

23. **Hal işlikler:**
a) okapdy, gülüpdi, okamazdy, gülmezdi;
b) okajak, güljek, okamajak, gülmejek;
ç) okap, gülüp, okaman, gülmän.

24. *Aşgabat günbe-günden gözelleşýär.* **Aşagy çyzylan söz:**
a) sypat; b) hal; ç) at.

25. **Haýsy sözlemde wagt bildirýän hal bar?**
a) Men bu üzümden üç kilo aldym.
b) Türgenleşikden soň men stadionda biraz eglendim.
ç) Bu işiň hysyrdysy uzaga çekdi.



## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. ***Oraz oturgyçda otyr.*** Sözlemiň habary haýsy zamanda?
2. ***Görer gözüň gymmaty***
***Kör ýanynda bellidir.*** (*Magtymguly*). Ortak işligi tapyň.
3. ***-ýardy, -ýärdi*** haýsy zamanyň goşulmasy?
4. Hereket düşünjesini aňladýan sözlere näme diýilýär?
5. Öten zaman işliginiň näçe görnüşi bar?
6. ***Hak sylamyş, bardyr onuň saýasy,***
***Çyrpynşar çölünde neri, maýasy,***
***Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy,***
***Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň.***
(*Magtymguly*).
Bu bentdäki kem işlikleri ýazyň.
7. ***Orulmadyk bugdaý, sürülmedik ýer*** – bu ýerde haýsy görnüşdäki işlikler bar?
8. ***Alagada geldi.*** Aşagy çyzylan söz nähili işlik?
9. Işlik şekilleri näçe sany?
10. ***Işmiş, kişmiş, gyzyklydyr, okuwçy dälkä.*** Bu sözleriň haýsysy kem işlik däl?

## Sözlem derňewi

***Köpi gören ýaşuly agtyklaryna: «Okan ozar, okamadyk tozar». Şonuň üçin siz erjel, gaýratly bolmalysyňyz» diýip sargady.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Atlaşan işlikleri tapyň.
2. Sözlemdäki durnukly söz düzümi haýsy?

3. Sözlemde haýsy zamandaky işlikler bar?
4. Sözlemdäki ýasama sözler haýsylar?
5. Hal isligini tapyň.
6. ***Okamadyk*** diýen sözüň dürs aýdylyşyny transkripsiýada ýazyň.
7. ***Bolmalysyňyz*** işligi nähili şekilde?
8. Ortak işlikleri tapyň.
9. Sözlemde haýsy düşümlerde gelen sözler bar?
10. Täsirini geçirýän işlikleri tapyň.

## III çärýek

**1. *Indi, ilerik, ozal, agşam* – bularyň haýsysy wagt aňladýan hallar däl?**

a) indi; b) ilerik; c) ozal; d) agşam.

**2. Aşakdaky sözlemleriň haýsysynda hal aýyrgyç hyzmatynda gelipdir?**

a) Seniň işe ýapyşyşyň sowuk-sala.
b) Sowuk-salalyk saňa abraý getirmez.
c) Sowuk-sala işiň netijesi gowy bolmaz.
d) Şonuň üçin hem sowuk-salalyga ýol berme.

**3. Ýokarky dört sözlemi (№2 – a, b, c, d) tekst hökmünde kabul etseň, onda nähili näsazlyk bolardy?**

a) sözlemler özara baglanyşmaz;
b) şol bir söz gaýtalanyp durýar;
c) sözlemleriň habarlary dürli;
d) hiç hili näsazlyk bolmaz.

**4. *Aýlap* sözi haýsy sözlemde hal bolup gelýär?**

a) Durdy çopan goýunlary örä aýlap geldi.
b) Obadan bir gitse, ençe aýlap gelmezdi.
c) Ol çarhy aýlap boldy.
d) Jeren düýn jigisini baga aýlapdyr.



**5. -ä, -a, -aý, -eý, -ha, -hä, -da, -de, -aha, -ähä, -laý, -leý – bular:**

a) ownuk bölekler;
b) modal sözler;
c) baglaýjylar;
d) ümlükler.

**6. ...Göroglynyň boýnundan gujaklap, ýaňagyndan ogşap, hümer-hümer, togar-togar bolup, basyp, öldürip barýarlar»** (*«Görogly» eposyndan*).
**Bu sözlemdäki hallary tapyň:**

a) gujaklap, ogşap, bolup, basyp, öldürip;
b) hümer-hümer, togar-togar;
c) hal bolup gelen söz ýok;
d) boýnundan, ýaňagyndan.

**7. Ýasama haly anyklaň:**

a) ýörite; b) ýokary; c) ileri; d) ýüzleý.

**8. Haýsy sözlemde düzme hal bar?**

a) Ýazyň soňky günleridi.
b) Soňky günlerde onuň aladasy artypdy.
c) Meredi soňky günleriň aladasy ýadadypdy.
d) Okuwyň hem soňky günleri ýetip gelýärdi.

**9. *Gijöýlän, ikindinara, ömürboýy* – bular gurluşy taýdan nähili hallar?**

a) sada hallar;
b) goşma hallar;
c) tirkeş hallar;
d) düzme hallar.

**10. *Hywa hanlary owadan köşkler saldyrypdyrlar.* Ýalňyş derňelen jogaby tapyň:**

a) Hywa – eýelik düşümiň goşulmasyz görnüşi;

b) hanlary – olluk ýönkemede gelen at;
ç) owadan – hil sypat;
d) köskler – baş düşümde gelen at.

**11. Özbaşdak many aňlatmaýan sözler baradaky pikir ýöretmeleriň haýsysy dogry?**

a) Sözlemiň baş agzalary bolup gelýärler.
b) Sözlemiň aýyklaýjy agzalary bolup gelýärler.
ç) Sözlemiň hiç hili agzasy bolup bilmeýärler.
d) Çalyşmalar özbaşdak many aňlatmaýan sözler toparyna degişlidir.

**12. *Öň, owal, soň, bäri* sözsonulary öz öňündäki sözüň haýsy düşümde gelmegini talap edýär?**

a) baş düşümde;
b) ýeňiş düşümde;
ç) ýöneliş düşümde;
d) çykyş düşümde.

**13. Baglaýjy kömekçiler nähili grammatik hyzmaty ýerine ýetirýärler?**

a) diňe sözlemleri özara baglanyşdyrýarlar;
b) sözleri, söz düzümlerini we sözlemleri özara baglanyşdyrýarlar;
ç) düşüm goşulmalaryny anyklaýarlar;
d) işliklerde zaman aňlatmaga kömek edýärler.

**14. *Okajak* oglan – aýratynlandyrylan söz:**

a) sypat; b) hal; ç) ortak işlik; d) hal işligi.

**15. Haýsy jogaplarda düzmeli baglaýjylaryň toparlary doly we dogry berlipdir?**

a) ugurdaşlyk, garşylyk hem sebäp aňladýan baglaýjylar;
b) şert, sebäp hem gepleşigiň baglaýjylary;



ç) ugurdaşlyk, garşylyk, ikuçlulyk, gezekleşik, ýokluk, sebäp bildirýän baglaýjylar;
d) düzmeli baglaýjylar aýratyn toparlara bölünmeýärler.

**16. Sözsonular haýsy düşümler bilen ulanylmaýar?**

a) baş we eýelik düşümler bilen;
b) baş we ýöneliş düşüm bilen;
ç) ýeňiş we wagt-orun düşüm bilen;
d) ýöneliş we çykyş düşüm bilen.

**17. *Gyssanmaç* sözüne garşydaş manyda gelýän hal:**

a) howlukmaç;
b) keremara;
ç) tiz;
d) aýagaldygyna.

**18. *Agşam* sözüniň hal bolup gelen ýeri:**

a) Güýzüň çigrekli agşamy düşüpdi.
b) Gün ýaşyp, agşam garaňkysy düşüpdi.
ç) Men agşamky otly bilen gitmekçi.
d) Ol irden gidişine agşam dolanyp geldi.

**19. *Myralynyň gerşine garyplyk atlaýyn münüpdir.* Sözlemde hal bolup gelen söz:**

a) atlaýyn;
b) garyplyk;
ç) gerşine;
d) hal sözi ýok.

**20. Hallar bilen sypatlaryň arasynda nähili umumylyk bar?**

a) hiç hili umumylyk ýok;
b) ikisi hem, esasan, atlara baglanyp, aýyrgyç bolup gelýärler;

c) sypatlar bir zadyň, hallar hereketiň alamatyny aňladýar;
d) sypat hereketiň alamatyny, hal bir zadyň alamatyny aňladýar.

**21. Nädogry jogaby anyklaň:**

a) düýp dereje: çalt, haýal, az, köp;
b) kemlik dereje: gijräk, basymrak;
c) artyklyk dereje: begenjine, bilmezlikden;
d) söýgülik dereje: pessaýja, sähelçe.

**22. Eýerjeňli baglaýjylar:**

a) ýa, ýa-da, ne, ne-de;
b) eger, eger-de, çünki;
c) emma, ýöne;
d) ýogsa, bolmasa.

**23. Haýsy jogapda hallaryň many aňladysy nädogry berlipdir?**

a) wagt aňladýanlar: agşam, giç, derrew;
b) tarap aňladýanlar: köp, az, ozal;
c) sebäp aňladýanlar: begenjinden, gyssanjyna;
d) hal-ýagdaýy bildirýänler: ýüzleý, üzül-kesil, ýüzin.

**24. Kitap tärine mahsus bolup, adaty gepleşikde ulanylmaýan baglaýjy:**

a) we; b) bilen; c) -dyr, -dir; d) hem.

**25. Haýsy sözlemde *bilen* sözi sözsoňy kömekçi hökmünde gelipdir?**

a) Myrat bilen Gözel guşlaryň jürküldisine oýandylar.
b) Ejesi olaryň öňünde süýt bilen ýumşak çörek goýdy.
c) Gözel bilen Myrat howlukman ertirlik edindiler.
d) Myrat jigisi Gözel bilen mekdebe gitdi.



## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. ***Köp, ýokaryk, ýaňy, ümsüm*** – bu hallaryň haýsysy wagt aňladýar?
2. ***Men gezegimi geçirdim, ... gezek seniňki.*** Köp nokadyň ýerine haýsy hal aňladýan sözi goýmaly?
3. ***Gündizki*** – bu hal aňladýan söz haýsy söz toparyndan ýasalypdyr?
4. ***Arkaýyn*** – bu nähili manyny aňladýan hal?
5. ***Näçe?, Näçenji?, Neneňsi?*** soraglaryna haýsy hallar jogap bolýarlar?
6. ***Çünki, sebäbi*** baglaýjylary nämäni bildirýärler?
7. ***Alan, gelen*** öten zaman ortak işliklerini ýokluk galypa öwrüp ýazyň.
8. ***Otyr, ýatyr*** diýen anyk häzirki zaman işlikleriň ýokluk görnüşini ýazyň.
9. Hal derejeleri näçe sany?
10. Sözlemleri, ondaky sözleri we söz düzümlerini özara baglanyşdyrýan sözlere näme diýilýär?

## Sözlem derňewi

***Kenardaky çagalar öýle wagty kä ýüzin, käte arkanlygyna ýatyp güneşleýärdiler.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Hal-ýagdaý bildirýän hallary tapyň.
2. Sypat bolup gelen sözi tapyň.
3. Ýasalyşy boýunça nähili hallar bar?
4. Özbaşdak many aňlatmaýan sözler haýsylar?
5. ***Güneşleýärdiler*** – haýsy zamandaky işlik?
6. Düzme haly tapyň.
7. Wagt bildirýän haly tapyň.

8. ***Güneşleýärdiler*** işligini aýyklaýan sözleri tapyň.
9. Sözlemde haýsy derejä degişli hallar bar?
10. Sözlemde baglaýjylaryň haýsy görnüşleri bar?

## IV çärýek

**1. Içinde ownuk bölekler gelen sözlem haýsy?**

a) Myrat size geldi.
b) Ol näme üçin eglenýär?
ç) Sen ony bu gün hökman görmelimi?
d) Bu duşuşyk basym bolar.

**2. *Ýaşasyn Garaşsyz ýurdumyz!* Seslere degişli nädogry jogaby anyklaň:**

a) ýogyn çekimliler bar;
b) dodak çekimliler bar;
ç) dar çekimliler bar;
d) inçe çekimliler bar.

**3. Dogry jogaby anyklaň:**

a) alsa-ha, çozha-çoz;
b) alsaha, çozhaçoz;
ç) al-sa-ha, çoz-ha-çoz;
d) al-saha, çoz-haçoz.

**4. Sözlemde habar hyzmatynda gelip bilýän modal sözleri tapyň:**

a) tüýs, hut, juda;
b) ynha, hatda, hany;
ç) ýok, mümkin;
d) asyl, asla, hernä.

**5. Haýsy jogap dogry?**

a) ümlükler: garaz, ine, ýok;



b) ownuk bölekler: -da, -de, -dä, -ha, -hä;
ç) sözsoňular: we, hem, ne, ne-de;
d) baglaýjylar: wah, bä, eý.

**6. Modal sözlere degişli dälini anyklaň:**

a) hökman; b) garaz; ç) tüýs; d) ötri.

**7. Haýsy sözlemde ownuk bölek bilen gelen söz ýalňyş ýazylypdyr?**

a) Onuň bolup gelsine sered-ä!
b) Ol sakga durdy-da, yzyna seretdi.
ç) Bu zatlara düşüneniň gowu-da!
d) Baý, ol seni iş edinip gözled-aý!

**8. Pikir ýöretmeleriň haýsysy ýalňyş?**

a) Tekstiň düzümindäki sözlemler özara many taýdan baglanyşýarlar.
b) Tekstde sözlemler grammatik taýdan hem baglanyşýarlar.
ç) Tekstiň düzüminde iki we ondan köp sözlem bolýar.
d) Tekst iki ýa-da ondan köp sözlerden düzülýär.

**9. Morfologik derňewde nämäni derňemeli?**

a) sesleri;
b) sözleriň gelip çykyşyny;
ç) sözleriň gurlusyny we ýasalyşyny;
d) sözlemleriň gurluşyny.

**10. Sözlemde sözlem agzalary öz orunlarynda gelýän bolsa, oňa näme diýilýär?**

a) göni söz tertibi;
b) erkin söz tertibi;
ç) gytaklaýyn söz tertibi;
d) ugurdaş söz tertibi.

8. Sargyt № 1641

11. **Aşakdaky sözlemleriň haýsysy tekste gosulysmaýar?** ***Gözeliň kakasy mugallym bolup işleýär (I). Onuň gürrüňini üns berip diňleýäris (II). Bu gürrüňler göwnümizden turýar (III). Jerenjik akyllyja gyz (IV).***

a) I; b) II; ç) III; d) IV.

12. **Modal söz:**

a) hem; b) tas; ç) bäý-bä; d) ýöne.

13. ***Däl*** **modal sözi:**

a) tassyklamagy aňladýar;
b) berk ynanmagy aňladýar;
ç) ýoklugy aňladýar;
d) çak etmegi aňladýar.

14. **Sözlemde sözleriň göni tertibi sözleýşiň haýsy tärine mahsus?**

a) çeper täre;
b) resmi iş täre;
ç) gepleşik tärine;
d) sözleýşiň ähli tärlerine hem.

15. ***Onuň ýüzi... ak boldy.*** **Köp nokada derek haýsy modal sözi goýmaly?**

a) şar; b) duw; ç) gyp; d) tas.

16. **Haýsy sözlemde güýçlendirmegi aňladýan modal söz bar?**

a) Pälwanyň göwresi ýaman uludy.
b) Obamyz hanhajykga, daşda däl.
ç) Ertir hökman ýagys ýagar.
d) Eşidilen habar çyn bolmaga çemeli.



17. **Sorag aňlatmaga kömek edýän ownuk bölekler:**

a) -my, -mi, -ka, -kä;
b) -la, -le, -a, -e;
ç) -da, -de;
d) -laý, -leý.

18. **Haýsy sözüň omonimi bar?**

a) kitap; b) çöl; ç) toprak; d) bag.

19. ***Bu gezelenje Meredem gidipdir.*** **Sözlemdäki ownuk bölek:**

a) bu;
b) Meredem;
ç) gidipdir;
d) ownuk bölek ýok.

20. **Haýsy sözlemde baş agzalar dogry bellenipdir?**

a) Daşdan görünýän dagyň basy dumanlap durdy.
b) Durdy çopan goýunlaryň yzy bilen ýöräp barýar.
ç) Gys öz ornuny ýaza berdi.
d) Deňizden öwüser ýeli Gürgeniň (Magtymguly).

21. ***Depä çykasym gelýär,***
***Läle kakasym gelýär,***
***Desse boýly, jan joram,***
***Seni göresim gelýär.*** **Bu läle bendinde:**

**I. Ýöňkeme gosulmasyny kabul eden sözleriň sany näçe?**
**II. Ýöneliş düşümde gelen sözleriň sany näçe?**
**III. At çalysmalarynyň sany näçe?**

a) I–4, II–1, III–1;
b) I–3, II–3, III–1
ç) I–3, II–2, III–2;
d) I–2, II–3, III–1.

22. **Dürs ýazylan söz:**

a) ýügrük; b) towalak; ç) geýnüwli; d) ýörüte.

23. ***We, hem, emma, -da, -de* – bular:**

a) sözsoňy kömekçiler;
b) baglaýjy kömekçiler;
ç) ümlükler;
d) modal sözler.

24. **Haýsy pikir ýöretme nädogry?**

a) **Şar, gyp, çuw** – bular güýçlendirmegi aňladýan modal sözlerdir.
b) Ümlükler adamyň içki duýgusyny aňlatmak üçin ulanylýar.
ç) **Wiý, be** ümlükleri begenmegi aňladýar.
d) **-a, -ä, -ha, -hä...** – bular ownuk böleklerdir.

25. **Sözlemde sözler nähili baglanyşýarlar?**

a) diňe goşulmalaryň kömegi bilen;
b) diňe baglaýjylar arkaly;
ç) sözleriň tertibi, goşulmalar we baglaýjylar arkaly;
d) aýratyn bir şerti ýok.

## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. ***Biz, hezil, hut, howluk.*** Bu sözleriň haýsysy özbaşdak many aňlatmaýar?
2. ***Ýagyş damjalary*** söz düzüminde haýsy düşümdäki atlar bar?
3. ***Jerendir Aýna mekdebe bile geldi.*** Bu sözlemde haýsy baglaýjy bar?
4. Gezekleşigi bildirýän baglaýjylar haýsylar?
5. ***Ol (dosty) tarap gujak gerip ýöneldi. Tarap*** sözsoňusy ***dosty*** sözüniň haýsy düşümde bolmagyny talap edýär?
6. Geplesikde ownuk bölekleriň manysy nämeden belli bolýar?
7. ***Bary-ýogy iki minut galypdyr.*** Bellenen söz näme?
8. Ýazuwda ümlükler sözlemiň beýleki agzalaryndan näme bilen tapawutlandyrylýar?
9. ***Köçeme-köçe ählisini bilýär.*** Sözlemde ownuk bölek barmy?
10. Sözlere, sözlemlere goşmaça many öwüşginini berýän söz böleklerine näme diýilýär?

### Sözlem derňewi

***Baý-bow, bu bolsuň bilen-ä juda gülkünç görünýärsiň.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Üýtgedÿji goşulmalary kabul eden sözleri tapyň.
2. Ownuk bölek goşulan sözleri tapyň.
3. Modal sözler haýsylar?
4. Sözlemde dymyk çekimsizleriň haýsylary bar?
5. Ümlük bolup gelen sözi tapyp, onuň gurluşyny ýazyň.
6. Atlaşan işligi tapyň.
7. Sözlemdäki modal söz many taýdan nämäni aňladýar?
8. Ümlük bolup gelen sözüň many aýratynlygyny anyklaň.
9. Sözlemdäki sözsoňy kömekçi many taýdan nämäni bildirýär?
10. Artyklyk derejedäki hallary tapyň.

## VI synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | A | B | B | Ç |
| 2 | Ç | Ç | Ç | D |
| 3 | B | B | B | A |
| 4 | Ç | A | B | Ç |
| 5 | Ç | B | A | B |
| 6 | A | Ç | B | D |
| 7 | A | Ç | D | Ç |
| 8 | B | B | B | D |
| 9 | B | A | B | Ç |
| 10 | Ç | B | D | A |
| 11 | B | Ç | Ç | D |
| 12 | A | A | D | B |
| 13 | A | B | B | Ç |
| 14 | Ç | A | Ç | B |
| 15 | B | B | Ç | B |
| 16 | Ç | B | Ç | A |
| 17 | B | Ç | B | A |
| 18 | A | B | D | D |
| 19 | A | B | A | B |
| 20 | B | A | Ç | A |
| 21 | Ç | B | Ç | A |
| 22 | B | B | B | Ç |
| 23 | A | Ç | B | B |
| 24 | A | B | A | Ç |
| 25 | B | B | D | Ç |



## Türkmen dilinden VI synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. Düzme işlik.
2. **Görer.**
3. **Ol, bu, kimdir birine, hiç zat.**
4. Bäş.
5. Gysgaldylan goşma at.
6. *-yş, -iş, -uş, -üş, -ş.*
7. Ýeňiş düşümdäki.
8. **Gyzygýar, öýdýär, kertýär, birigýär.**
9. Söz üýtgediji.
10. Isligiň ýükletme derejesini.

### Sözlem derňewi

1. Düýp, gaýdym derejelerine.
2. Birinji bogny uzyn aýdylýar.
3. Ýöneliş we ýeňiş düşümindäki.
4. **Okaber.**
5. Atdan.
6. Sada, goşma.
7. Çekimlisi gysga aýdylýar.
8. B [V].
9. Dört.
10. Ünsli.

### II çärýek

1. Anyk häzirki zamanda.
2. **Görer gözüň.**
3. Dowamly öten zaman.
4. Işlik.
5. Üç.

6. Sylamyş, bardyr, gark bolmuş.
7. Ortak işlik.
8. Hal işlik.
9. Sekiz.
10. Kişmiş.

### Sözlem derňewi

1. Okan,okamadyk.
2. Köpi gören.
3. Nämälim geljek zamandaky, anyk öten zamandaky.
4. Ýaşuly,gaýratly.
5. Diýip.
6. [okomoduk].
7. Hökmanlyk şekili.
8. Gören, okan, okamadyk.
9. Ýeňiş, baş, ýöneliş, eýelik düşümlerinde.
10. Gören, okan, okamadyk, sargady.

### III çärýek

1. Ýaňy.
2. Indi.
3. Atdan.
4. Hal-ýagdaýy.
5. Mukdar – ölçeg bildirýän hallar.
6. Sebäbi.
7. Almadyk, gelmedik.
8. Oturanok, ýatanok.
9. Dört.
10. Baglaýjylar.

### Sözlem derňewi

1. Ýüzin, arkanlygyna.
2. Kenardaky.



3. Ýasama.
4. Kä, käte.
5. Dowamly öten zamandaky.
6. Öýle wagty.
7. Öýle wagty.
8. Çagalar, öýle wagty, ýatyp.
9. Düýp derejä.
10. Gezekleşigi bildirýän düzmeli baglaýjylar.

### IV çärýek

1. **Hut.**
2. Eýelik düşüm we baş düşüm.
3. *-dir.*
4. Kä, käte.
5. Ýöneliş düşümde.
6. Äheňden.
7. Modal söz.
8. Otur (,).
9. Bar (*-me*).
10. Ownuk bölekler.

### Sözlem derňewi

1. Bolsuň, görünýärsiň.
2. Bilen-ä.
3. Juda.
4. ***ş, k, ç, s.***
5. ***Baý-bow,*** tirkeş ümlük.
6. Bolsuň.
7. Güýçlendirmegi aňladýar.
8. Ynsan duýgusyny bildirýän ümlük.
9. Bilelikdeligi bildirýär.
10. Juda gülkünç.

# VI SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

1. **Haýsysy halk döredijiligine degisli däl?**
   a) hekaýa; b) dessan; ç) rowaýat.
2. **Bular «Nejep oglan» dessanynyň gahrymanlary. Haýsysy artykmaç?**
   a) Sona; b) Aşyk Aýdyň; ç) Bibijan.
3. ***Namartlyk edip, uklap ýatan adamyny öldürmäýin-le.* Bu sözleri aýdan:**
   a) Salyr Gazan; b) Görogly; ç) Derse han.
4. **Oguz hanyň bir Hudaýlylyga çagyrysyny kimiň gyzy kabul edýär?**
   a) Gürhanyň; b) Güzhanyň; ç) Orhanyň.
5. **Bugaç hanyň kakasy:**
   a) Baýandyr han; b) Derse han; ç) Salyr Gazan.
6. **Aşyk Aýdyň piriň gubury haýsy welaýatda ýerleşýär?**
   a) Daşoguz; b) Balkan; ç) Ahal.
7. **«Gorkut ata» eposyndaky hanlar hanynyň ady:**
   a) Bugaç han; b) Salyr Gazan; ç) Baýandyr han.
8. **Derse hanyň gara öýe salynmagynyň sebäbi.**
   a) perzentsizligi üçin;
   b) malsyzlygy üçin;
   ç) toýa giç gelendigi üçin.



9. **«Görogly» eposynyň bölümleriniň atlandyrylyşy:**
   a) boý; b) şaha; ç) fasyl.
10. **Günhan näçe ýyllap patyşa bolupdyr?**
    a) 80 ýyl; b) 75 ýyl; ç) 70 ýyl.
11. **Göroglynyň atyny ogurlan:**
    a) Zeýnel kempir;
    b) Zulman kempir;
    ç) Zeýnep kempir.
12. **Bugaç hanyň ýarasyna kim melhem edýär?**
    a) tebip; b) atasy; ç) enesi.
13. **Salyr Gazan öýüniň talanandygy baradaky habary nädip bilýär?**
    a) çopandan sorap bilýär;
    b) gurtdan sorap bilýär;
    ç) suwdan sorap bilýär.
14. **Aşyk Aýdyň piriň Nejebe beren nesihaty:**
    a) sazy köp çalmak;
    b) tekepbirlik etmezlik;
    ç) aýdymy köp aýtmak.
15. ***Zürýat dilemedim, seni diledim...* Kim kime (nämä) aýdýar?**
    a) Görogly Gyratyna;
    b) Gülendam Görogla;
    ç) Görogly Agaýunusa.
16. **«Oguznama» barada ilkinji maglumatlar kimiň eserinde beýan edilipdir?**
    a) Abulgazy hanyň;
    b) Fazlalla Reşideddiniň;
    ç) Salar baba Gulaly oglunyň.

17. **Haýsysy liro-epiki eser däl?**

a) «Gorkut ata»;
b) «Keýmir kör»;
ç) «Nejep oglan».

18. ***Aç görseň doýur!***
***Ýalaňaç görseň, don at!***
***Bergiliň bergi-borçdan halas et!*** **Bu sözleri aýdan:**

a) Derse hanyň aýaly;
b) Baýandyr han;
ç) Salyr Gazanyň aýaly.

19. ***Nejebe gurbana geldim...*** **diýip, kim onuň üçin başyny goýmaga razy bolýar?**

a) Elbent bagşy;
b) Ahmet beg;
ç) Mylaýym han.

20. **Göroglynyň atyny ogurladan Nişapur patyşasynyň ady:**

a) Hünkar patyşa;
b) Baly beg;
ç) Reýhan arap.

21. **«*Oguz*» diýip kim at goýýar?**

a) Oguzyň özi;
b) Oguzyň kakasy;
ç) Oguzyň enesi.

22. **Görogly ar almak üçin kimiň üstüne gidýär?**

a) Hünkaryň;
b) Baly begiň;
ç) Reýhan Arabyň.



23. **Gyratyň ogurlanyp, Nisapura äkidilendigini Görogla aýdan:**

a) Agaýunus; b) Sapar Köse; ç) Gülşirin.

24. **Oguzyň nesil daragty haýsy pygamberden gaýdýar?**

a) Muhammet pygamberden;
b) Nuh pygamberden;
ç) Musa pygamberden.

25. ***Tur, Bibijan, baga seýle gideli!*** **diýen:**

a) Görogly; b) Agaýunus; ç) Gülendam.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. Oguz hana hyzmat edip, Gün hanyň maslahatçysy bolan adam.
2. Salyr Gazan söweşe äkitmejek bolup, kimi agaja daňyp gidýär?
3. Haýsy eseriň bölümlerine ***boý*** diýilýär?
4. Salyr Gazanyň öýüni talan duşman onuň ähli emlägi bilen birlikde kimleri ýesir alyp gidýär?
5. Oguz hanyň ogullarynyň sag we sol ganatlarynyň atlary näme?
6. ***Meniň özüm gerçek – Aly şägirdi,***
***Tekeli-türkmenli ilden bolar men*** diýip, kim kime aýdýar?
7. ***Aga, iň gowusy olary ýurtdan çykaraý*** diýip, Ahmet beg patyşa agasyndan kimleri sorap alýar?
8. Görogly ogurlanan Gyratynyň gözleginde näçe wagt ejir çekýär?
9. «Gorkut ata» eposy barada uly iş eden türkmen alymy kim?
10. «Oguznama» kitaby türkmen dilinde ilkinji gezek haçan neşir edildi?

## II çärýek

1. *«Saýatly-Hemra»*, *«Nejep oglan»* ýaly eserler halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişli?

a) erteki; b) rowaýat; c) dessan.

2. Kätibiniň *«Seniň üstüňde»* gosgusy haýsy wakalar barada?

a) 1858-nji ýyldaky Garrygala söwesi barada;
b) 1881-nji ýyldaky Gökdepe ursy barada;
ç) 1861-nji ýyldaky Sarahs ursy barada.

3. Bularyň ýaş taýdan ulusy:

a) Pomma Nurberdiýew;
b) Ata Atajanow;
ç) Çary Asyrow.

4. Ermeni gyzynyň söwesde halas eden türkmen esgeri:

a) Çary Asyrow;
b) Baýram Gurbanow;
ç) Nurmyrat Saryhanow.

5. Esger ädigi bilen Asgabatdan Berline çenli söwes ýoluny geçen frontçy sahyr:

a) Ata Durdyýew;
b) Çary Asyrow;
ç) Pomma Nurberdiýew.

6. *«Habar ber — Şeýledir»* atly gosgusynda Magtymguly kim bilen aýdysýar?

a) Zelili; b) Durdy sahyr; ç) Seýdi.

7. Andalybyň *«Jykyr»* gosgusyndaky taryplanýan:

a) däne üwelýän gural;
b) ekin ekmek üçin ulanylýan gural;
ç) suw çykarmak üçin ulanylýan gural.



8. *«Iň eý görýän adamyňyz barada*
*Düzme ýazyň» diýdi bir gün mugallym.*
*Hemmeler düzmesin tabşyrdy gitdi,*
*Bu uly klasda bir özüm galdym* (*B. Hudaýnazarow*). Bu bent haýsy sygyrdan alnan?

a) «Mugallym»;
b) «Ilkinji gosgy»;
ç) «Gosa derek».

9. *Gan öýülen gara toprak astynda*
*Türkmen esgeriniň mazary ýatyr.* Bu setirler kimiň haýsy eserinden?

a) Ata Atajanow, «Näbelli gahrymana»;
b) Çary Asyrow, «Ermeni gyzy»;
ç) Pomma Nurberdiýew, «Ädigimiň ýoly».

10. Magtymgulynyň «At ýanynda bellidir» sygrynyň temasy:

a) watançylyk; b) söýgi; ç) öwüt-nesihat.

11. Saýat hanyň ýurdy:

a) Gyzylalma; b) Diýarbekir; ç) Häzirbeýjan.

12. Nurmuhammet Andalybyň ýaşan ruhy eýýamy:

a) Magtymguly; b) Görogly; ç) Gorkut ata.

13. Mersiýe (elegiýa) görnüşinde ýazylan gosgy:

a) «Ermeni gyzy»;
b) «Daglar»;
ç) «Seniň üstüňde».

14. *«Bökdemäň meni»* sygryny ýazan:

a) Misgingylyç;
b) Durdy Gylyç;
ç) Çary Asyrow.

15. **Haýsysy Magtymgulynyňky däl?**

a) «Gidiji bolma»;
b) «Daglar»;
ç) «Näler görüner».

16. **Hemra kim bilen watanyna dolanyp gelýär?**

a) Saýat bilen;
b) Selbinýaz bilen;
ç) Mylaýym bilen.

17. **Wagt, döwür taýdan soň ýazylan sygyr:**

a) «Ýaraşmaz»;
b) «Ýzlamaýan bolarmy»;
ç) «Goşa derek».

18. **Güllä öwrülen türkmen saý-sepleri baradaky goşgyny ýazan:**

a) Pomma Nurberdiýew;
b) Çary Aşyrow;
ç) Berdinazar Hudaýnazarow.

19. **Magtymgulynyň «Gidiji bolma» sygry goşgy ýazylysynyň haýsy görnüşinde?**

a) mesnewi; b) murapbag; ç) müseddes.

20. **1927–2001 ý. Bu kimiň ýaşan ýyllary?**

a) Berdinazar Hudaýnazarowyň;
b) Pomma Nurberdiýewiň;
ç) Çary Aşyrowyň.

21. **Magtymgulynyň ilki okan medresesi:**

a) «Gögeldaş» medresesi;
b) «Idris baba» medresesi;
ç) «Şirgazy» medresesi.



22. ***Süýt beren ene dek edýärdi emi, Çawýardy ýüzüme ýakymly demi.* Bu setirler haýsy sygyrdan?**

a) «Ermeni gyzy»;
b) «Näbelli gahrymana»;
ç) «Ädigimiň ýoly».

23. ***«Durnanyň», «Kükiliň», «Ýaşylbaş», «Tabşyrdym»* ýaly halk aýdymlarynyň sözleri haýsy eserden alnan?**

a) «Görogly»;
b) «Nejep oglan»;
ç) «Saýatly- Hemra».

24. **Öweztagan Kätibiniň ýaşan ýyllary:**

a) 1828–1884;
b) 1810–1862;
ç) 1803–1881.

25. **Tebigatyň özbolușly gözelliginiň waspyny ýetirýän sygyr:**

a) «Ýaraşmaz»;
b) «Goşa derek»;
ç) «At ýanynda bellidir».

## Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. Magtymguly ***«Näler görüner»*** sygrynda kimiň saldyran binalary barada aýdýar?
2. Misgingylyjyň ***ýüz müň derdiň sypasy*** hasaplan zady näme?
3. ***Kätibi, Misgingylyç, Pomma Nurberdiýew, Ata Atajanow*** ýaly sahyrlar bilen bagly bolan bir umumylyk näme?

9. Sargyt № 1641

4. *Aldanyp gitmegil... ....*
*Ýagsylygy hiç wagt goýujy bolma.* Magtymgulynyň sygryndan galdyrylan sözleri ýazyň.
5. Öwrenen aýdyşyk görnüşli goşgyňyzyň adyny ýazyň.
6. Patyşanyň garawullary Aşyk Ahmedi näme üçin azat edýärler?
7. *Tamdyr tüsselänok küren obada,*
*Gapylarda gömlüp gitdi ojaklar* diýip başlanýan sygry ýazan şahyr kim?
8. *Ata Salyh – Türkmenistanyň halk şahyry.* Ýene kim şeýle ada mynasyp bolýar?
9. *Saýat han saňa örän mynasyp* diýip, Hemrany habardar eden kim?
10. Näme ... *agyr ile ýarasmaz*? (*Kätibi*).

## III çärýek

**1. Rubagy barada dogry jogap:**

a) aa, ba... sazlaşykly birnäçe bentden ybarat;
b) aaba sazlaşykly bir bentden ybarat;
ç) aa, bb... sazlaşykly birnäçe bentden ybarat;
d) abab, çççb... sazlaşykly birnäçe bentden ybarat.

**2. Arzygül haýsy eseriň gahrymany?**

a) «Soldat ýüregi»;
b) «Eneş»;
ç) «Kyrk üçünji ýylyň çöregi»;
d) «Ýurt eýesi».

**3. Uruş temasynda ýazylmadyk eser:**

a) «Soldat ýüregi»;
b) «Bilezik»;
ç) «Goşa derek»;
d) «Ädigimiň ýoly».

**4. Haýsysy mersiýe (elegiýa) däl?**

a) «Ýzlamaýan bolarmy»;
b) «Okaň»;
ç) «Seniň üstüňde»;
d) «Pederim».

**5. «Kyrk gyz» eposynyň baş gahrymany:**

a) Gülaýym;
b) Mylaýym;
ç) Gülendam;
d) Altynaý.

**6. Derwüşleri kim ýanyna çagyrýar?**

a) goja täjir;
b) wezir;
ç) patyşanyň gyzy;
d) Azatbagt patyşa.

**7. Magtymguly Pyraga öýkünilip ýazylan eser:**

a) «Türkmen binasy»;
b) «Ýurt eýesi»;
ç) «Hoş sözleri aýdyň birek-birege»;
d) «Okaň».

**8. *Çöküp otyr süri-süri düýeler,***
***Her birisi çölde gurlan öý olar.* Bu setirler haýsy sygyrdan?**

a) «Sen çölüň»;
b) «Türkmeniň»;
ç) «Garagum»;
d) «Türkmen sährasy».

**9. Haýsysy powest däl?**

a) «Enes»;
b) «Keýmir kör»;
c) «Ata sözi-mukaddes söz»;
d) «Ýurt eýesi».

**10. Beýik Watançylyk ursuna gatnasan sahyryň ýazan eseri:**

a) «Ganly saka»;
b) «Näbelli gahrymana»;
ç) «Urus»;
d) «Kyrk üçünji ýylyň çöregi».

**11. Oglanjygyň dükandan çörek almak üçin gören kynçylyklary barada ýazylan eser:**

a) «Watana howp etjek üç apat»;
b) «Kyrk üçünji ýylyň çöregi»;
c) «Enes»;
d) «Urus».

**12. Ene-ata bolan söýgi baradaky eser:**

a) «Ata sözi – mukaddes söz»;
b) «Enedir ene»;
ç) «Kakama niýetlenen maňyzlar»;
d) hemmesinde hem bu mesele gozgalan.

**13. Bäşleme gosgy düzülis görnüşinde ýazylan sygyr:**

a) «Türkmen binasy»;
b) «Hoş sözleri aýdyň birek-birege»;
c) «Ermeni gyzy»;
d) «Soldat ýüregi».

**14. Enesiň ejesi:**

a) Arzygül;
b) Mamur;



ç) Aksoltan;
d) Bibigözel.

**15. «Ýurt eýesi» eseriniň awtory:**

a) Gurbannazar Ezizow;
b) Anna Paýtyk;
ç) Ýylgaý Durdyýew;
d) Berdinazar Hudaýnazarow.

**16. Türkmen edebiýatynda rubagylary, sekizlemeleri bilen meşhurlyk gazanan şahyr:**

a) Ýylgaý Durdyýew;
b) Çary Aşyrow;
c) Mämmet Seýidow;
d) Gurbannazar Ezizow.

**17. Haýsysy oňyn (položitel) gahryman däl?**

a) Surtaýşa;
b) Allaýar;
c) Serbinäz;
d) Arslan.

**18. «Dört derwüş» eseri:**

a) pars edebiýatyna degişli;
b) türki edebiýatyna degişli;
ç) ýewropa edebiýatyna degişli;
d) hindi edebiýatyna degişli.

**19. *Diriler gezip ýör, gysyp dişlerin,***
***Ölenleň ölmüne sebäpkär ýaly.* Bu setirler haýsy eserden alnan?**

a) «Soldat ýüregi»;
b) «Bir dosty Kiýewde ýazyldy ýere»;
ç) «Näbelli gahrymana»;
d) «Ädigimiň ýoly».

20. **Asly işçi bolan alym şahyr:**

a) Ýylgaý Durdyýew;
b) Ata Atajanow;
ç) Mämmet Seýidow;
d) Gurbannazar Ezizow.

21. ***Dana sözler* näme bilen *bäs eder*?**

a) doga bilen;
b) jöwher bilen;
ç) gudrat bilen;
d) dünýä bilen.

22. ***Ol beýik Wolganyň sag kenaryndan***
***Alymlar tapdylar kaska, ýaragy.***
***Gapdalynda şindi ýere siňmedik***
***Ýatyrdy ... ...***
**Köp nokatlara derek aşakdakylaryň haýsysy gelmeli?**

a) esgeriň köne ýaragy;
b) bu dünýäň beýik diregi;
ç) esgeriň urýan ýüregi;
d) esgeriň iň bir geregi.

23. **Onuň eseri esasynda kinofilm döredildi. Bu kim?**

a) Mämmet Seýidow;
b) Anna Paýtyk;
ç) Gurbannazar Ezizow;
d) Ýylgaý Durdyýew.

24. **Horezmiň edermen ýigidi Arslanyň uýasy:**

a) Altynaý;
b) Gülaýym;
ç) Serbinäz;
d) Mylaýym.

25. **Wepalyny Mamur ejä ogullyga beren:**

a) Täzegül;



b) Bibigözel;
ç) Agajan aga;
d) Arzygül.

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. ***Bir uly toý tutdy enesi pahyr...*** Näme üçin?
2. Watana howp etjek üç apat haýsylar?
3. Ýeňiş güni haçan bellenilýär?
4. ***«Kyrk gyz»*** eposynyň ýazylyş aýratynlygy.
5. Tüýli aganyň («Ýurt eýesi») eliniň hünäri näme?
6. Bu şahyryň ýaşan türkmen milli şaý-sepleriniň birnäçesi onuň okan mekdebinde saklanylýar. Ol kim?
7. Adamlar stansiýa näme sebäpden üýşýärler? (*«Enes»*)
8. ***Kakaly bolmak, gör, nähili bagt. Ol Allanyň beren mukaddes peşgeşi.*** Bu setirler haýsy eserden?
9. ***«Dört derwüş»*** eseri hekaýa içinde hekaýa getirmek görnüşinde beýan edilipdir. Öň şeýle görnüşli kimiň haýsy eserini öwrendiňiz?
10. ***Daşky sypatyndan tanalmaz ynsan,***
***Ýüregin bilmeseň, diýmegin pylan.***
***Şol bir gülden arylar bal döretse,***
***Şol bir gülden zäher döredýär ýylan.***

Bu bent goşgy düzülişiniň haýsy görnüşinde ýazylypdyr?

## IV çärýek

1. **Alyşir Nowaýynyň türkmenleriň arasyndaky meşhur ady:**

a) Soltansöýün;
b) Muhammet;

ç) Wepaýy;
d) Myraly.

**2. Abulkasym Firdöwsiniň eseri:**

a) «Şanama»;
b) «Perhat we Şirin»;
ç) «Ker we hassa»;
d) «Dört derwüş».

**3. «Gulliweriň syýahaty» eserini ýazan:**

a) Žýul Wern;
b) Jonatan Swift;
ç) Daniel Defo;
d) Mir Amman.

**4. Žilin bilen Kostylin kimlere ýesir düşýär? (*«Kawkaz ýesiri»*).**

a) ruslara;
b) ermenilere;
ç) türkmenlere;
d) tatarlara.

**5. Perhat Isgenderiň aýnasyna seredip, haýsy ýurdy görýär? (*«Perhat we Şirin»*).**

a) Ýemen ýurduny;
b) Türküstany;
ç) Ermeni ýurduny;
d) Hindistany.

**6. Ilki ýazylanda, hakyky ady «Bag we bahar» bolan eser:**

a) «Kyrk gyz»;
b) «Ker we hassa»;
ç) «Dört derwüş»;
d) «Şanama».



**7. Robinzon Kruzonyň syýahata başlamagyna kimiň sözi sebäp bolýar?**

a) doganynyň;
b) dostunyň;
ç) kakasynyň;
d) ejesiniň.

**8. Romanyň ylmy-fantastiki görnüşini esaslandyryjylaryň biri bolan belli fransuz ýazyjysy:**

a) Žýul Wern;
b) Daniel Defo;
ç) Lew Tolstoý;
d) Jonatan Swift.

**9. Haýsysy öň ýaşap geçen?**

a) Alyşir Nowaýy;
b) Magtymguly;
ç) Jonatan Swift;
d) Lew Tolstoý.

**10. Daýhan çagalaryna bilim bermek üçin, ýörite mekdep açan akyldar ýazyjy:**

a) Jelaleddin Rumy;
b) Žýul Wern;
ç) Daniel Defo;
d) Lew Tolstoý.

**11. *Hyzmat etdim diýip hoşal oturdy,***
***Goňşy hakyn ýerne saldym öýtdi.* Bu setirler haýsy eserden?**

a) «Şanama»;
b) «Ker we hassa»;
ç) «Perhat we Şirin»;
d) «Alym we gämiçi».

12. Gündogarda şahyrlaryň şasy hasaplanan Unsurynyň: *Ol biziň diňe bir ussadymyz däl, ol her bir jähetden hökümdarymyzdyr, biz bolsa onuň gullarydyrys* diýip, ýokary baha beren şahyry:

a) Jelaleddin Rumy;
b) Abulkasym Firdöwsi;
ç) Alyşir Nowaýy;
d) Mir Amman.

13. Bularyň haýsysy roman däl?

a) «Kapitan Grantyň çagalary»;
b) «Robinzon Kruzonyň başdan geçirenleri»;
ç) «Kawkaz ýesiri»;
d) «Gulliweriň syýahaty».

14. Köşeňýän halka dagy gazyp, suw geçirip beren:

a) Perhat; b) Hysrow; ç) Şirin; d) Şapur.

15. Žiliniň ýesirlikden boşamagyna kömek eden:

a) dostlary; b) tatarlar; ç) Dina; d) kazaklar.

16. Çagalary kapitan Granty nireden tapýarlar?

a) Günorta Amerikadan;
b) Afrikadan;
ç) Awstraliýadan;
d) Täze Zelandiýadan.

17. Gündogar edebiýatynyň ussat şahyrynyň keşbi janlandyrylan türkmen halk dessany:

a) «Saýatly-Hemra»;
b) «Görogly»;
ç) «Nejep oglan»;
d) «Gülpam».



18. *Adam üçin hemme kärem hormatlydyr* diýen parasatly pähim haýsy eseriň baş pikiri?

a) «Ker we hassa»;
b) «Alym we gämiçi»;
ç) «Perhat we Şirin»;
d) «Gülpam».

19. «Şanamanyň» Rüstemiň gahrymançylygyna bagyşlanan bölümi:

a) hemme bölümi hem;
b) birinji bölümi;
ç) ikinji bölümi;
d) üçünji bölümi.

20. Angliýaly gämi lukmanynyň başdan geçirenleri baradaky eser:

a) «Kapitan Grantyň çagalary»;
b) «Robinzon Kruzonyň başdan geçirenleri»;
ç) «Gulliweriň syýahaty»;
d) «Kawkaz ýesiri».

21. Dünýä belli meşhur «Mesnewileriň» awtory:

a) Mir Amman;
b) Alyşir Nowaýy;
ç) Jelaleddin Rumy;
d) Abulkasym Firdöwsi.

22. Ýazyjy Daniel Defo dünýä derejesinde abraý getiren roman:

a) «Gulliweriň syýahaty»;
b) «Robinzon Kruzonyň başdan geçirenleri»;
ç) «Kawkaz ýesiri»;
d) «Kapitan Grantyň çagalary».

23. ... *etmeli işini özünden bilýänçä ony uruň. Aýdyp iş etdirjek bolsaň, turup özüň edäýseň bolmaýarmy?* **Bu sözleri aýdan:**

a) Gülaýym; b) Zilin; c) Myraly; d) Gülpam.

**24. Bularyň haýsysy XIX asyrda ýaşap geçipdir?**

a) Žýul Wern;
b) Daniel Defo;
c) Alyşir Nowaýy;
d) Jonatan Swift.

**25. Akyl-paýhasyň tarypy bilen başlanýan eser:**

a) «Şanama»;
b) «Gülpam»;
c) «Perhat we Şirin»;
d) «Ker we hassa».

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar hem ýumuşlar:

1. Barmak boýly we äpet adamlaryň arasyna düşen kim?
2. Dört akyldar – dilewar dostlar barada ýazylan dessanyň ady näme?
3. ***Žýul Wern, Abulkasym Firdöwsi, Lew Tolstoý, Jelaleddin Rumy*** ýaly ýazyjy-şahyrlara degişli bir umumylyk.
4. UNESKO-nyň «***Jelaleddin Rumy ýyly***» diýip yglan eden ýyly.
5. Abulkasym Firdöwsi «Şanama» poemasyny näçe ýylda ýazyp gutarýar?
6. ***Meri, Robert, Glenarwan, Ýelena, Mak Nabs*** we beýlekiler haýsy eserde hereket edýän gahrymanlar?



7. Haýsy akyldar şahyryň adyny türkmen dutarynyň bir perdesi göterýär?
8. Balhda doglup, Türkiýäniň Konýa şäherinde ýaşan sopy-şahyr kim?
9. Abulkasym Firdöwsiden «Şanamany» ýazmagy haýyş eden.
10. Ömrüniň soňky ýyllarynda Maksim Gorkiý, Anton Çehow ýaly ýaş ýazyjylara halypalyk eden rus edebiýatynyň görnükli wekili kim?

## VI synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | A | Ç | B | D |
| 2 | Ç | B | D | A |
| 3 | B | A | Ç | B |
| 4 | Ç | A | B | D |
| 5 | B | Ç | A | Ç |
| 6 | A | B | D | Ç |
| 7 | Ç | Ç | A | B |
| 8 | A | B | Ç | A |
| 9 | B | A | Ç | A |
| 10 | Ç | Ç | A | D |
| 11 | B | A | D | B |
| 12 | Ç | A | D | B |
| 13 | A | Ç | B | Ç |
| 14 | B | B | Ç | A |
| 15 | A | B | B | Ç |
| 16 | B | A | Ç | D |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 17 | B | Ç | A | D |
| 18 | A | Ç | D | B |
| 19 | Ç | B | B | Ç |
| 20 | B | A | A | Ç |
| 21 | A | B | A | Ç |
| 22 | Ç | A | Ç | B |
| 23 | A | Ç | B | D |
| 24 | B | Ç | A | A |
| 25 | Ç | B | D | A |

## Edebiýatdan soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. Yrgyl Hoja.
2. Garaja çopany.
3. «Gorkut ata» eposynyň.
4. Aýaly Burla hatyny, ogly Orazy, garry enesini.
5. Bozok we Üçok.
6. Görogly Gülendama.
7. Nejep bilen Mylaýymy.
8. Bir ýyllap.
9. Professor Mäti Kösäýew.
10. 1990-njy ýylda.

### II çärýek

1. Isgender, Jemşit.
2. Daglar.
3. Hemmesi hem Magtymguly ruhy eýýamynyň şahyrlary.



4. ... *şeýtan sözüne.*
5. «Habar ber – Şeýledir».
6. Aşyk Ahmediň aýdym-sazyň gudraty bilen gökdäki durnalary ýere gondurany üçin.
7. Berdinazar Hudaýnazarow.
8. Durdy Gylyç.
9. Gara Pudak.
10. Agzalalyk.

### III çärýek

1. *Dogduk diýaryna dolandy esger.*
2. Azgynlyk, men-menlik, agzalalyk.
3. Her ýylyň 9-njy maýynda.
4. Ol boýdan-başa sygyr bilen ýazylan.
5. Ýylgyndan sebet, kepbe örmek.
6. Gurbannazar Ezizow.
7. Urşa gidýänleri ugratmak üçin.
8. «Ata sözi – mukaddes söz».
9. Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» hekaýasy.
10. Rubagy görnüşinde.

### IV çärýek

1. Gulliwer.
2. «Gülpam».
3. Bular dünýä edebiýatynyň wekilleri.
4. 2007-nji ýyl.
5. Otuz bäş ýylda.
6. «Kapitan Grantyň çagalary».
7. Nowaýy.
8. Jelaleddin Rumy.
9. Soltan Mahmyt.
10. Lew Tolstoý.

## VII SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

### I çärýek

1. ***Magtymguly, sözle her ne bileniň. Tiliňde bolmasyn gybat-ýalanyň.*** **Bu mysaldaky habar bolup gelen sözler:**
   a) bileniň;
   b) sözle, bolmasyn;
   ç) her ne;
   d) gybat-ýalanyň.

2. **Inçe we ýogyn çekimlileriň sazlaşygyna boýun egmeýän topar:**
   a) düşüm goşulmalary;
   b) -ym, -yň, -y, -ymyz, -myz, -ňyz;
   ç) -lar, -ler;
   d) -keş, -dar, -hana, -gär.

3. **Haýsy jogapda dar çekimliler düşürilip ýazylýar?**
   a) gaýyk, söwüt, bägül;
   b) gadyr, ezil, düzül;
   ç) dokuz, dönük, uçuş;
   d) göwün, towus, görüş.

4. **Nädogry beýan edilen kesgitleme:**
   a) Giň dodak çekimlileri türkmen dilindäki sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýar.
   b) Sada sözlerde dar dodak çekimlileri ikinji bogunda hem ýazylyp bilner.
   ç) Dar dodak çekimlileri goşma we alynma sözlerde 2-nji bogundan soňky bogunlarda hem ýazylyp bilner.
   d) Giň dodak çekimliler birinji bogundan soň hiç hili ýagdaýda hem ýazylmaýar.



5. **Sintaktik ýol bilen ýasalan garaşly söz?**
   a) taýgançak ýer;
   b) süsek mal;
   ç) ikicäk duşuşyk;
   d) gaýgyçyl adam.

6. **Pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**
   a) Söz – pikiri beýan etmekde iň esasy wezipäni ýerine ýetirýän dil birligidir.
   b) Sözler dürli manylary aňladýarlar.
   ç) Sözleriň ähli görnüşleri özbaşdak manyny aňladýar.
   d) Sözler söz üýtgediji we söz ýasaýjy goşulmalary kabul edýärler.

7. **Asyl sözi anyklaň.**
   a) or; b) orak; ç) orakçy; d) orakçylar.

8. **Haýsy pikir ýöretme dogry?**
   a) Goşulmalar özbaşdak many aňladýarlar.
   b) Goşulmalar sözleriň diňe yzyna goşulýarlar.
   ç) Söz üýtgediji goşulmalar sözlemde sözleri biri-birine baglaýarlar.
   d) Söz ýasaýjy goşulmalar hem sözlemde sözleri özara baglanyşdyrýarlar.

9. ***Elime ýarag alman, süýji dil bilen halky ýola saldym.*** **Bu jümläni aýdan:**
   a) Salyr Gazan;
   b) Oguz han;
   ç) Gorkut ata;
   d) Soltan Sanjar.

10. ***Aslynda ol sada, türkana oglandy.*** **Sözlemdäki «sada, türkana» sözleri nähili baglanyşýarlar?**
   a) garaşly; b) garaşsyz; ç) ylalaşma; d) säginme.

**11. Söz düzümi:**

a) sözleriň many hem grammatik taýdan özara baglanyşmagydyr;
b) sözleriň özara goşulyşmagydyr;
ç) sözlemleriň many hem grammatik taýdan özara baglanyşmagydyr;
d) sözleriň tirkeşip gelmegidir.

**12. Grammatikanyň sözlemleri we söz düzümlerini öwrenýän bölümi:**

a) fonetika;
b) morfologiýa;
ç) leksika;
d) sintaksis.

**13. Hallar hakynda pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Hallar atlara baglanyp, olary sypatlandyryp gelýärler.
b) Hallar işliklere baglanyp, hereketiň nähili, näsekilli ýagdaýda ýüze çykandygyny aňladýarlar.
ç) Hallar düşüm, degişlilik, san goşulmalaryny kabul etmeýärler.
d) Hallar dürli söz toparlaryndan ýasalyp bilner.

**14. Işlik şekilleri. Haýsy artykmaç?**

a) hökmanlyk;
b) hyýal-niýet;
ç) şert;
d) gaýdym.

15. ***Edilmeli iş, XXI asyr, okamak üçin aldym, irden turmak, Şükür bagşy, bagdaky guşlar.***
**Ýanaşma täri arkaly baglanyşan söz düzümleri:**

a) bäş sany;
b) alty sany;



ç) dört sany;
d) üç sany.

**16. Sözlemdäki sözleriň deňhukukly baglanyşygy:**

a) ylalaşma; b) garaşly; ç) garaşsyz; d) eýerme.

**17. Sada söz düzümi:**

a) ala süsek sygyr;
b) gül ýaly çaga;
ç) çopan tüýdüginiň sesi;
d) bulanyk sil suwy.

**18. Durnukly söz düzümini anyklaň.**

a) ata münmek;
b) çalt münmek;
ç) gazaba münmek;
d) howlukman münmek.

**19. Erkin söz düzümi barada nädogry pikir ýöretme:**

a) Erkin söz düzümlerinde bir esasy söze birnäçe garaşly söz baglanyp biler.
b) Bu söz düzüminde garaşly söz bilen esasy sözleriň arasyna başga sözler hem düşüp bilýär.
ç) Munda garaşly sözleriň orun taýdan ýerleşişi erkin bolmaýar.
d) Onuň düzüminde garaşly sözi aýyklaýan söz hem bolup biler.

**20. Ýaýbaňlanan (çylşyrymly) söz düzümi:**

a) bal ýaly gawun;
b) gül deý näzik;
ç) ýyldyrym dek ýalpyldy;
d) obadaky täsin waka.

**21. Haýsynda durnukly söz düzümi bar?**

a) Sazanda bir käse çaý içdi-de, dutaryny eline aldy.

b) Dutaryň taryna kakyp, oturanlara seretdi.
c) Dutaryň şirin owazy ýaňlanyp ugrady.
d) Häliden bäri gamasyp oturan Şadurdynyň hem bu saza ýüzi açylyp ugrady.

**22. Haýsysy düzme (çylşyrymly) söz düzümi?**

a) agzybirligiň güýji;
b) gyjagyň zaryn sesi;
c) ýagdaýa görä bolmak;
d) ir bilen oýanmak.

**23. Söz bölekleri derňelende, ýasaýjy goşulmalaryň belgilenişi.**

a) ^; b) ⌒; c) └─┘; d) ☐.

**24. Gymyldy-hereketi aňladyp, sözlemde, köplenç, habar bolup gelýän söz topary:**

a) hallar;
b) işlikler;
ç) ses we şekil aňladýan sözler;
d) çalyşmalar.

**25. Söz düzümindäki sözler aşakdaky usullarda özara baglanyşýarlar. Haýsy artykmaç?**

a) sözleriň tertibi bilen;
b) goşulmalar arkaly;
ç) sözsoňy kömekçiler arkaly;
d) baglaýjy kömekçiler arkaly.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Ýedi ýaşan arap at*** – manysy, gurluşy, görnüşi taýdan nähili söz düzümi?



2. Garaşly we esasy sözüň sanda hem ýöňkemede sazlaşyp gelmegine nähili baglanyşyk diýilýär?
3. Goşulma goşulan söz: ***Arslan, günorta, nähoş, göwün.***
4. ***Porsyderman, ýeketäk, Mämmetaman.*** Sözleriň dogry ýazylany barmy?
5. ***Tapawut, gürlewük*** – näme üçin üçünji bogunda ***u, ü*** ýazylypdyr?
6. ***«Özüni öwen ýigidiň tanapy çüýrük»*** sözleminden söz düzümlerini saýlap ýazyň.
7. Söz düzüminde atlary täsirini geçirýän işlik bilen baglanyşdyrýan düşüm haýsy?
8. ***Garpyz çigidi*** – garaşly söz esasy söz bilen haýsy düşüm arkaly baglanyşypdyr?
9. ***Bagyr*** hem ***öýken*** sözlerini goşma söz görnüşinde ýazyň.
10. Esasy sözden we garaşly sözden ybarat bolan sintaktik birlige näme diýilýär?

## Sözlem derňewi

***Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň parlak ýyldyzy bolup, göwünlerimizi göterýän şahyrdyr.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Ýasama sözleri tapyň.
2. Haýsy sözde degişli goşulma goşulanda, ikinji bogundaky dar çekimli düşüp biler?
3. Atlaryň üýtgediji goşulmalarynyň görnüşleriniň hemmesi goşulan sözi tapyň.
4. Sözlemde nähili işlikler bar?
5. Durnukly söz düzümi haýsy?
6. Erkin, sada, isim söz düzümlerini tapyň.

7. Sözlemdäki erkin, sada, isim söz düzümleriniň esasy sözleri haýsy söz toparyndan?
8. Eýelik düşümde gelen sözler haýsylar?
9. Sözlemdäki sözler nähili baglanysypdyr?
10. Özbaşdak many aňladýan söz toparlarynyň haýsysyna degişli sözler ýok?

## II çärýek

1. **Garaşly söz esasy söz bilen diňe tertip taýdan baglanyşanda, haýsy baglanyşykdaky söz düzümi emele gelýär?**

   a) ylalaşma; b) ýanaşma; ç) eýerme; d) garaşsyz.

2. ***Isimler* diýip, haýsy söz toparlary göz öňünde tutulýar?**

   a) atlardan beýleki söz toparlary;
   b) sypatlardan beýleki söz toparlary;
   ç) hallardan beýleki söz toparlary;
   d) işliklerden beýleki söz toparlary.

3. **Sözlemleriň pikir aňladyş hem aýdylyş taýyndan dürli-dürli bolmagyna täsir edýän:**

   a) basym; b) säginme; ç) äheň; d) ümlük.

4. ***Sözlemler pikir aňladyş hem aýdylyş taýyndan şeýle toparlara bölünýärler.* Haýsysy artykmaç?**

   a) sorag-ýüzlenme sözlemi;
   b) düzmeli goşma sözlem;
   ç) ýüzlenme sözlemi;
   d) habar sözlemi.

5. **Sözlemlerde many (logiki) basymyndan peýdalanylmagynyň nähili ähmiýeti bar?**

   a) sözlemde nygtaljak bolunýan sözi ýüze çykarmaga;
   b) sözlemiň baş agzalaryny anyklamaga;
   ç) söz düzümini ýüze çykarmaga;
   d) aýyklaýjylary anyklamaga.

6. **Haýsy säginmede *çopan* sözi Baýramyň kesp-kärini aňladýar?**

   a) Baýram || çopany tanady.
   b) Baýram çopany || tanady.
   ç) Iki ýagdaýda hem «çopan» sözi Baýramyň kesp-kärini aňladýar.
   d) Iki ýagdaýda hem «çopan» sözi Baýramyň kesp-kärini aňlatmaýar.

7. **Ýüzlenme sözlemi baradaky pikir ýöretmeleriň haýsysy artykmaç?**

   a) Bu sözlem içki josguny aňladýar.
   b) Ol belent heň bilen aýdylýar.
   ç) Onuň habaryna *-my, -mi, -myka, -mikä* goşulmalary goşulýar.
   d) Ýazuwda bu sözlemiň soňunda ýüzlenme belgisi goýulýar.

8. ***Garaşly söz esasy söze, onuň talap etmegine görä, düşüm goşulmalarynyň ýa-da sözsoňy kömekçileriň üsti bilen baglanyşýar.* Haýsy baglanyşyk barada pikir ýöredilipdir?**

   a) ylalaşma; b) ýanaşma; ç) eýerme; d) garaşsyz.

9. ***Eýe bilen habaryň arasynda aşakdaky şertlerde kese çyzyk goýulmaly.* Haýsysy artykmaç?**

   a) eýe bilen habaryň arasynda kömekçi söz getirilse;
   b) eýe bilen habar, esasan, baş düşümdäki isimlerden bolsa;
   ç) eýe görkezme çalyşmasyndan, habar atlardan bolsa;
   d) eýe ortak işlikden, habar atdan bolsa.

**10. Sözlem barada haýsy teswir nädogry?**

a) Baş agzalary bolýar.
b) Bir sözden we köp sözden bolup bilýär.
ç) Gutarnykly äheň bilen aýdylyp, gutarnykly pikiri aňladýar.
d) Sözlerden aňlanylýan düşünjäni anyklaşdyrýar.

**11. Bularyň haýsynda durnukly söz düzümi ýok?**

a) Bu zatlar oňa ýaramady.
b) Başyňa belany satyn almazlar.
ç) Ol sakyrdap ýürege düşdi.
d) Gözden düşmek gowy däl.

**12. Eýesi näbelli sözlemleriň habarlary baradaky dogry jogap:**

a) Habarlary isimlerden bolýar;
b) Olar işligiň hökmanlyk derejesinde we mälim geljek zaman işliginde bolýar;
ç) Habarlary häzirki we öten zaman işliklerinden bolýar;
d) Habar işligiň buýruk derejesinde bolýar.

**13. Eýesiz sözlem:**

a) Size wagtynda habar ýetirip bilmedim.
b) Abraý almak üçin işe yhlasly ýapyşmaly.
ç) Onuň saňa heniz hem garaşyp durşy.
d) Ýazky dynç alyşda gezelenje gidipdik.

**14. *Gelipdir, bir zaman öter garyplyk* (Kemine). Sözlemiň habary:**

a) gelipdir;
b) gelipdir, öter;
ç) zaman öter;
d) öter garyplyk.



**15. Haýsy sözlemiň eýesi daşynda?**

a) Bar malyňa kanagat et.
b) Adam işeňňir bolmaly.
ç) Mal zähmet çekmek arkaly gazanylýar.
d) Ýatan öküze iým ýok.

**16. *Ýaşlar toýdan soň täze jaýa göçüp bardylar.* Gurluşy taýyndan:**

a) goşma sözlem;
b) ýygnak ýönekeý sözlem;
ç) çylşyrymly söz düzümi;
d) ýaýraň ýönekeý sözlem.

**17. Haýsy nädogry?**

a) Sözlemiň eýesi baş düşümde gelýär.
b) Sözlemiň eýesi sada, düzme, tirkeş ýa-da goşma bolup bilýär.
ç) Sözlemiň eýesi diňe atlardan bolýar.
d) Sözlemiň eýesi, köplenç, habardan öň gelýär.

**18. Ýygnak ýönekeý sözlem:**

a) Kitaby aldy.
b) Maral gürrüň berdi.
ç) Çaga howluda oýnaýar.
d) Bularyň hemmesi hem ýygnak ýönekeý sözlem.

**19. Baş agzalaryň dogry bellenen sözlemi.**

a) Siziň haýsyňyz gyzykly kitap okajak?
b) Siziň haýsyňyz gyzykly kitap okajak?
ç) Siziň haýsyňyz gyzykly kitap okajak?
d) Siziň haýsyňyz gyzykly kitap okajak?

**20. *Tomsuna ir turulýar.* Sözlemiň eýesini anyklaň.**

a) tomsuna;
b) eýesi daşynda;

ç) eýesi näbelli;
d) eýesiz.

21. *Uzak ýola ugrady.* **Bu sözlem:**
a) ýygnak ýönekeý sözlem;
b) doly däl sözlem;
ç) doly sözlem;
d) eýesiz sözlem.

22. **Diňe baş düşümde gelýän agza:**
a) aýyrgyç;
b) habar;
ç) eýe;
d) doldurgyç.

23. **Sözlemde esasy pikiri aňladyp, olaryň grammatik özeni bolup durýan sözler:**
a) aýyrgyçlar;
b) doldurgyçlar;
ç) baş agzalar;
d) sözlem agzalary.

24. **Haýsysy tapawutly?**
a) bal ýaly üzüm;
b) gül dek içeri;
ç) Görogly kimin gahryman;
d) it ýaly ýadamak.

25. *Lukman hekim çagalaryna wesýet eden.* **Sözlemiň eýesi gurluş taýdan:**
a) sada eýe;
b) düzme eýe;
ç) goşma eýe;
d) sözlemiň eýesi ýok.



## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Sorag-ýüzlenme sözlemi nähili heň bilen aýdylýar?
2. ***Bilmek*** işligi özüne baglanýan garaşly sözüň haýsy düşümde gelmegini talap edýär?
3. Sözlemi dogrulap ýazyň: ***Dönd...niň gaý...nynyň gel...ninden göw...n...niň hoşd...gy on...ň sözleý... – sinden-de aňdyrýardy.***
4. **«Işlemedik – dişlemez».** Sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan? (Anyk jogabyny ýazyň).
5. **Halal zähmetiň miwesi süýji.** Sözlemiň habary haýsy söz toparyndan?
6. **Annaoraz, birküç, ikatýok, altatar.** Ýalňyş ýazylan sözi tapyň.
7. ***Oňa seýdip göz ýetirilýär.*** Ýönekeý sözlemleriň haýsy görnüşine degişli?
8. ***Bu çaganyň enaýyjadygyny.*** Bu eýeli we eýesiz sözlemleriň haýsy görnüşine degişli?
9. ***Aýagy bişen ýaly alakjap ýörme.*** Bu sözlemde durnukly söz düzümi barmy?
10. ***Geýn...wli, maw...t*** – bu sözleri ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň.

### Sözlem derňewi

***Okuwçylar, genji-hazynaňyz, uly baýlygyňyz kitapdyr.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemiň eýesini ýazyň.
2. Eýe bolup gelen sözler many we gurluş taýdan haýsy topara degişli?
3. Sözlemiň habary haýsy?

4. Habar bolup gelen söz haýsy söz toparyndan?
5. Gurlusy taýyndan nähili sözlem?
6. Çekimsizleriň açyklaşma hadysasy ýüze çykan sözleri ýazyň.
7. Ýogyn çekimlileriň hemmesi (dördüsi hem) bolan sözi tapyň.
8. Sözlemde haýsy agza ýok?
9. *Genji-hazynaňyz.* Many taýdan nähili sözler?
10. Sypat bolup gelen sözi tapyň.

## III çärýek

1. ***Bu agzalar öz baglanýan sözleri taýdan iki topara bölünýärler.* Sözlemiň haýsy agzalary hakynda pikir ýöredilýär?**
   a) baş agzalar;
   b) aýyklaýjy agzalar;
   c) deňdeş agzalar;
   d) düzme habarlar.

2. **Sintaktik taýdan sözlemiň özenini düzýän agzalar:**
   a) baş we aýyklaýjy agzalar;
   b) aýyrgyçlar we doldurgyçlar;
   c) eýe we habar;
   d) deňdeş agzalar.

3. **Deňdeş agzalar hakynda pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**
   a) Deňdeş agzalar biri-birleri bilen garassyz baglanyşýarlar.
   b) Olar iki ýa-da köp sözden ybarat bolýarlar.
   c) Sözlemde gaýtalanyp gelýän sözler deňdeş agza hasaplanmaýar.
   d) Deňdeş agzalar, esasan, belli bir şekilde gelmeýärler.



4. **Doldurgyçlar:**
   a) eýä baglanýarlar;
   b) atlara, at hyzmatynda gelen sözlere baglanýarlar;
   c) işliklere, işlik hyzmatynda gelen sözlere baglanýarlar;
   d) olar erkin agzalardyr.

5. **Sözlemiň eýesi san we ýönkeme goşulmasyny kabul edip bilermi?**
   a) kabul edip biler;
   b) kabul edip bilmez;
   c) eger eýe eýelik düşümde gelse, kabul edip biler;
   d) dilde beýle kada ýok.

6. ***Kime?, nämä?, nirä?, näçä?* soraglaryna jogap bolýan aýyklaýjy:**
   a) ýöneliş doldurgyjy;
   b) wagt doldurgyjy;
   c) meňzetme aýyrgyjy;
   d) ýeňiş doldurgyjy.

7. ***Gün özüniň ýolunyň ýaňy ýarym essesini geçipdi.* Sözlemdäki wagt doldurgyjy:**
   a) özüniň; b) ýolunyň; c) ýaňy; d) ýarym essesini.

8. **Aýyrgyçlaryň baglanýan sözleri:**
   a) işliklere, işlik ornunda gelen sözlere;
   b) diňe sözlemiň habaryna;
   c) atlara, atlaşan sözlere;
   d) diňe deňdeş agzalara.

9. **... *Oňa ýetenleriň ýüregi <u>päkdir</u>.* Sözlemiň habary habarlyk goşulmasy goşulan:**
   a) at; b) sypat; c) hal; d) işlik.

10. *Gaýduwsyz goç ýigitler synmaz polat galamdyr*. **Bellenen sözler sözlemiň haýsy agzalary?**

a) «gaýduwsyz, goç» – aýyrgyç, «synmaz, polat» – doldurgyç;

b) «gaýduwsyz, goç» – doldurgyç, «synmaz, polat» – aýyrgyç;

ç) hemmesi hem doldurgyç;

d) hemmesi hem aýyrgyç.

11. *Aýlar, ýyllar ötüpdir*. **Sözlemde eýe bilen habaryň ylalasygy nähili?**

a) ýöňkemede ylalaşmandyr;

b) doly ylalaşyk bar;

ç) sanda ylalaşmandyr;

d) hiç hili ylalaşyk ýok.

12. *Köpetdag deýin kanagatyň bar*. **Haýsy aýyklaýjy bar?**

a) sypat aýyrgyjy;

b) meňzetme aýyrgyjy;

ç) meňzetme doldurgyjy;

d) hal-ýagdaý doldurgyjy.

13. **Haýsy dogry?**

a) Aýyrgyçlar islige, islik hyzmatynda gelen sözlere baglanýarlar.

b) Doldurgyçlar hiç hili söze baglanmaýarlar.

ç) Doldurgyçlar aýyrgyçlara baglanýarlar.

d) Aýyrgyçlar atlara, at hyzmatynda gelen sözlere baglanýarlar.

14. **Ýeňiş doldurgyjy nämäni bildirýär?**

a) gymyldynyň haýsy zada geçýändigini, haýsy zada täsir edýändigini;

b) gymyldynyň haýsy zada gönükdirilendigini;

ç) gymyldynyň haýsy pursatda geçýändigini;

d) gymyldynyň haýsy orunda geçýändigini.



15. **Aýyrgyçlar aýyklaýan sözlerine haýsy ýollar arkaly baglanýarlar?**

a) ylalaşma, garassyz, ýanaşma;

b) garassyz, ýanaşma, eýerme;

ç) ylalaşma, ýanaşma, eýerme;

d) hiç hili baglanmaýarlar.

16. **Deňdeş agzaly sözlemi anyklaň:**

a) Bu habar çyn bolsa, başym uly toý tutular.

b) Kakabaý aganyň bu sözlerine hem-ä düşünmedim, hemem geň galdym.

ç) Ene-ata, her näme-de bolsa, gyz öýe barmagy ýüreklerine düwdüler.

d) Joşaýyn, joşaýyn, gaýnap joşaýyn... (*«Saşenem–Garyp»*)

17. **Haýsy sözlemde meňzetme doldurgyjy bar?**

a) Sen bir tylla guýlan göweç seň.

b) Gülli ýaýlam başym aýlap, burk urýar.

ç) Zergärlikde Pyragy deý bolaýyn.

d) Pyragy kimin zergär az-azdyr.

18. *Batyr atdan ýykyldy, ýöne aglamady*. **Gurluşy taýdan:**

a) ýygnak ýönekeý sözlem;

b) deňdeş agzaly ýönekeý sözlem;

ç) goşma sözlem;

d) goşma habarly sözlem.

19. *Türkmen aňsat-aňsat adam hakda ýaramaz söz aýtmaz*. **Nädogry derňelen söz:**

a) *türkmen* – at aýyrgyjy;

b) *aňsat-aňsat* – hal-ýagdaý doldurgyjy;

ç) *ýaramaz* – sypat aýyrgyjy;

d) *söz* – ýeňiş doldurgyjy.

20. ***Sen Seljuklar hakyndaky täze romany okadyňmy?*** **Bellenen bölek:**

a) hakyndalyk aýyrgyjy;
b) hakyndalyk doldurgyjy;
ç) sebäp-maksat doldurgyjy;
d) degişlilik aýyrgyjy.

21. ***Ajaýyp Watany, ene topragy, keremli ýurduňyzy söýüň!*** **Bellenen sözler:**

a) deňdeş eýeler;
b) deňdeş aýyrgyçlar;
ç) deňdeş doldurgyçlar;
d) deňdeş habarlar.

22. **Deňdeş agzalar bolmak üçin:**

a) iki sözüň özara baglanyşmagy ýeterlik;
b) dürli soraglara jogap bolýan sözleriň bir söze baglanmagy gerek;
ç) bir soraga jogap bolýan sözleriň gaýtalanyp gelmegi gerek;
d) sözleriň deň hukukly gatnaşykda bolmaklary gerek.

23. **Sözlemde bir sözi nygtamak ýa-da içki joşguny añlatmak üçin, sözleriň orun taýyndan ýerleşiş tertibiniň üýtgedilmegi:**

a) inwersiýa;
b) intonasiýa;
ç) pauza;
d) punktuasiýa.

24. ***Gahrymanlyk göreldesin görkezip, Gardaşlaryň üçin täze ýol açdyň.*** **Sebäp-maksat doldurgyjy:**

a) gahrymanlyk göreldesin;
b) gardaşlaryň üçin;



ç) ýol açdyň;
d) täze ýol.

25. ***Ol günler hem geçip gitdi.*** **Bellenen söz:**

a) tirkeş habar;
b) sada habar;
ç) düzme habar;
d) goşma habar.

## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Günüň çoguna guzaýdaky garlar eräp gitdi.*** Haýsy söz nädogry peýdalanylypdyr we onuň ýerine başga haýsy söz gerek?
2. ***«Aýda gelseň, aýak iýersiň, günde gelseň, taýak iýersiň».*** Haýsy doldurgyçlar bar?
3. ***«Atly aga birigip, ata bolmaz, ýedi ýeňňe birigip – ene».*** Bellenen sözler haýsy aýyrgyç?
4. ***Gyş säheriniň ýitije aýazy bardy.*** Sypat aýyrgyjyny tapyň.
5. ***Bu almalar Ulugberdiniň bagynyň miwesi.*** Haýsy sözler degişlilik aýyrgyjy?
6. ***«Bilen bilenini işlär, bilmedik barmagyny dişlär».*** Sözlemiň eýesi haýsy söz toparyndan?
7. ***Maýsa kä kitap, käte gazet okaýardy.*** Sözlemde deňdeş agza bolup gelen sözler?
8. ***Dostumy nanyň owuntygy ýaly görýärin.*** Sözlemdäki doldurgyçlar nähili görnüşde gelipdir?
9. Atdaş aýyklaýjylar.
10. ***Oguz hanyň ýoly, köne türkmen rowaýaty, ata-babalarymyzyň topragy, bäş müň ýyl, aňrybaş uly gymmatlyk.*** Bulardan sada söz düzümlerini saýlaň.

11. Sargyt № 1641

## Sözlem derňewi

***Biz Magtymguly Pyragynyň goşgularyny höwes bilen okaýarys.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Baş agzalary tapyň.
2. Ýeňiş doldurgyjy.
3. ***Höwes bilen*** – bu nähili doldurgyç?
4. Habar haýsy zamanda?
5. At çalyşmasy.
6. Degişlilik aýyrgyjyny tapyň.
7. Eýe bilen habar nämede ylalaşýar?
8. **Goşgularyny** – nähili goşulmalary kabul edipdir?
9. Näme üçin **Pyragynyň** sözi baş harp bilen ýazylypdyr?
10. Gurluşy taýdan nähili sözlem?

## IV çärýek

**1. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler baradaky nädogry jogaby anyklaň:**

a) olar baş we aýyklaýjy agzalar bolup bilmeýärler;
b) sözleme goşmaça many berýärler;
ç) sözlemiň beýleki sözleri bilen bitewi äheňde aýdylýarlar;
d) sözlemdäki sözler bilen grammatik baglanyşygy ýok.

**2. *Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler şu aşakdakylardyr.* Haýsysy artykmaç?**

a) ýüz tutma sözler;
b) sözsoňy kömekçiler;
ç) giriş sözler we giriş sözlemleri;
d) ümlükler we jogap sözleri.



**3. *Dusdan geçen wagty yza dolap bolmaz.* Sözlemiň eýesi:**

a) wagty;
b) eýesi näbelli;
ç) dusdan geçen wagty;
d) eýesiz sözlem.

**4. *Çagadyň, <u>elbetde</u>, geň däl bu zatlar.*
*Galmagal, gykylyk eder bezzatlar.*
Aşagy çyzylan söz:**

a) ýüz tutma söz;
b) giriş söz;
ç) jogap söz;
d) ümlük.

**5. Haýsy sözlemde inwersiýa hadysasy ýüze çykypdyr?**

a) Men synladym.
b) Men kenarda synladym.
ç) Kenarda belent-pesini synladym.
d) Synladym kenarda belent-pesini.

**6. Haýsy derňew dogry? *Soltan (1) hezil (2) edip (3) güldi (4).***

a) 1 – eýe, 2-3 – hal-ýagdaý doldurgyjy, 4 – habar;
b) 1 – eýe, 2-3-4 – düzme habar;
ç) 1 – eýe, 2 – sypat aýyrgyjy, 3-4 – goşma habar;
d) 1 – eýe, 2 – sypat aýyrgyjy, 3 – hal-ýagdaý doldurgyjy, 4 – habar.

**7. Jemleýji sözüň ulanylan sözlemi:**

a) Ýyllyk işleriň jemini jemlediler.
b) Bu işe olaryň ikisi-de gatnaşdy.
ç) Gerekli zatlaryň hemmesini bir ýere jemlediler.
d) Merjen, Gözel – ikisi hem okamakda tapawutlanýarlar.

8. ***Mugallym okuwçylaryny öz çagalary ýaly tanaýan, söýýän ynsandyr.*** **Haýsy doldurgyçlar bar?**

a) doldurgyç ýok;
b) diňe hal-ýagdaý doldurgyjy bar;
ç) ýeňiş hem hal-ýagdaý doldurgyçlary bar;
d) ýeňiş we meňzetme doldurgyçlary bar.

9. ***Enegyz ilerik gitdi.*** **Sözlemdäki doldurgyç:**

a) orun doldurgyjy;
b) çykyş doldurgyjy;
ç) ýöneliş doldurgyjy;
d) doldurgyç ýok.

10. ***Ertir kakam bazara erik satmaga gidýär.*** **Nädogry derňewi anyklaň.**

a) *ertir* – wagt doldurgyjy, *bazara* – ýöneliş doldurgyjy;
b) *erik* – eýe, *gidýär* – habar;
ç) *kakam* – eýe, *gidýär* – habar;
d) *erik* – ýeňiş doldurgyjy, *satmaga* – sebäp-maksat doldurgyjy.

11. ***Kä begenip,***
***Kä gynanyp,***
***Kä ýanyp,***
***Ýolda ýazdyň...*** (*A. Atajanow*). **Bu ýerde haýsy baglaýjy bar?**

a) äheň baglaýjysy;
b) ikuçlulygy bildirýän;
ç) gezekleşigi bildirýän;
d) garşylygy bildirýän.

12. **Sözlemde ýüze çykarylan pikire bolan garaýşy aňladýan sözler:**

a) ýüz tutma sözler;



b) giriş sözler;
ç) ümlükler;
d) jogap sözler.

13. ***–Ä-äý! Özüň soraý! – diýip, ol bökjekläp gitdi.*** **Aşagy çyzylan söz:**

a) doly däl sözlem;
b) sözlemiň eýesi;
ç) ümlük;
d) ýüz tutma sözi.

14. **Jemgyýetçilik-publisistik stile degişlisi:**

a) arza, terjimehal, dil haty;
b) hekaýa, powest, roman;
ç) habar, ýanhabar (reportaž), makala;
d) gepleşik.

15. ***Munda sözleýşiň dürli stillerine mahsus sözlerden hem peýdalanylýar, dilde bar bolan ähli grammatik serişdeler ulanylýar, göçme manyly sözler, täze we könelişen sözler köp duş gelýär.*** **Haýsy stil barada pikir ýöredilýär?**

a) çeper stil;
b) gepleşik stil;
ç) ylmy stil;
d) jemgyýetçilik-publisistik stil.

16. **Deňdeş agzaly sözlemi anyklaň:**

a) Ol boýy-syraty owadan gyz.
b) Bahar Uzuk bilen haly dokaýar.
ç) Hoşboý ysly owadan gülli gördüm.
d) Adamy ilki gulagy, soňra gözleri terbiýeleýär.

17. ***Ýok (1), şahym (2), onuň dört şaýady bar...*** **Bellenen sözler:**

a) 1 – ümlük, 2 – jemleýji söz;

b) 1 – giriş söz, 2 – tümlük;
c) 1 – ýüz tutma söz, 2 – jogap söz;
d) 1 – jogap söz, 2 – ýüz tutma söz.

18. ***Gün tertibi, Esidildi, Karar*** **bölümlerinden ybarat tekst sözleýşiň haýsy stiline degişli?**
a) jemgyýetçilik-publisistik stili;
b) resmi-iş stili;
ç) ylmy stil;
d) çeper stil.

19. **Haýsysy artykmaç?**
a) arza; b) terjimehal; ç) bildiriş; d) oçerk.

20. **Deňdeş agzalar jemleýji sözden öň gelse, aralarynda:**
a) iki nokat goýulýar;
b) köp nokat goýulýar;
ç) kese çyzyk goýulýar;
d) otur goýulýar.

21. ***Aman aganyň ogly Myrat, <u>ony siz hem tanaýarsyňyz</u>, edenli ýigit bolmaly.*** **Bellenen bölek:**
a) giriş sözlemi;
b) giriş sözi;
ç) ýüz tutma söz;
d) goşma sözlemiň bir sözlemi.

22. **Aşakdaky pikir ýöretmeleriň dogrusy:**
a) jemgyýetçilik-publisistik stil çeper edebiýata mahsusdyr;
b) resmi-iş stili gepleşikde köp ulanylýar;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stili ylmy stile ýakyndyr;
d) sözleýiş stilleriniň arasynda tapawut ýok.

23. **«*Köp bil, az sözle*» nakylyndaky *köp-az* sözleriniň arasyndaky ýaly baglanyşyk aşakdakylaryň haýsysynda bar?**
a) uly-äpet; b) uly-kiçi; ç) kem-az; d) köp-artyk.



24. ***Watan üçin (1) çykdym (2) gyr (3) at (4) üstüne (5)...*** (*Seýdi*). **Dogry derňelen jogaby tapyň:**
a) 1 – sebäp hem maksat doldurgyjy, 2 – sada habar, 3 – sypat aýyrgyjy, 4 – eýelik-degişlilik aýyrgyjy, 5 – ýöneliş doldurgyjy;
b) 1 – hal-ýagdaý doldurgyjy, 5, 2 – goşma habar, 3, 4 – at aýyrgyjy;
ç) 1, 2 – goşma habar, 3, 4 – at aýyrgyjy, 5 – orun doldurgyjy;
d) 1 – sebäp hem maksat doldurgyjy, 2 – sada habar, 3, 4 – sypat aýyrgyjy, 5 – çykyş doldurgyjy.

25. ***<u>Ählimiz:</u> gelnejemem, menem, Bäşimem ekinlere ideg edýäris.*** **Aşagy çyzylan sözi:**
a) jemleýji söz;
b) ýüz tutma söz;
ç) giriş söz;
d) kömekçi söz.

## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Sözlemde deňdeş agzalaryň manylaryny umumylaşdyryp gelýän sözler.
2. Giriş sözler sözlemiň niresinde gelip biler?
3. Doly däl sintaktik derňewler nähili geçirilýär?
4. Many we grammatik taýdan baglanyşan sözlemleriň toplumyna näme diýilýär?
5. Deňdeş agzalaryň belli bir grammatik şekilde gelmegi zerurmy?
6. [D ýa D] Deňdeş agzalar nähili baglanyşypdyr?
7. Sözlem agzasy hasaplanylmaýan sözleriň görnüşlerini ýazyň.
8. ***<u>Wah</u>, <u>balam</u>, bir ýeriňi agyrdaýan-a dälsiň-dä?*** Bellenen sözler nähili sözler?

9. Deňdeş agzalar bilen baglanyşykly iki nokadyň goýulýan ýerini düşündiriň.
10. Kär-hünär sözleriniň, kärhana we edara atlarynyň gysgaldylan görnüşleriniň köp ulanylýan stili nähili stil?

## Sözlem derňewi

***Atam jan, aýdaýyn arzymny saňa*** («Görogly» eposyndan).

(1–10-njy sowallar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemiň eýesini tapyň.
2. ***Atam jan*** sözi nähili söz?
3. ***Arzymny*** – haýsy agza?
4. Habar bolup gelen söz.
5. Söýgüligi aňladýan sözi tapyň.
6. Gurluş taýyndan nähili sözlem?
7. Sözlemde haýsy çekimlileriň sazlaşygy bar?
8. Bu sözlem haýsy stile mahsus?
9. ***Saňa*** – haýsy agza?
10. Sözlemiň eýesini haýsy söze esaslanyp kesgitlemeli?

## VII synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | B | B | Ç |
| 2 | D | D | Ç | B |
| 3 | D | Ç | D | D |
| 4 | D | B | Ç | B |
| 5 | Ç | A | A | D |
| 6 | Ç | B | A | A |
| 7 | A | Ç | Ç | D |
| 8 | Ç | Ç | Ç | D |
| 9 | B | A | B | Ç |
| 10 | B | D | D | B |
| 11 | A | A | Ç | Ç |
| 12 | D | B | B | B |
| 13 | A | Ç | D | Ç |
| 14 | D | B | A | Ç |
| 15 | B | A | Ç | A |
| 16 | Ç | D | B | D |
| 17 | B | Ç | Ç | D |
| 18 | Ç | B | B | B |
| 19 | Ç | A | A | D |
| 20 | D | D | A | Ç |
| 21 | D | B | Ç | A |
| 22 | B | Ç | D | Ç |
| 23 | A | Ç | A | B |
| 24 | B | D | B | A |
| 25 | D | B | Ç | A |



## Türkmen dilinden VII synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. Erkin, çylşyrymly (düzme), isim söz düzümi.
2. Ylalaşma.
3. Nähoş.
4. Hemmesi hem ýalňyş ýazylan.
5. *w* sesiniň täsiri bilen.

6. Özüni öwen, öwen ýigidiň, ýigidiň tanapy.
7. Ýeňiş düşümi.
8. Eýelik düşümi arkaly.
9. Bagröýken.
10. Erkin söz düzümi.

### Sözlem derňewi

1. Magtymguly, parlak.
2. Göwün.
3. Göwünlerimizi.
4. Hal işligi, häzirki zaman ortak işligi, kem işligi.
5. Göwünlerimizi göterýän.
6. Türkmen edebiýatynyň, edebiýatynyň ýyldyzy, parlak ýyldyzy, göwünlerimizi göterýän şahyr.
7. Atlardan.
8. Türkmen, edebiýatynyň.
9. Goşulmalar we tertip arkaly.
10. Sanlara, çalyşmalara, hallara degişli sözler ýok.

### II çärýek

1. Belent heň bilen.
2. Ýeňiş düşümde.
3. Döndiniň gaýnynyň gelninden göwnüniň hoşdugy onuň sözleýşinden-de aňdyrýardy.
4. Öten zaman ortak işliginiň ýoklugyndan.
5. Sypat.
6. Hemmesi hem dogry.
7. Eýesiz sözlem.
8. Eýesiz sözlem.
9. Aýagy bisen ýaly.
10. ***Geýnüwli, mawut.***



### Sözlem derňewi

1. Genji-hazynaňyz, baýlygyňyz.
2. Deňdeş eýeler, tirkeş we sada eýe.
3. Kitapdyr.
4. Habarlyk goşulmasyny kabul eden at.
5. Ýaýraň ýönekeý sözlem.
6. Genji, baýlygyňyz.
7. Okuwçylar.
8. Doldurgyç.
9. Manydaş sözler.
10. Uly.

### III çärýek

1. ***Guzaýdaky*** sözüne derek ***güneýdäki*** bolmaly.
2. Wagt, ýeňiş doldurgyçlary.
3. San aýyrgyjy.
4. Ýitije.
5. Ulugberdiniň, bagynyň.
6. Ortak işlik.
7. Kitap, gazet.
8. ***Dostumy*** (ýeňiş), ***owuntygy ýaly*** (meňzetme).
9. Hakyndalyk, meňzetme aýyrgyçlary we doldurgyçlary.
10. ***Ata-babalarymyzyň topragy, bäş müň ýyl.***

### Sözlem derňewi

1. *Biz okaýarys.*
2. Gosgularyny.
3. Hal-ýagdaý doldurgyjy.
4. Umumy häzirki zamanda.
5. Biz.

6. Magtymguly Pyragynyň.
7. Sanda, ýöňkemede ylalaşýar.
8. San (-lar), ýöňkeme (-y), düşüm (-ny).
9. Şahyryň tahallusy bolany üçin.
10. Ýaýran ýönekeý sözlem.

### IV çärýek

1. Jemleýji sözler.
2. Sözlemiň ähli ýerinde.
3. Aýry-aýry öwrenilen temalar boýunça.
4. Tekst.
5. Hawa.
6. Ikuçlulygy görkezýän baglaýjy arkaly.
7. Ýüz tutma sözler, jogap sözler, ümlükler, giriş sözler.
8. Ümlük, ýüz tutma sözi.
9. Jemleýji söz deňdeş agzalardan öň gelse, onuň yzyndan iki nokat goýulýar.
10. Resmi iş stili.

### Sözlem derňewi

1. Eýesi daşynda – *men*.
2. Ýüz tutma sözi.
3. Ýeňiş doldurgyjy.
4. Aýdaýyn.
5. Atam jan.
6. Ýaýran ýönekeý sözlem.
7. Ýogyn çekimlileriň sazlaşygy bar.
8. Çeper täre.
9. Ýöneliş doldurgyjy.
10. Sözlemiň habaryna (aýdaýyn).



## VII SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

### I çärýek

**1. Çeper edebiýat barada pikir ýöretmeleriň haýsysy has dogry?**

a) Ýazyjy öz eserinde durmuşy bolşy ýaly görkezýär.
b) Çeper edebiýatda adamlaryň duýgy-düşünjeleri söhlelenýär.
c) Çeper edebiýatda ýazyjynyň döredijilikli hyýallanmasy-toslamasy bolmalydyr.
d) Çeper edebiýatda ýazyjynyň diňe öz hususy maksady öňe sürülýär.

**2. Nähili eserlere epos diýilýär?**

a) gahrymançylykly häsiýetli eserlere;
b) söýgi hakyndaky eserlere;
c) hyýaly ertekilere;
d) hüwdülere, lälelere.

**3. «Gorkut ata» halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişli?**

a) dessan; b) rowaýat; c) erteki; d) epos.

**4. Bu gahrymanlaryň haýsysy «Gorkut ata» eserinden?**

a) Bibijan;
b) Harmandäli;
c) Banu Çeçek;
d) Gülnahal.

**5. *Ýasmak mama* haýsy eseriň gahrymany?**

a) «Gorkut ata»;
b) «Şasenem-Garyp»;

ç) «Hüýrlukga–Hemra»;
d) «Görogly».

6. **Öz söýgülisini gul hökmünde müň tylla satyn alan:**

a) Banu Çeçek;
b) Şasenem;
ç) Harmandäli;
d) Hüýrlukga.

7. ***Iki agasyny kellepezden gutardy, Hemra atly arslanyňdan aýryldyň*** **diýip, Hemra barada Hysrow patysa habar beren:**

a) Bilbilgöýä;
b) Hursyt;
ç) Ziwer;
d) Güljemile.

8. **Ýokarky (7-nji) soragdaky setirler haýsy eserden?**

a) «Görogludan» («Harmandäli»);
b) «Saýatly–Hemradan»;
ç) «Hüýrlukga–Hemradan»;
d) «Şasenem–Garypdan».

9. **Oguznamaçylyk ulgamynyň ajaýyp eseri:**

a) «Görogly»;
b) «Kowusnama»;
ç) «Şasenem–Garyp»;
d) «Gorkut ata».

10. **«Görogly» eposyny ilkinji çapa taýýarlan:**

a) Mäti Kösäýew;
b) Ata Gowşudow;
ç) Halyk Görogly;
d) Aman Kekilow.



11. **Atasynyň islegi boýunça Bilbilgöýäni getiren:**

a) Hemra;
b) Ziwer;
ç) Hüýrlukga;
d) Bamsy Birek.

12. **Gyz bilen aýdyşykda ýeňlip, öz maksadyna ýetip bilmedik:**

a) Bamsy Birek;
b) Hurşyt;
ç) Görogly;
d) Kerem jan.

13. **Hemra Gyz patyşany haýsy bäsleşiklerde ýeňýär (*«Hüýrlukga–Hemra»*)?**

a) göreşde;
b) aýdyşykda;
ç) şadranç (küşt) oýnap;
d) hemmesinde hem.

14. ***Heý, bir güýç synanyşyp, göwräniň gurşugyny ýazar ýaly däli tapylmazmyka?*** **diýip, men-menlikden bela duçar bolan:**

a) Däli Metel;
b) Bamsy Birek;
ç) Däli Garçar;
d) Däli Domrul.

15. ***Patyşa-patyşalardan, garyp-garyplardan, hoja-hojalardan gyz alar*** **(*«Şasenem-Garyp»*). Muny kim aýdýar?**

a) Ezberhoja;
b) Mansur baý;
ç) Şaapbaş patyşa;
d) Hasan wezir.

**16. «Diwany lugat et-türk» kitabyny ýazan:**

a) Mahmyt Kaşgarly;
b) Keý-Kowus;
ç) halk döredijiligi;
d) Gorkut ata.

**17. Kim öz ýazan kitaby barada şeýle diýipdir:** ***Bu kitap ony ýazana, okana, göçürene we diňläne wagtyhoslukdyr bagt eçiler diýen umydym bardyr.***

a) Oguz han;
b) Gorkut ata;
ç) Mahmyt Kaşgarly;
d) Keý-Kowus.

**18. Baý Bugra begiň ogluna *Bamsy Birek* ady näme üçin goýulýar?**

a) ata-enesi goýýar;
b) öküzi ýeňeni üçin;
ç) bezirgenleri garakçylardan halas edeni üçin;
d) at çapyşanda ýeňeni üçin.

**19. Türkmen halk döredijiliginiň XI asyrda toplanylan ýygyndysy (nakyllar, atalar sözleri we goşgular):**

a) «Gorkut ata»;
b) «Kowusnama»;
ç) «Diwany lugat et-türk»;
d) «Oguznama».

**20. «Kowusnama» – bu nähili eser?**

a) atanyň ogla pentleri;
b) gahrymançylykly epos;
ç) dessan;
d) nakyllar we atalar sözleriniň toplumy.



**21. Haýsysy «Şasenem-Garyp» dessanynyň gahrymany däl?**

a) Şasenem;
b) Ezberhoja;
ç) Gülnahal;
d) Gülendam.

**22. Üç ogul we bir gyz perzendiň beriljekdigini düýşünde gören:**

a) Görogly;
b) Hysrow patyşa;
ç) Baý Bugra beg;
d) Şaapbas.

**23.** ***Akja, saňa syrym aýan eýläýin,***
***Ýaryň güli geldi, özi gelmedi.*** **Bu sözleri kim aýdýar?**

a) Şasenem; b) Garyp; ç) Ezberhoja; d) bagban.

**24. Hemranyň ganybir dogany:**

a) Güljemile;
b) Hüýrlukga;
ç) Ziwer;
d) Hursyt.

**25.** ***Bardy eren konok körüb, kutka sakar,***
***Kaldy ýazuw oýuk körüb, guýny ýykar.***
***(Bardyr ýigit – myhmana gülüp bakar,***
***Ýene biri gara görse, öýüni ýykar).*** **Bu setirler haýsy eserden?**

a) «Oguznamadan»;
b) «Gorkut atadan»;
ç) «Diwany lugat et-türkden»;
d) «Kowusnamadan».

12. Sargyt № 1641

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Dat hem Bidat*** hakyndaky rowaýaty Garyba kim gürrüň berýär?
2. Däli Domrul kimiň garşysyna söweşe çykýar?
3. Türkmenlerde aýdym-sazyň piri.
4. «Görogly» eposynyň bölümlerine näme diýilýär?
5. Haýsy eseriň bölümleri ***fasyl*** diýlip atlandyrylýar.
6. Baý Bugra begiň ogly Bamsy Birek däp boýunça bäsleşikde ýeňip, kime öýlenýär?
7. ***Diwany lugat et-türk*** – türkmençe näme diýmegi aňladýar?
8. Akjanyň hakyky ady näme? (*«Saşenem–Garyp»*).
9. Gözi oýulyp, guýa taşlanan gahryman.
10. «Kowusnamanyň» awtory kim?

## II çärýek

1. ***Köňül aýdar keşt edip,***
***Älem-jahany görsem*** **diýip, arzuwlan şahyr:**
   a) Ýusup Balasagunly;
   b) Rabguzy;
   ç) Garajaoglan;
   d) Magtymguly Pyragy.
2. ***Kozan dagyndan neslimiz,***
***Ary türkmendir aslymyz*** **diýip, özi barada söz açan şahyr:**
   a) Ýusup Balasagunly;
   b) Rabguzy;
   ç) Garajaoglan;
   d) Magtymguly Pyragy.



3. ***Kölleriň sonasy, bagyň bilbili,***
***Kirpigi tir, gaşy ýaýdyr Bibiniň.***
**Şu setirler bilen başlanýan goşgynyň awtory kim?**
   a) Döwletmämmet Balgyzyl;
   b) Garajaoglan;
   ç) Döwletmämmet Azady;
   d) Baýram şahyr.
4. **Şu sygyrlaryň haýsysy Garajaoglanyňky däl?**
   a) «Biziň illere»;
   b) «Dilsady men»;
   ç) «Ýat ile gitme»;
   d) «Leýla».
5. ***Nesihat eýläýin, diňläň ýigitler,***
***Pis hatyn başlagan toýa baş bolmaň!*** **setirleri bilen başlanýan sygry kim ýazypdyr?**
   a) Görogly;
   b) Magtymguly Pyragy;
   ç) Dostmämmet;
   d) Garajaoglan.
6. **Rabguzynyň «Kysasyl enbiýa» eserinde:**
   a) atanyň ogluna öwüt-nesihatlary beýan edilýär;
   b) XIV asyr türkmen şahyrlarynyň eserleri jemlenipdir;
   ç) dini, taryhy şahslaryň, pygamberleriň adyna berilýän rowaýatlar, tymsallar toplanypdyr;
   d) öz döwrüniň nakyllarynyň, atalar sözleriniň nusgalary ýazylypdyr.
7. **Ene-atany özüňden gowy iýdirmek haýsy borçlaryň toparyna degişli?**
   a) dil arkaly berjaý edilmeli borçlar;
   b) mal-zat bilen edilmeli borçlar;

c) hereket bilen edilmeli borçlar;
d) köňül, ýürek bilen edilmeli borçlar.

8. **Ýokarky (7-nji) sowaldaky borçlary kim ýazyp beýan edipdir?**
a) Ýusup Balasagunly, «Kutadgu bilik»;
b) Rabguzy, «Kysasyl enbiýa»;
c) Azady, «Wagzy-azat»;
d) Garajaoglan, «Ýat ile gitme».

9. **Rabguzynyň «Kysasyl enbiýa» eseri näçe hekaýatdan ybarat?**
a) 72; b) 70; c) 42; d) 40.

10. ***Bu kitaby okan we onuň manysyna düşünen her bir adam özüni ozalky bolşundan has gowy duýar* diýlip, Garahanly döwletiniň hökümdary Bugra hana sowgat berlen kitap:**
a) «Kysasyl enbiýa»;
b) «Wagzy-azat»;
c) «Kowusnama»;
d) «Kutadgu bilik».

11. **Şol eser üçin Bugra hanyň awtora bagyşlan ady:**
a) Has Hajyp (Beýik wezir);
b) Hannan (Iň merhemetli);
c) Handan (Güler ýüzli);
d) Has Habyp (Iň ýakyn dost).

12. **Ýaşlykda «Garry molla» adyny alan, belli öwüt-nesihatlar kitabyny ýazan şahyr:**
a) Keý-Kowus;
b) Rabguzy;
c) Döwletmämmet Azady;
d) Dostmämmet.



13. **Liriki gahrymanyň söýgi duýgulary dessan gahrymanlarynyň söýgüsi bilen utgaşykly berlen goşgy:**
a) Zynhary, «Akyl-huşy ýagşydyr»;
b) Talyby, «Dilşady men»;
c) Balgyzyl, «Bibiniň»;
d) Dostmämmet, «Dözmenem».

14. ***Magtymguly, garap sözle daşyny,***
***Jaýyn bilip sarp et, bolsa aşyny,***
***Kämil tapsaň, goý ýolunda başyny,***
**... ... ... ... ... ... ... ... ... ... ... ... Galdyrylan setir:**
a) «Zor ýanynda gezseň, zor dek bolar sen».
b) «Şir ýanynda gezseň, şir dek bolar sen».
c) «Är ýanynda gezseň, är dek bolar sen».
d) «Kör ýanynda gezseň, kör dek bolar sen».

15. ***Magtymguly, sözle herne bileniň,***
***Özüňe kemlik bil aýtman ölenin.*** **Bu setirler haýsy goşgudan?**
a) «Baş bolmaň»;
b) «Otur-turuşyn görüň»;
c) «Baş üstüne»;
d) «Zor bolar».

16. ***Akly bolan melamatdan gaçarmy?***
***Akmaga nesihat, güftar açarmy?***
***... diýr, jürmi günäň öçermi?***
**Köp nokadyň ýerinde haýsy şahyryň ady bolmaly?**
a) Azady; b) Pyragy; c) Aşyky; d) Zynhary.

17. ***Gözüm ýaşy Ýer ýüzüne saçyldy,***
***Bahar geldi, ýaýla ýoly açyldy ...***
**Bu setirler Garajaoglanyň haýsy sygryndan?**
a) «Biziň illere»;
b) «Ýat ile gitme»;

c) «Leýla»;
d) «Gara dälmidir».

18. ***Okan adam ozar, bilimli utar, Bilimliň, okuwlyň dilegi biter.*** **Bu setirler kimiň eserinden?**

a) Rabguzynyň;
b) Keý-Kowsuň;
c) Ýusup Balasagunlynyň;
d) Abdyrahym Zynharynyň.

19. ***Aýjemal han, diňle arzy razymy (zarymy), Zeri-ziwer dakysyňa dözmenem.*** **Bu setirler bilen başlanýan sygry ýazan:**

a) Baýram şahyr;
b) Dostmämmet;
c) Balgyzyl;
d) Ýusup Balasagunly.

20. ***Dostum, biziň illermiziň Merdanadyr ýigitleri ...*** **Bu setirleriň awtory kim?**

a) Baýram şahyr;
b) Dostmämmet;
c) Balgyzyl;
d) Garajaoglan.

21. ***Bedasyldan hergiz döwran ötmedi, Namardyň minneti başdan gitmedi.*** **Kimiň galamyna degişli?**

a) Magtymgulynyň;
b) Talybynyň;
c) Aşykynyň;
d) Zynharynyň.

22. **Aşakdaky sygyrlaryň haýsysy Magtymgulynyňky?**

a) «Akyl-huşy ýagşydyr»;



b) «Görsem»;
c) «Leýla»;
d) «Dözmenem».

23. **«Dilşady men» sygry gosgy düzülişiniň haýsy şekilinde?**

a) murapbag;
b) muhammes;
c) müseddes;
d) gazal.

24. **Magtymguly «Otur-turuşyn görüň» sygrynda** ***ýagşynyň köňlünde*** **näme** ***az bolar*** **diýýär?**

a) gaýgy; b) kine; c) gorky; d) zeýrenç.

25. **Şu sygyrlaryň haýsysy Baýram şahyryňky?**

a) «Gezme ýyrtyk jinde bilen»;
b) «Dilşady men»;
c) «Barypdyr»;
d) «Şaglap iner bürgütleri».

## Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Dört bapdan ybarat, patyşalar, rehim-şepagatlylyk, ylym we alymlar, derwüşler hakyndaky eser we ony ýazan şahyr.
2. Nury Kazym bilen Magtymgulynyň arasynda nähili baglanyşyk bar?
3. ***«Gyrmyzy», «Leýla», «Gara dälmidir»*** – bu sygyrlary kim ýazypdyr?
4. Magtymgulynyň ***«Zor bolar»*** sygry haýsy temadan ýazylypdyr?
5. ***Magtymguly, hoş bolsa, Aksa didäm, ýaş bolsa,***

*Imanym ýoldaş bolsa*
*Barsam* ... ... Köp nokatlaryň ýerine galdyrylan sözleri ýazyň.

6. 1854–1912-nji ýyllarda ýaşap geçen, Azadynyň atdaşy bolan şahyryň lakamy.
7. *Bir ýagşy hatynyň aýtsam waspyny,*
*Owal başda akyl-huşy ýagşydyr.*
Bu setirler kimiň goşgusyndan?
8. Aşykynyň çyn ady kim?
9. Magtymgulynyň şygryýet baýramçylygynyň geçirilýän senesi haçan?
10. «Magtymguly we dünýäniň ruhy-medeni gymmatlyklary» atly Halkara ylmy maslahat haçan we nirede geçirildi?

## III çärýek

**1. Aşakdaky poemalaryň haýsysy Berdi Kerbabaýewiňki däl?**

a) «Gyzlar dünýäsi»;
b) «Senemiň söýgüsi»;
c) «Amyderýa»;
d) «Dakylma».

**2. Şu gahrymanlaryň haýsysy «Gülnar» powestinden?**

a) Nyýazguly;
b) Durdy şeýtan;
c) Dursun;
d) Gurban jykyrçy.

**3. Aşakdakylaryň haýsysy oňyn (položitel) gahryman däl?**

a) Çerkez Durdyýew;
b) Maral Garajaýewa;
c) Haky Hannasow;
d) Çary Hanow.



**4. Şu eserleriň haýsysynyň 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk ursy bilen dahyly ýok?**

a) «Gülnar»;
b) «Mugallymyň gyzy»;
c) «Laçyn»;
d) «Kärizden çykan adam».

**5. Kakasy Beýik Watançylyk urşunda gurban bolup, ejesiniň elinde terbiýelenen gyz:**

a) Laçyn; b) Gülnar; c) Dursun; d) Maýagözel.

**6. Ata Köpekmergeniň «Orta bor-da» diýen sorta sözündäki degişmä salnan adamyň ady:**

a) Köpekmergen;
b) Artyk;
c) Nepes;
d) Ortaguly.

**7. Oba ýaşlarynyň durmuşyndan ýazylan eser:**

a) «Ene toprak»;
b) «Bir gulakly hossar»;
c) «Köl»;
d) «Ganatly aýdymlar».

**8. Ýokarky (7-nji) sowalda ýatlanylýan komediýa eserini kim ýazdy?**

a) Berdi Kerbabaýew;
b) Seýitnyýaz Ataýew;
c) Rahman Gelenow;
d) Oraz Akmämmedow.

**9. Meşhur bagşy Orazgeldi Ylýasow hakyndaky powest:**

a) «Göroglynyň gözleginde»;
b) «Ganatly aýdymlar»;
c) «Aýal bagşy»;
d) «Ene toprak».

10. «Köl» sygryny kim ýazdy?

a) Kakabaý Ylýasow;
b) Italmaz Nuryýew;
c) Arap Gurbanow;
d) Täşli Gurbanow.

11. Maýyplygy zerarly söýgüli gyzyny bagtly edip bilmerin öýdüp, Watanyna dolanmadyk Oraz haýsy eserden?

a) «Gülnar»;
b) «Maýagözel»;
c) «Laçyn»;
d) «Mugallymyň gyzy».

12. Oraz hem onuň söýgülisiniň ykbaly hakyndaky şol powesti kim ýazdy?

a) Seýitnyýaz Ataýew;
b) Berdi Kerbabaýew;
c) Kakabaý Ylýasow;
d) Arap Gurbanow.

13. *Arzuwy köýdürmek günädir, günä,*
*Güýjüň barka, göreşmeklik gerekdir.*
*Ertemi?! ...*
*Kim bilýär, ýaryşly ýola...* Bu setirler haýsy eserden?

a) «Köl»;
b) «Ene toprak»;
c) «Göroglynyň gözleginde»;
d) «Çapyksuwar».

14 «Aýal bagsy» poemasynyň awtory:

a) Orazgeldi Ylýasow;
b) Kerim Gurbannepesow;
c) Kakabaý Ylýasow;
d) Ata Köpekmergen.



15. Aýal bagsydan ýeňlip, gaçmaly bolan bagsy kim?

a) Sygan bagsy;
b) Girman bagsy;
c) Kör Gojaly;
d) Garly bagsy.

16. Şol aýal bagsynyň ady:

a) Mähri hatyn;
b) Uzan ene;
c) Aýjemal;
d) Hallybike.

17. «Çapyksuwar» eseriniň awtory:

a) Sapargeldi Annasähedow;
b) Italmaz Nuryýew;
c) Kerim Gurbannepesow;
d) Kakabaý Ylýasow.

18. «Laçyn» powestini ýazan:

a) Hajy Ysmaýylow;
b) Ýazmyrat Mämmediýew;
c) Şirinjemal Geldiýewa;
d) Oraz Akmämmedow.

19. Enkewedeçiler tarapyndan öldürdim edilip, kärize taşlanan:

a) Çerkez Durdyýew;
b) Çary Hanow;
c) Haky Hannasow;
d) Garaja aga.

20. «Gülnar» powestiniň awtory:

a) Hajy Ysmaýylow;
b) Gurbandurdy Gurbansähedow;
c) Arap Gurbanow;
d) Rahman Gelenow.

21. **Sapargeldi Annasähedowyň «Göroglynyň gözleginde» powesti kim hakynda?**

a) Magtymguly;
b) Gorkut ata;
ç) Görogly;
d) ýazyjynyň özi hakda.

22. **Mugallymyň gyzy:**

a) Dursun; b) Laçyn; ç) Gözel; d) Gülnar.

23. **Komediýa – bu:**

a) gynançly eser;
b) öwgüli eser;
ç) taryhy eser;
d) gülküli eser.

24. **«Ene toprak» romanynyň gahrymany näme üçin serhetden geçmeýär?**

a) geçmäge gorkýar;
b) söýgüli gyzyny taşlap gitmek islemeýär;
ç) çagalaryndan aýra düşmezlik üçin;
d) Watany söýýänligi üçin.

25. **«Ganatly aýdymlar» powestiniň awtory:**

a) Rahman Gelenow;
b) Ýazmyrat Mämmediýew;
ç) Gurbandurdy Gurbansähedow;
d) Sapargeldi Annasähedow.

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Sygan bagsy*** haýsy eseriň gahrymany?
2. «Mugallymyň gyzy» powesti kimiň galamyna degişli?
3. Maýagözeliň çyn ady.



4. ***Jeýhuny agdardyk, köp hasyl öndi, Türkmenistan çöli gülzara döndi.*** Bu setirler kimiň haýsy eserinden?
5. 1937-nji ýylyň pajygaly wakalaryna bagyşlanan eseriň ady.
6. Gazal gosgy düzülişindäki sazlaşygy ýazyň.
7. Şu çärýekde aýdym-saz sungaty bilen bagly öwrenen eserleriňiziň atlary.
8. «Obam», «Murgabym» sygyrlaryny ýazan şahyr kim?
9. Watan söýgüsi beýan edilen romanyň ady näme?
10. Murapbag gosgy düzüliş şekilindäki sazlaşyk nähili?

## IV çärýek

1. **Garaşsyzlyk eýýamy haýsy ýyldan gözbaş alyp gaýdýar?**

a) 1991-nji ýyldan;
b) 1993-nji ýyldan;
ç) 2000-nji ýyldan;
d) 2001-nji ýyldan.

2. ***Türkmenistan–ýalňyz diýar, gaýry Watanym ýokdur.*** **Şu setir bilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy sygry başlanýar?**

a) «Gökdepe»;
b) «Talaň saçagy»;
ç) «Ömrümiň manysy»;
d) «Bagş eýle».

3. ... ... – ***Allanyň emri, Asman gämisi deý ýere gonupdyr.***
**Köp nokadyň ýerinde bolmaly sözler:**

a) Ruhyýet kösgi;
b) Gökdepe metjidi;
ç) Garaşsyzlyk binasy;
d) Garaşsyzlyk zamany.

4. ***Göýä älemgoşar gelen märeke,***
***Sygmaz arş astyna ... şowhuny.***
**Köp nokadyň ýerine haýsy söz gerek?**

a) baýram;
b) nowruz;
c) toýuň;
d) ýagşyň.

5. **Ýokarky (4-nji) sowaldaky setirler bilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy goşgusy başlanýar?**

a) «Nowruzda»;
b) «Bagş eýle»;
c) «Türkmen toýy»;
d) «Ömrümiň manysy».

6. **«Talaň saçagy» eseri näme hakynda?**

a) han-begleriň il-güne baýlyk paýlamak däbi hakynda;
b) han-begleriň il-güni görüp bilmezligi hakynda;
ç) han-begleriň öz ilini özleriniň talamagy hakynda;
d) ilatyň ýangyn, sil gelmegi ýaly hadysalardan zyýan çekmegi hakynda.

7. ***Küşt! Küşt! Küşt! Ýaş-ýeleňler küşt deper ...***
***... Kimler yşka sataşar, kimler yşkyn ýat eder ...***
**Bu setirler haýsy goşgudan?**

a) «Ömrümiň manysy»;
b) «Türkmen toýy»;
ç) «Nowruzda»;
d) «Bagş eýle».

8. ***Nyýazmyrat jana ogry diýmäge neneň bognuňyz ysdy siziň?*** **Bu jümle haýsy eserden?**

a) «Başga keşbe girmek»;
b) «Aşygyňyz alçy gopsun!»;
ç) «Isgender»;
d) «Ömrümiň manysy».



9. **Biri-biri bilen yzygiderli baglanyşýan hekaýatlardan, tymsallardan ybarat eser:**

a) «Kalila we Dimna»;
b) «Altyn zynjyr»;
ç) «Ýedi gözel»;
d) «Wesýet».

10. **Dünýä belli «Hamsa» eseriniň awtory:**

a) Abdyrahman Jamy;
b) Jelaleddin Rumy;
ç) Nyzamy Genjewi;
d) Abulkasym Firdöwsi.

11. **Şu eserleriň haýsysy Robert Luis Stiwensonyň galamyna degişli?**

a) «Moabit depderi»;
b) «Jeňňel ygşyldaýar»;
ç) «Isgendernama»;
d) «Hazynalar adasy».

12. **Faşistik türmede bendilikde ýazylan goşgular toplumy:**

a) «Isgendernama»;
b) «Moabit depderi»;
ç) «Wesýet»;
d) «Hazynalar adasy».

13. **Bendilikde ýazylan goşgularyň (12-nji sorag) awtory:**

a) Abaý Kunanbaýew;
b) Taras Şewçenko;
ç) Musa Jelil;
d) Aleksandr Sergeýewiç Puşkin.

14. **Dostlaryň arasyny çöp atyp bozan, soň özi hem jezasyny çeken gahryman:**

a) Pitne; b) Şatraba; ç) Dimna; d) Kalila.

15. *Filip öldi, ogly häkimlik etdi,*
*Ýaş şa ýigrimi bir ýaşyna ýetdi.* **Bu setirler haýsy eserden?**

a) «Pähimli Oleg hakynda aýdym»;
b) «Isgendernama»;
ç) «Baharystan»;
d) «Hazynalar adasy».

**16. «Hazynalar adasy» romany kimiň adyndan beýan edilýär?**

a) Isgenderiň;
b) Pähimli Olegiň;
ç) Mejnunyň;
d) Jim Hokkinsiň.

**17. Sygryýet, sahyrana söz hakynda ýazylan eser:**

a) «Baharystan»;
b) «Wesýet»;
ç) «Altyn zynjyr»;
d) «Kalila we Dimna».

**18. Isgenderiň bir döwlet işgärini wezipeden boşadyşy we öňki işine getirişi hakyndaky eser:**

a) «Altyn zynjyr»;
b) «Baharystan»;
ç) «Isgendernama»;
d) «Kalila we Dimna».

**19. «Altyn zynjyr», «Baharystan» eserleriniň awtory:**

a) Abdyrahman Jamy;
b) Nyzamy Genjewi;
ç) Abaý Kunanbaýew;
d) halk döredijiligi.

**20. «Leýli–Mejnunyň» we «Ýedi gözeliň» awtory:**

a) Musa Jelil;
b) Abdyrahman Jamy;
ç) Abaý Kunanbaýew;
d) Nyzamy Genjewi.

**21. Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň «Ädikçi» sygrynda: *Ädikden ýokaryk geçme gowsy, dost!* – diýen sözleri aýdan:**

a) eneke; b) suratkeş; ç) balykçy; d) ädikçi.

**22. Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň: «Ýowuz günlerde ýalňyz syrdaşym» diýip ýüzlenýän enekesi:**

a) Anna Grigorýewna;
b) Anna Sergeýewna;
ç) Anna Rodionowna;
d) Anna Semýonowna.

**23. «Pähimli Oleg hakynda aýdym» eserinde Olegiň ölümine sebäp bolan zat:**

a) atdan ýykylmagy;
b) ýylan çakmagy;
ç) naýza sanjylmagy;
d) gylyç degmegi.

**24. Taras Grigorýewiç Şewçenkonyň «Böwürslenlik, tikenlik ...» sygry näme hakynda?**

a) Watan, Watana söýgi;
b) tebigat, tokaý hakynda;
ç) bagban hem bag hakynda;
d) ýaş juwanlaryň söýgüsi hakynda.

**25. Taras Grigorýewiç Şewçenko «Wesýet» sygrynda nämäni wesýet edipdir?**

a) eserlerini ýitirmän saklamaklaryny;
b) baýlyklarynyň halka paýlanmagyny;
ç) mülkünin ogluna miras goýulmagyny;
d) dünýäden ötende, öz ýurdunda jaýlamaklaryny.


13. Sargyt № 1641

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öz çagalygy hakyndaky eseriniň ady näme?
2. «Kalila we Dimna» haýsy halkyň eposy?
3. Isgender hakynda poema ýazan gazak şahyry kim?
4. Faşistik türmesinde jezalandyrylyp öldürilen şahyryň ady näme?
5. Rowaýata görä, barmaklar bilen howada ýazylan haty okan şahyr?
6. «Enekäme» sygrynyň awtory kim?
7. Abdyrahman Jamy düzüminde sygyr, kytga, rubagy görnüşli gosgy bentleri bolan haýsy eseri ýazypdyr?
8. «Bähramyň Pitne bilen awa gidişi» eseriniň awtory.
9. Şu okuw ýylynda öwrenen dessanlaryňyz haýsylar?
10. Abdyrahman Jamynyň «Altyn zynjyr» eseri nähili formada ýazylypdyr?

## VII synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | Ç | D | B | A |
| 2 | A | Ç | A | D |
| 3 | D | A | Ç | B |
| 4 | Ç | B | D | Ç |
| 5 | B | B | A | Ç |
| 6 | B | Ç | Ç | A |
| 7 | A | B | B | Ç |
| 8 | Ç | Ç | D | B |
| 9 | D | A | B | A |
| 10 | B | D | A | Ç |
| 11 | A | A | B | D |
| 12 | Ç | Ç | A | B |
| 13 | D | B | D | Ç |
| 14 | D | Ç | B | Ç |
| 15 | B | D | Ç | B |
| 16 | A | Ç | D | D |
| 17 | D | A | B | Ç |
| 18 | Ç | Ç | Ç | B |
| 19 | Ç | B | A | A |
| 20 | A | A | Ç | D |
| 21 | D | D | A | B |
| 22 | B | B | A | Ç |
| 23 | A | A | D | B |
| 24 | A | B | D | A |
| 25 | Ç | D | A | D |



## Edebiýatdan VII synp üçin soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. Bagdatly galandar.
2. Ezraýylyň.
3. Aşyk Aýdyň pir.
4. Şaha.
5. «Kowusnama».
6. Banu Çeçege.
7. «Türki dilleriň diwany».
8. Gülnahal.

9. Hemra.
10. Keý-Kowus.

## II çärýek

1. Döwletmämmet Azady, «Wagzy-azat».
2. Olar Buharada okaýarkalar dostlaşdylar.
3. Garajaoglan.
4. Öwüt-nesihat.
5. «Käbäni görsem».
6. Balgyzyl.
7. Zynharynyň.
8. Oraz.
9. Her ýylyň 18-nji maýynda.
10. 2008-nji ýylda, Aşgabatda.

## III çärýek

1. Rahman Gelenow, «Ganatly aýdymlar».
2. Hajy Ysmaýylowyň.
3. Gurbangözel.
4. Berdi Kerbabaýewiň «Amyderýa» poemasyndan.
5. «Kärizden çykan adam».
6. aa ba ca ...
7. «Aýal bagşy», «Ganatly aýdymlar».
8. Ata Köpekmergen.
9. «Ene toprak».
10. abab, cccb ...

## IV çärýek

1. «Asygyňyz alçy gopsun!»
2. Hindi.



3. Abaý Kunanbaýew.
4. Musa Jelil.
5. Abdyrahman Jamy.
6. Aleksandr Sergeýewiç Puşkin.
7. «Baharystan».
8. Nyzamy Genjewi.
9. «Şasenem–Garyp», «Hüýrlukga–Hemra».
10. Mesnewi.

## VIII SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

### I çärýek

1. **Türkmenistanda türkmen diline döwlet derejesiniň berlen senesi:**
   a) 24.05.1992;
   b) 24.05.1991;
   ç) 24.05.1990;
   d) 24.05.1989.

2. **Anyk häzirki zamanyň ýokluk galybynyň aňladylyşy:**
   a) *-ma, -me* goşulmasy arkaly;
   b) *däl* sözi arkaly;
   ç) *ne* sözi arkaly;
   d) *ýok* sözi arkaly.

3. **Söz düzümi barada pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**
   a) Söz düzümi bolmak üçin, özbaşdak many aňladýan iki we ondan köp söz gerek.
   b) Söz düzümi garaşly we esasy sözden ybarat.
   ç) Söz düzüminde sözleriň grammatik we many gatnaşyklarynda garaşlylyk, eýerjeňlik hökman däl.
   d) Söz düzümleri üç, dört, hatda köpräk sözlerden hem bolup biler.

4. **Teswirleriň haýsysy düzmeli goşma sözlem hakynda däl?**
   a) Olaryň düzümindäki sözlemleriň biri baş pikiri aňladýar, beýlekisi baş pikiri aňladýan sözlemiň işlikden bolan bir agzasyny aýyklaýar.



   b) Bu sözlemleri hasyl edýän ýönekeý sözlemler deň derejede düzülýär.
   ç) Düzümindäki sözlemleriň her birini aýratyn ulanmak mümkin.
   d) Olaryň ülňüsi [ ], [ ]; [ ], [ ], [ ] ... görnüşlerinde bolýar.

5. **«*Akylly getir, akmak ýitir*». Bu düzmeli goşma sözlem:**
   a) ugurdaşlygy aňladýar;
   b) gezekleşigi aňladýar;
   ç) serti aňladýar;
   d) garşylygy aňladýar.

6. **Düzmeli goşma sözlemlere degişli toparlaryň haýsysy artykmaç?**
   a) wagt, hal aňladýanlar;
   b) ugurdaşlyk, garşylyk aňladýanlar;
   ç) ikuçlulyk, şert aňladýanlar;
   d) gezekleşik, ýokluk aňladýanlar.

7. **Şerti bildirýän sözlem:**
   a) Aljakdym, emma tapmadym;
   b) Aýdaýdyň, ýogsam bilmezdim;
   ç) Garşydan gelýän maşyn saklandy we ýolagçylar düşdüler;
   d) *Ýa lal otur, ýa dür saçgyl* (Magtymguly).

8. **Haýsy sözlem ikuçlulygy bildirýär?**
   a) Kä gelýär, kä gidýär.
   b) Gelýär we gidýär.
   ç) Ýa gelýär, ýa gelmeýär.
   d) Gelen bolsa, gitmezdik.

9. **Ýokarky (8-nji) sowaldaky sözlemleriň haýsysy goşma sözlem?**
   a) hemmesi hem;

b) a we b;
ç) diňe ç;
d) diňe d.

10. ***Men bu kitaby okap bilmedim we ony wagtynda getirmediň.*** **Sözlemde nähili näsazlyk bar?**

a) *we* baglaýja derek *sebäbi* gerek;
b) *we* baglaýja derek *ýöne* gerek;
ç) ýokluk aňladýan *-me* goşulmalaryny aýyrmaly;
d) näsazlyk ýok.

11. **Ýoklugy bildirýän baglaýjylar:**

a) -ma,-me;
b) ne, ne-de;
ç) ýa, ýa-da;
d) ýok, däl.

12. **Sebäp bildirýän düzmeli goşma sözlem:**

a) Men «Türkmen dili» gazetine abuna ýazyldym, çünki ol meni gyzykdyrdy;
b) «Türkmen dili» gazetiniň gyzykly çykýandygy üçin, men oňa abuna ýazyldym;
ç) Gazetleri yzygider okaýanlygym sebäpli, meniň dünýägaraýşym giňeýär;
d) Äwmezekligiň sebäpli, sen ýene gijä galdyň.

13. **Sözlemde birden artyk gaýtalanmaýan baglaýjylar:**

a) beýle baglaýjylar ýok;
b) ýa, hem;
ç) kä, käte;
d) we, emma, ýöne, weli.

14. **Haýsy derňew dogry?**

a) Goýun bakan çöl tapar, ylym okan ýol tapar;
b) Goýun bakan çöl tapar, ylym okan ýol tapar;
ç) Goýun bakan çöl tapar, ylym okan ýol tapar;
d) Goýun bakan çöl tapar, ylym okan ýol tapar.

15. ***Ýa ýakutmyň, ýa merjenmiň, dürmi sen...*** (*Magtymguly*). **Bu nähili sözlem?**

a) ikuçlulygy bildirýän düzmeli goşma sözlem;
b) garşylygy bildirýän düzmeli goşma sözlem;
ç) deňdeş habarly ýönekeý sözlem;
d) deňdeş eýeli ýönekeý sözlem.

16. **Goşma sözleme mahsus bolmadyk pikir ýöretme.**

a) Bu sözlemiň düzüminde her birini özbaşdak ulanmagy mümkin bolan ýönekeý sözlemler bardyr;
b) Onuň düzüminde baş sözlem hem, eýerjeň sözlem hem bolýar;
ç) Olar özara heň ýa-da baglaýjy kömekçiler arkaly baglanyşýarlar;
d) Habarlary deň soraga jogap bolup, bir eýä baglanýarlar.

17. **Sözlem we söz derňewinde peýdalanylmaýan belgiler.**

a) ____, ____;
b) –, ( );
ç) ⌒, └─┘;
d) ^, □.

18. **Ýokarky (17-nji) soragdaky belgileriň haýsylary morfologik derňew bilen bagly?**

a) a we b; b) b we ç; ç) ç we d; d) b we d.

19. **Haýsy topardakylar sözlem agzasy bolup bilmeýär?**

a) umuman, megerem, elbetde, hawa;
b) bir, on, ýüzünji, iki-ýeke;
ç) ak, uly, dury, arassa;
d) uky, düýş, gorky, duýgy.

20. *Ygym-sagym görünýän bulutlardan käwagt bir damja gaçýardy.* **Bu nähili sözlem?**

a) gezekleşigi bildirýän düzmeli goşma sözlem;
b) ýaýran ýönekeý sözlem;
ç) äheň arkaly baglanyşýan düzmeli goşma sözlem;
d) ugurdaşlygy bildirýän goşma sözlem.

21. **Haýsy sözlemde jemleýji söz bar?**

a) Aýbölek, Altyn, Gülälek – üçüsi bäsleşikde öňe saýlandy.
b) Şol bäsleşikde Aýbölek aýdym aýtdy, Altyn bilen Gülälek bolsa surat çekdi.
ç) Olar synpymyzyň ökde okuwçylary.
d) Synpymyzda ökde okuwçylar köp.

22. *Ökjäň ýeňlemek:*

a) ýüküň ýeňlemegi;
b) ýeňiljek köwüş geýmek;
ç) begenmek;
d) köwşüň ökjesiniň gaçmagy.

23. *Batyr (I) atly batyr (II) ýigit batyr (III) gepläp, oturanlary aňk etdi. Batyr* **sözüniň näçenjisi hal?**

a) hemmesi hem hal;
b) III;
ç) II;
d) I.

24. *Dogan-da gelmedi, gardaş-da habar almady.* **Bu nähili sözlem?**

a) garşylygy bildirýän düzmeli goşma sözlem;
b) garşylygy bildirýän eýerjeňli goşma sözlem;
ç) ugurdaşlygy bildirýän düzmeli goşma sözlem;
d) ýokluk bildirýän düzmeli goşma sözlem.



25. *Aýdanyny kyn görmän et, ýogsa ýnjar.* **Many taýdan düzmeli goşma sözlemleriň haýsyna degişli?**

a) garşylyk bildirýän;
b) şert bildirýän;
ç) ikuçlulyk bildirýän;
d) gezekleşik bildirýän.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Many taýyndan düzmeli goşma sözlemler näçe topara bölünýär?
2. Deňdeş agzalaryň manylaryny umumylaşdyryp gelýän söze nähili söz diýilýär?
3. *Baýram kitap okady we hat ýazdy.* Bu gurluş taýyndan nähili sözlem?
4. *Begenç okaýar, jigisi diňleýär.* Bu nähili sözlem?
5. *Çagyrdym, emma gelmediň.* Sözlemiň eýesini anyklaň.
6. Grammatikanyň bölümleri haýsylar?
7. *Gapynyň jygyldysy ýürege düşdi, onuň peltesini ýaglamaly ekeniň.* Haýsy söz nädogry ulanylypdyr we onuň ýerine haýsy söz gerek?
8. Ýokarky (7-nji) sowaldaky sözlemiň düzümindäki ýönekeý sözlemleriň eýeleri haýsy söz toparyndan?
9. **Her, hiç** sypatlyk çalyşmalarynyň düşümde üýtgeýiş aýratynlygy nähili?
10. *Günler geçýär, aýlar geçýär, ýyl dolanýar.* Baglanyşyk nähili ýol bilen ýüze çykypdyr?

## Sözlem derňewi

***Bagda gülleriň ysy burk urýar, bilbiller hoş owaz bilen saýraýar.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Gurluşy taýyndan nähili sözlem?
2. Baglanyşy we pikir aňladyşy taýyndan nämäni bildirýär?
3. Iki ýönekeý sözlem üçin hem umumy aýyklaýjy sözi tapyň.
4. Goşma sözlemiň düzümindäki ýönekeý sözlemler nähili ýol bilen baglanyşypdyr?
5. Sanda ylalaşmaýan baş agzalar haýsylar?
6. Degişlilik aýyrgyjy bolup gelen sözi tapyň.
7. Doldurgyç bolup gelen sözleri anyklaň.
8. Bu sözlemiň ülňüsi nähili?
9. Morfologik ýol bilen ýasalan söz barmy?
10. Çekimlileriň dodak sazlaşygyna boýun egýän söz haýsy?

## II çärýek

**1. Eýerjenli goşma sözlem barada nädogry teswiri tapyň:**

a) baş we eýerjen sözlemleri bolýar;
b) eýerjen sözlemi özbaşdak ulanyp bolmaýar;
c) diňe baş sözlem gutarnykly pikir aňladýar;
d) garaşsyz ýol bilen baglanyşýar.

**2. Bu kadalaryň haýsysy sebäp eýerjenli goşma sözleme degişli däl?**

a) Mundaky sözlemler *çünki, sebäbi* kömekçi sözleri arkaly baglanýarlar.
b) Olar özara *sebäpli, üçin* kömekçileri arkaly baglanýarlar.
c) Olar *görä* kömekçi sözi bilen hem baglanyşyp biler.
d) Eýerjen sözlem baş sözlemden öňürti gelýär.

**3. Eýerjenli goşma sözlemleriň many toparlarynyň sanawynda haýsysy artykmaç?**

a) wagt, hal bildirýänler;
b) ikuçlulyk, gezekleşik bildirýänler;
c) wagt, sebäp bildirýänler;
d) meňzetme, şert bildirýänler.

**4. *Nebis – dert, göwün dermandyr.* Gurluş taýyndan:**

a) düzmeli goşma sözlem;
b) eýerjenli goşma sözlem;
ç) deňdeş eýeli ýygnak ýönekeý sözlem;
d) deňdeş habarly ýygnak ýönekeý sözlem.

**5. Eýerjenli goşma sözleme degişli ülňi:**

a) [ ], [ ], [ ].
b) [ ], [ ].
c) A: «B» bs a.
d) (), [ ].

**6. Şert eýerjen sözlemiň habarynyň görnüşi:**

a) isligiň nämälim şekilinde;
b) isligiň şert şekilinde;
ç) isligiň hökmanlyk şekilinde;
d) isligiň buýruk şekilinde.

**7. Eýerjen sözlemiň pikiriň dowamlylygyny görkezýän habary:**

a) gelýänçäk;
b) gelen bolsa;
c) gelende;
d) gelmezinden öň.

8. **Meňzetme eýerjeň sözlemi baradaky has anyk kada:**

a) özbaşdak äheňi bolman, habar bilen goşulyp aýdylýar;
b) deňeşdirilýän zadyň ady görkezilýär;
c) köplenç, habaryň öň ýanyndan gelýär;
d) özbaşdak äheňde aýdylýar.

9. **Baş sözlemde aňlanylýan pikiriň nä ýagdaýda ýüze çykandygyny aňladýan sözlem:**

a) wagt eýerjeň sözlemi;
b) sebäp eýerjeň sözlemi;
c) hal eýerjeň sözlemi;
d) şert eýerjeň sözlemi.

10. **Aşakdakylaryň haýsysynda wagt eýerjeň sözlemden aňlanylýan pikir ýüze çykan badyna, baş sözlem bilen görkezilýän pikir başlanýar?**

a) Jahan ýagtylandan, köçelerdäki hereket köpeldi.
b) Biz oba gelenimizde, heniz garaňky gatlyşmandy.
c) Oýun başlamazyndan owal, tomaşaçylar orunlarynda ýerleşipdiler.
d) Tä oýun tamamlanýança, ol başga zada üns bermedi.

11. **Sebäp eýerjeňli goşma sözlem:**

a) Men seniň ýanyňa öwrenmek üçin geldim.
b) Güýçli ýagýan ýagyş sebäpli ýaryş geçirilmedi.
c) Güýçli ýagyş ýagýanlygyna görä, ýaryş geçirilmedi.
d) Men öwrenjek bolsam, seniň ýanyňa bararyn.

12. ***«Aýagym gysga bolsa-da, taýagym uzyn».* Bu nähili goşma sözlem?**

a) hal eýerjeňli;
b) garşylykly eýerjeňli;
c) şert eýerjeňli;
d) sebäp eýerjeňli.



13. *«Ýer gaty bolsa, öküz öküzden görer».* **Nähili goşma sözlem?**

a) hal eýerjeňli;
b) garşylykly eýerjeňli;
c) şert eýerjeňli;
d) wagt eýerjeňli.

14. ***Meýdanda suw doňup, gök çöpi sowuk uranda-da, onuň öýünde gök torly gawun tapylýar.* Bu sözlemiň ülňüsi haýsy jogapda dogry?**

a) (h.e.s.), (s.e.s.)-da, [ ].
b) (h.e.s.), (w.e.s.)-da, [ ].
c) (h.e.s.), (ş.e.s.)-da, [ ].
d) (h.e.s.), (g.e.s.)-da, [ ].

15. **Başganyň sözi ýazuwda awtoryň sözünden haýsy belgi bilen tapawutlandyrylýar?**

a) otur;
b) iki nokat;
c) goşa dyrnak;
d) kese çyzyk.

16. **Dyngy belgileri nädogry goýlan sözlem:**

a) «Men onuň ýanyna barmaly» diýen netijä geldi.
b) «Men näme etmeli?» diýip, ol içini gepletdi.
c) Ahyry şeýle netijä geldi: «Men onuň ýanyna barmaly».
d) Ol näme etmelidigi, hakynda oýlandy.

17. **Başganyň sözüniň görnüşleriniň sany:**

a) 1; b) 2; c) 3; d) 4.

18. ***Okady, diňledik.* Gurluşy taýdan:**

a) ýygnak ýönekeý sözlem;
b) düzmeli goşma sözlem;

ç) ýaýran ýönekeý sözlem;
d) eýerjeňli gosma sözlem.

19. ***«Giden getirer, oturan nyrh sorar»***. **Many taýdan nähili düzmeli gosma sözlem?**

a) sebäp bildirýän;
b) sert bildirýän;
ç) ugurdaşlyk bildirýän;
d) garşylyk bildirýän.

20. **Basganyň sözi sorag ýa ýüzlenme sözlemi bolup gelse, degişlilikde, sorag ýa ýüzlenme belgisi nirede goýulmaly?**

a) umumy sözlemiň soňunda;
b) basganyň sözünden soň;
ç) awtoryň sözünden soň;
d) basganyň sözünden öň.

21. ***Aýnany alyp gitse, Aşyr galjak, Aşyryň aladasyny etse, Aýna galjak.*** **Bu sözlem haýsy ülnä laýyk gelýär?**

a) (), (), [ ], [ ].
b) (), [ ], (), [ ].
ç) [ ], (), [ ], ().
d) [ ], [ ], (), ().

22. ***Perzent adam şekilli bolup ýetişýänçä, ol ata-enesine bagly.*** **Nähili goşma sözlem?**

a) sebäp eýerjeňli;
b) sert eýerjeňli;
ç) wagt eýerjeňli;
d) hal eýerjeňli.

23. **Meňzetme eýerjeňli goşma sözlem:**

a) Guşuň asmanda gaýysy kimin, göwnüm göterildi.
b) «Daşy gan ýaly, içi un ýaly.»
ç) Guş näçe ýokardan uçýan ýaly bolsa-da, awçynyň gözünden sypmady.
d) Howa bulutlaşjak ýaly bolany üçin, ýyldyzlar görünmeýärdi.

24. ***Çoh garaşdym, ajap eýýam gelmedi*** (*Magtymguly*). **Nähili goşma sözlem?**

a) sebäp eýerjeňli goşma sözlem;
b) garşylykly eýerjeňli goşma sözlem;
ç) garşylyk bildirýän düzmeli goşma sözlem;
d) sebäp bildirýän düzmeli goşma sözlem.

25. **Basganyň sözüniň awtoryň sözi arkaly berlişi:**

a) jogap sözleri we hal-ýagdaý doldurgyjy arkaly;
b) ýüz tutma sözleri we sebäp-maksat doldurgyjy arkaly;
ç) ümlükler we meňzetme doldurgyjy arkaly;
d) giriş sözleri we hakyndalyk doldurgyjy arkaly.

## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Meňzetme eýerjeňli goşma sözlemde haýsy kömekçi sözler ulanylýar?
2. ***«Ak girse-de, aň girmändir»***. Many taýyndan bu nähili goşma sözlem?
3. ***«Süýde siňe seretseň, gan görner»***. Many taýyndan eýerjeňli goşma sözlemleriň haýsyna degişli?
4. ***Şolar, birentek, hemme*** sözleri haýsy söz toparyna degişli?
5. ***Çünki, sebäbi*** kömekçi sözleri haýsy goşma sözlemde ulanylýar?
6. ***Okap, işläp, okaman, işlemän*** ýaly işlikler haýsy eýerjeň sözlemiň habary bolup gelýär?


14. Sargyt № 1641

7. «*Sag sägindiňçä, akmak ogluny iki öýär*». Nähili eýerjeňli goşma sözlem?
8. Sebäp eýerjeň sözlem baş sözlem bilen haýsy kömekçi sözler arkaly baglanyşýar?
9. Eýerjeňli goşma sözlemler many taýyndan näçe topara bölünýär?
10. Eýerjeňli goşma sözlem derňewde nähili ülňi bilen aňladylýar?

## Sözlem derňewi

***Bular çaldan, nahardan mazaly keýplerini kökleýänçäler, Hajymyrat gören görgüleriniň baryny gürrüň berdi.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Many taýyndan nähili eýerjeňli goşma sözlem?
2. Ondaky baglanyşyk nähili ýüze çykypdyr?
3. Eýerjeň sözlemiň baş agzalaryny tapyň.
4. Näçe sany söz san goşulmasyny kabul edipdir?
5. Ýeňiş doldurgyjy bolup gelen sözleri tapyň.
6. Deňdeş agzalar barmy?
7. Aýyrgyç bolup gelen sözler haýsylar?
8. Ortak işlik goşulmalaryny kabul eden sözleri tapyň.
9. Baş sözlemiň baş agzalary haýsylar?
10. Baş agzalaryň özara ylalaşygy nähili?

## III çärýek

1. *Köňüller, ýürekler, bir bolup başlar,*
*Tartsa ýygyn, erär topraklar, daşlar* (Magtymguly).
**Sözlemiň dogry görkezilen ülňüsi:**
a) [ ], (), [ ].
b) (), (), [ ].



ç) (), [ ].
d) (), [ ], ().

2. **Aşakdakylaryň haýsysynda dyngy belgiler dogry goýlupdyr?**
a) Ol: «Öwez aga ertir toýa geliň diýdi» diýip habaryny aýtdy.
b) Ol: «Öwez aga ertir toýa geliň» diýdi» diýip, habaryny aýtdy.
ç) Ol: «Öwez aga «Ertir toýa geliň» diýdi» diýip, habaryny aýtdy.
d) Ol: «Öwez aganyň toý habaryny» aýtdy.

3. **Başganyň sözüne degişli bolmadyk teswir.**
a) Iki ýa-da ikiden köp adamyň pikiri aňladylýar.
b) Awtoryň we özgäniň sözünden ybarat bolýar.
ç) Awtoryň sözünden goşa dyrnak bilen tapawutlandyrylar.
d) Sözleýişde awtoryň sözünden äheň taýdan tapawutlanýar.

4. ***Bu ne gudrat işdir, suwdan ot çykar*** (Magtymguly). **Bu sözlem:**
a) şert eýerjeňli goşma sözlem;
b) ýaýraň ýönekeý sözlem;
ç) deňdeş habarly ýönekeý sözlem;
d) düzmeli goşma sözlem.

5. **Poeziýa eserinden alnan goşgy setirleri hiç hili üýtgeşme sezewar edilmedik bolsa, onda ol nähili ýazylmaly?**
a) goşa dyrnak içinde;
b) önünden kese çyzyk goýmak bilen;
ç) kese çyzyk başda-da, soňunda-da goýulmaly;
d) goşa dyrnaksyz ýazylyp, sözlem bilen dowam etdirilse, soňundan kese çyzyk goýulýar.

6. **Eger sitata bölekleýin alnan bolsa, onuň galdyrylan böleginiň ýerine näme goýmaly?**
   a) köp nokat;
   b) kese çyzyk;
   c) sorag belgisi;
   d) iki nokat.

7. **Geplеşik hakynda pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**
   a) Iki ýa-da birnäçe adamyň pikiri aňladylýar.
   b) Awtoryň sözünden äheň taýyndan tapawutlanmaýar.
   ç) Pikir aňladyşy, gurluşy, aýdylyş äheňi, baglanyşy taýdan basganyň sözüne ýakyndyr.
   d) Geplеşige gatnaşýanlaryň sözleri täze setirden, abzasdan kese çyzyk goýlup, baş harp bilen ýazylyp başlanylýar.

8. **Drama eserlerinde awtoryň gosmaça belligine näme diýilýär?**
   a) inwersiýa;
   b) remarka;
   c) intonasiýa;
   d) sitata.

9. ***Ylmy ymykly özleşdireniňizden soň, bilýänleriňizi hemmäňiz hoşamaý söz bilen beýan ediň.* Nähili gosma sözlem?**
   a) hal eýerjeňli;
   b) şert eýerjeňli;
   ç) sebäp eýerjeňli;
   d) wagt eýerjeňli.

10. **Edebi eserleriň haýsy görnüşi tutuşlygyna gepleşikden durýar?**
   a) poeziýa eseri;
   b) proza eseri;



   ç) drama eseri;
   d) eposlar.

11. ***Oba adamlary meýdança Gün dogan dessine ýygnandylar.* Gurluşy taýdan:**
   a) eýerjeňli gosma sözlem;
   b) ýygnak ýönekeý sözlem;
   c) ýaýraň ýönekeý sözlem;
   d) düzmeli gosma sözlem.

12. **Morfologik derňewinde ulanylýan şertli belgiler:**
   a) ____, ____; b) - - - -, - - - -;
   ç) (), [ ]; d) └──┘ ⌒ ^ □.

13. ***Ene dilim ... döwlet dilim!* Köp nokada derek haýsy belgini goýmaly?**
   a) otur;
   b) kese çyzyk;
   ç) çyzyjak;
   d) iki nokat.

14. **Haýsy jogapda dyngy belginiň ady dogry berlipdir?**
   a) – kese çyzyk, — çyzyjak;
   b) ikisi hem (–,–) çyzyjak;
   ç) – çyzyjak, — kese çyzyk;
   d) ikisi hem (—,—) kese çyzyk.

15. **Basganyň sözi bilen gelýän awtoryň sözi, köplenç, pikir aňladyş taýyndan nähili sözlem bolýar?**
   a) habar sözlemi;
   b) sorag sözlemi;
   ç) ýüzlenme sözlemi;
   d) sorag-ýüzlenme sözlemi.

16. ***Mollanepesiň «Zöhre–Tahyryny» höwes bilen okadym.*** **Aşagy çyzylan bölek:**

a) başganyň sözi;
b) remarka;
ç) eseriň ady;
d) epigraf.

17. ***Yhlasyň üçin maksadyňa gowuşdyň.*** **Bu sözlem:**

a) wagt doldurgyçly ýönekeý sözlem;
b) sebäp-maksat doldurgyçly ýönekeý sözlem;
c) wagt eýerjenli goşma sözlem;
d) sebäp eýerjeňli goşma sözlem.

18. **Sitata haýsy jogapda dogry ulanylypdyr?**

a) Şahyryň:
«Çümer gider,
Golaý gelseň»
diýen setirleri näme hakda?

b) Şahyryň:
– Çümer gider,
Golaý gelseň –
diýen setirleri näme hakda?

c) Şahyryň:
– Çümer gider,
Golaý gelseň.
diýen setirleri näme hakda?

d) Şahyryň:
Çümer gider,
Golaý gelseň –
diýen setirleri näme hakda?

19. **Haýsy nädogry ýazylypdyr?**

a) şähdiaçyk;
b) Annaaman;



c) Annaesen;
d) ýasulular.

20. ***Biz ony sen aýdanyňdan soň görüp galdyk.*** **Bu nähili sözlem?**

a) ýygnak ýönekeý sözlem;
b) wagt doldurgyçly ýaýraň ýönekeý sözlem;
ç) wagt eýerjenli goşma sözlem;
d) hal eýerjeňli goşma sözlem.

21. ***Daň atanda, horazlar gygyrysdylar, eşekler aňňyrysyp başladylar.*** **Bu haýsy ülňä gabat gelýär?**

a) (), [ ], [ ].
b) (), [ ].
c) [ ], [ ].
d) (), [ ], ().

22. **Sözlemiň başynda we ortasynda gelende, başganyň sözünde goýulmaýan dyngy belgi:**

a) ýüzlenme belgisi;
b) sorag belgisi;
ç) sorag-ýüzlenme belgisi;
d) nokat.

23. ***Eşitdiň gerek, göz görkezip bilipdir.*** **Bu sözlem:**

a) deňdeş agzaly ýönekeý sözlem;
b) eýerjeňli goşma sözlem;
c) düzmeli goşma sözlem;
d) doly sözlem.

24. ***Bu kitaby elden düşüresim gelmedi, sebäbi ol örän gyzykly eken.*** **Bu sözlemiň şekili.**

a) (), bs [ ].
b) (), [ ].

c) [ ], [ ].
d) [ ], bs [ ].

25. **Nädogry ýazylan sözler:**

a) üýşmek, gülmek;
b) dyýz, biýz;
ç) müdiri, hözir;
d) surat, asuda.

## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Kärendeçi pagta ekjek ýerlerine suw tutýar.*** Sözlemdäki näsazlygy düzetmeli.
2. *Remarka* – awtoryň goşmaça belligi, düşündirişi nähili eserlere mahsus?
3. Sözlemiň pikir aňladyşy boýunça goýulýan dyngy belgileri haýsylar?
4. Sözlem agzalarynyň derňewindäki şertli belgileri ýazyň.
5. ***Türkmen serkerdeleri gaýduwsyzlyk görkezipdirler.*** Sözlemden eýäni tapyň.
6. Eýerjeň sözlem baş sözleme haýsy kömekçi serişdeler arkaly baglanyşýar?
7. ***Guzaý*** näme?
8. Bir sözlemde hem gepleşik, hem basganyň sözi gelip bilermi?
9. Lukman: ***«Neşäniň adam bedeni üçin ölüm howpy bar»*** diýdi. Basganyň sözüni awtoryň (sözleýjiniň) sözi arkaly beriň.
10. Nokat, sorag, ýüzlenme belgileri sözleýişde nähili aňladylýar?



### Sözlem derňewi

***Ol başyny galdyryp: «Biz bu işe heniz sen gelmänkäň başladyk» diýdi.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Bu sözlemi ülňüde görkeziň.
2. Basganyň sözi bolup gelen sözlem many taýyndan nähili sözlem?
3. Basganyň sözi bolup gelen sözlemiň baş agzalaryny tapyň.
4. Sözlemde näçe çalyşma bar?
5. ***Heniz*** sözi haýsy söz toparyna degişli?
6. Ýönkemede gelen sözleri tapyň.
7. Doldurgyç bolup gelen atlary tapyň.
8. ***Galdyryp*** sözi nähili işlik?
9. Basganyň sözi bolup gelen eýerjeňli goşma sözlemde näme üçin otur goýulmandyr?
10. Şol bölekde otury peýdalanmak üçin, ony nähili ýazmaly?

## IV çärýek

1. **Inwersiýa näme?**

a) sözleriň manysynyň üýtgemegi;
b) sözlerde sesleriň ýeriniň üýtgemegi;
ç) sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgemegi;
d) goşma sözlemde sözlemleriň tertibiniň üýtgemegi.

2. **Inwersiýa hadysasy, esasan, nirede köp duşýar?**

a) proza we drama eserlerinde;
b) ýygnak we ýaýraň ýönekeý sözlemlerde;
ç) ylmy kitaplarda;
d) gepleşikde we poeziýa eserlerinde.

3. *Ördegiň, jorabyň, görejiň, okadýar*. **Bu sözlerde nähili grammatik hadysasy bolup geçipdir?**

a) dar çekimlileriň düşürilmegi;
b) dymyk çekimsizleriň açyklaşmagy;
ç) çekimsizleriň orun çalyşmagy;
d) inçelik-ýogynlyk sazlaşygynyň bozulmagy.

4. **Sözlemde logiki basym:**

a) sözleýjiniň özüniň nygtamagy zerur hasaplan sözüni sözlemiň beýleki sözlerinden batlyrak aýtmagy;
b) gepleşikde soraga, buýruga, haýysa biragyzdan jogap bolýan söz;
ç) sözleýän, ýazýan adamyň ýüze çykarýan pikirine bolan garaýşy;
d) sözlemde pikiriň kime, nämä gönükdirilendigini aňladýan söz.

5. *Täze küýzäniň suwy sowuk*. **I – eýelik-degişlilik aýyrgyjy, II – sada habar, III – sada eýe, IV – sypat aýyrgyjy. Derňewiň dogry jogabyny tapyň:**

a) IV-III-II-I;
b) IV-II-I-III;
ç) IV-I-II-III;
d) IV-I-III-II.

6. *Berdimyrat han Gökdepe söweşinde mertlerçe wepat boldy*. **I – düzme habar, II – at aýyrgyjy, III – düzme eýe, IV – orun doldurgyjy, V – hal-ýagdaý doldurgyjy. Yzygiderliligi tapyň:**

a) I-V-II-IV-I;
b) III-II-IV-V-I;
ç) III-I-IV-II-V;
d) III-II-V-IV-I.



7. **Haýsy söz dogry ýazylypdyr?**

a) gaýtawul;
b) otlyçöp;
ç) mollotorgaý;
d) göwniaçyk.

8. *Ol esbaplaryny ýerli-ýerinde goýuşdyrdy*. **Bu sözlem barada pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Bu sözlemde sada habar bar.
b) Bu – ýaýraň ýönekeý sözlem.
ç) Bu – eýeli sözlem.
d) Bu sözlemde deňdeş doldurgyçlar bar.

9. *Esbaplaryny* **sözüniň derňewiniň haýsy nädogry?**

a) esbap – düýp söz, jyns at;
b) -lar – san goşulmasy;
ç) -yn – dereje ýasaýjy goşulma;
d) -ny – ýeňiş düşümiň goşulmasy.

10. *Atamyň sargydy*. **Derňewleriň haýsysy nädogry?**

a) garaşly söz – atamyň, esasy söz – sargydy;
b) sözler ýanaşma ýoly bilen baglanyşypdyr;
ç) sözler ylalaşma ýoly bilen baglanyşýar;
d) sözler eýerme ýoly bilen baglanyşýar.

11. *Gardaşdyr tireler, amandyr iller...* **(Türkmenistanyň Döwlet senasyndan). Bu nähili sözlem?**

a) düzmeli goşma sözlem;
b) ýaýraň ýönekeý sözlem;
ç) ýygnak ýönekeý sözlem;
d) deňdeş habarly ýönekeý sözlem.

12. *Danalaryň aýdyşy ýaly, kitap batyl gözi açmak üçin dermandyr*. **Basganyň sözi nämäniň kömegi bilen berlipdir?**

a) meňzetme doldurgyjynyň;

b) meñzetme eýerjeñli gosma sözlemiñ;
c) söz düzüminden bolan giriş sözüñ;
d) jogap sözleriñ.

13. *Arçyn, welaýat* – bular nähili sözler?
a) täzeden ulanyşa girizilen sözler;
b) täze sözler – neologizmler;
ç) könelişen, ulanyşdan galan sözler – arhaizmler;
d) gadymy sözler – istorizmler.

14. Okuwa, işe girmek, işden çykmak üçin edaranyň ýolbaşçysyna ýazmaça ýüz tutmak:
a) häsiýetnama;
b) arza;
ç) düşündiriş;
d) bildiriş.

15. Sada sözleriň ýazuw kadalary hakynda nädogry pikir ýöretme:
a) inçe we ýogyn çekimlileriň sazlaşygy saklanýar;
b) giň dodak çekimlileri diňe birinji bogunda ýazylýar;
ç) dar dodak çekimlileri eşidilen ýerlerinde ýazylýar;
d) degişli ýerinde dar çekimliler düşýär, dymyk çekimsizler açyklaşýar.

16. Haýsy çekimli sesiň uzyn aýdylyş häsiýeti örän seýrek duşýar?
a) a; b) ü; ç) i; d) e.

17. Türkmen dilindäki sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýan çekimliler haýsylar?
a) a, e; b) y, i; ç) o, ö; d) u, ü.

18. Ikinji bogundan düşüp galmak kadasy haýsy çekimlilere degişli?
a) a, o, u, y;



b) i, u, ü, y;
ç) o, ö, u, ü;
d) ä, e, i, ü.

19. *Abdylla galandaryň ýagşy ýigit habaryny ber diýenini eşitdi* («*Görogly*» *eposyndan*). Sözlemde ulanylmaly dyngy belgileriniň sany:
a) 1; b) 2; ç) 3; d) 4.

20. *Onuň haçan geljegini ... men bilerin, .... beýlekiler.* Köp nokatlaryň ýerine haýsy baglaýjylar gerek?
a) ne, ne-de;
b) ýöne, emma;
ç) çünki, sebäbi;
d) ýogsa, bolmasa.

21. «Kör düýesi köprüden geçen».
a) erkin söz düzümi;
b) durnukly söz düzümi;
ç) ýönekeý sözlem;
d) gosma sözlem.

22. *Gözleşýärdiler.* Nädogry jogaby anyklaň:
a) göz – düýp söz, jyns at;
b) gözle – ýasama işlik;
ç) -ş – dereje ýasaýjy goşulma (şäriklik);
d) -ýärdi – häzirki we öten zaman.

23. *Güller – gyz ady. «Gülleriň güli, saýlantgysy.»* Bu bölek aşakdakylaryň haýsysyna degişli?
a) düşündirişli sözlüge;
b) drama eserine;
ç) basganyň sözüne;
d) dürs ýazuw sözlügine.

24. Aşakdakylaryň haýsysy edarada ulanylýan gulluk hatlaryna degişli däl?
   a) güwä haty;
   b) kepilnama;
   ç) ynanç haty;
   d) salam haty.

25. Ylmy tekstlere degişli bolmadyk teswir.
   a) ceperçilik serişdeleri ulanylýar;
   b) ylmy işlerde, okuw kitaplarynda, leksiýalarda ulanylýar;
   ç) takyklyk, aýdyňlyk esasy stil aýratynlygydyr;
   d) ylmy adalgalar (terminler) köp ulanylýar.

## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. *Neýleýin ol arap zyban – asal zybanym bar meniň.* Bu jümle kime degişli?
2. Ýokarky (1-nji) mysalda haýsy dil göz öňünde tutulypdyr?
3. ***Radio, toprak, tutýak, eýwan*** bularyň haýsysy şiwä (dialekte) degişli?
4. *Mert ogludyr, ilge ýaýar desterhan,*
   *Dogry söz üstünde berer şirin jan...* (*Magtymguly*).
   Aşagy çyzylan sözler haýsy düşümlerde?
5. Aşakdaky sözleriň ýalňyş ýazylany barmy?
   ***Sürüm, sürim, otur, otyr, çig, çyg, süri, süýri, ik, yk.***
6. ***Sen-ä «mergen» ekeniň-ow, atan okuň nyşana golaýlaşmadam.*** Sözüň goşa dyrnaga alynmagynyň sebäbi näme?
7. **[ ], emma [ ].** Bu ülňiniň haýsy sözleme degişlidigini ýazyň.



8. Remarkanyň ulanylýan ýerleri.
9. Atdaş goşma sözlemler.
10. ***Meniň jigimiň ýoldaşlary hem gelipdir.*** Sözlem agzalarynyň belgilenişinde ýalňyş bar bolsa düzediň.

## Sözlem derňewi

***Jahany ýandyrdy oduň,***
***Gaçar boldy ýakyn, ýadyň...*** (*Magtymguly*).

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Bu setirlerde nähili grammatik hadysa bolupdyr?
2. Gurluşy taýdan nähili sözlem?
3. Sözlemiň baş agzalaryny tapyň.
4. Sözlemde düzme söz barmy?
5. ***Ýakyn*** sözi haýsy ýöňkemede gelipdir?
6. Ýeňiş doldurgyjy bolup gelen sözi tapyň.
7. Açyklaşma hadysasy ýüze çykan sözleri tapyň.
8. Sözlemde deňdeş agza barmy?
9. Sözlemler özara nähili baglanyşypdyr?
10. Näme üçin bu bölek goşa dyrnaga alynmandyr?

## VIII synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | Ç | D | B | Ç |
| 2 | D | A | Ç | D |
| 3 | Ç | B | A | B |
| 4 | A | A | D | A |
| 5 | D | D | D | D |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 6 | A | B | A | B |
| 7 | B | A | B | A |
| 8 | Ç | D | B | D |
| 9 | D | Ç | D | Ç |
| 10 | A | A | Ç | B |
| 11 | B | Ç | A | A |
| 12 | A | B | D | Ç |
| 13 | D | Ç | B | A |
| 14 | B | B | Ç | B |
| 15 | Ç | Ç | A | Ç |
| 16 | D | D | Ç | D |
| 17 | B | D | B | Ç |
| 18. | Ç | B | D | B |
| 19 | A | D | A | D |
| 20 | B | B | Ç | A |
| 21 | A | B | A | B |
| 22 | Ç | Ç | D | D |
| 23 | B | A | Ç | A |
| 24 | Ç | Ç | D | D |
| 25 | B | D | B | A |

## Türkmen dilinden VIII synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. 7 topara.
2. Jemleýji söz.
3. Deňdeş habarly ýönekeý sözlem.
4. Ugurdaşlygy bildirýän düzmeli goşma sözlem.



5. *Men* we *sen*.
6. Morfologiýa, sintaksis.
7. *Peltesi* däl, *petlesi* bolmaly.
8. *Jygyldysy* – ses we şekil aňladýan sözden ýasalan at, *sen* – at çalyşmasy.
9. Öňürti ýöňkeme goşulmasyny kabul etmeli.
10. Äheň arkaly.

### Sözlem derňewi

1. Düzmeli goşma sözlem.
2. Ugurdaşlygy bildirýär.
3. Bagda.
4. Äheň arkaly.
5. Bilbiller saýraýar (Eýesi köplük sanda, habary birlik sanda).
6. Gülleriň.
7. *Bagda* – orun doldurgyjy, *hoş owaz bilen* – hal-ýagdaý doldurgyjy.
8. Bagda [ ], [ ].
9. Ýok.
10. Gülleriň (*güllörüň*).

### II çärýek

1. *Ýaly, kimin, dek.*
2. Garşylykly eýerjeňli.
3. Şert eýerjeňli.
4. Çalyşmalara.
5. Sebäp bildirýän düzmeli goşma sözlemde.
6. Hal eýerjeň sözleminiň.
7. Wagt eýerjeňli.
8. *Üçin, sebäpli, mynasybetli, görä.*

15. Sargyt № 1641

9. Alty topara.
10. (), [ ].

## Sözlem derňewi

1. Wagt eýerjeňli.
2. Baglaýjy söz, goşulma we äheň arkaly.
3. Eýe – *bular*, habar – *kökleýänçäler*.
4. Dört sany.
5. *Keýplerini, baryny.*
6. Bar – *çaldan, nahardan.*
7. *Gören, görgüleriniň.*
8. *Kökleýänçäler, gören.*
9. Eýe – *Hajymyrat*, habar – *gürrüň berdi*.
10. Sanda we ýöňkemede ylalaşýarlar.

## III çärýek

1. *Kürendeçi gowaça ekjek ýerlerine suw tutýar.*
2. Drama eserine.
3. Nokat, sorag, ýüzlenme we sorag-ýüzlenme belgileri.
4. ___ -eýe, ___ -habar, ___ -aýyrgyç, _ _ _ _ -doldurgyç.
5. Serkerdeleri.
6. Baglaýjy sözler we sözsoňy kömekçiler arkaly.
7. *Guzaý* – dagyň kölege, ýagny Gün şöhlesi düşmeýän tarapy (demirgazyk tarapy).
8. Gelip bilmez.
9. *Lukman nesäniň adam bedeni üçin ölüm howpunyň bardygyny aýtdy.*
10. Äheň (intonasiýa) arkaly.



## Sözlem derňewi

1. A: «B» a.
2. Wagt eýerjeňli goşma sözlem.
3. *Biz başladyk, sen gelmänkäň.*
4. Dört sany (ol, biz, bu, sen).
5. Hal.
6. *Gelmänkäň* – ikinji ýöňkemäniň birligi, *başladyk* – birinji ýöňkemäniň köplügi, *başy* (ny) – üçünji ýöňkemäniň birligi.
7. *Başyny* – ýeňiş doldurgyjy, *işe* – ýöneliş doldurgyjy.
8. Hal işligi.
9. Eýerjeň sözlem baş sözlemiň habarynyň öň ýanyndan gelipdir.
10. *Heniz sen gelmänkäň, biz bu işe başladyk.*

## IV çärýek

1. Magtymguly Pyraga.
2. Türkmen dili.
3. Tutýak.
4. *Mert, söz* – eýelik düşümiň, *desterhan, jan* – ýeňiş düşümiň goşulmasyz görnüşi.
5. Hemmesi hem dogry.
6. Ýaňsa alnan söz.
7. Garsylyk bildirýän düzmeli goşma sözlem.
8. Drama eserlerinde.
9. Sebäp, şert, garsylyk bildirýän düzmeli hem-de eýerjeňli goşma sözlemler.
10. *Meniň jigimiň ýoldaşlary hem gelipdir.*

## Sözlem derňewi

1. *Inwersiýa* – sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgemegi.
2. Düzmeli gosma sözlem.
3. Oduň ýandyrdy. Ýakyn, ýadyň gaçar boldy.
4. *Gaçar boldy.*
5. Senlik ýöňkemäniň birligi.
6. *Jahany.*
7. Oduň, ýadyň.
8. Deňdeş eýe – *ýakyn, ýadyň.*
9. Äheň arkaly.
10. Gosgy setirleriniň üýtgedilmän alnandygy üçin.



## VIII SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

### I çärýek

**1. Haýsysy halk döredijiliginiň sygyr-kyssa görnüşli iri eseri?**

a) nakyllar;
b) dessanlar;
ç) matallar;
d) hüwdüler.

**2. Gelin-gyzlar tarapyndan döredilip, belli bir waka, aýratyn başdan geçirmeler, isleg-arzuw beýan edilýän sygyrlar:**

a) tapmaçalar;
b) dessanlar;
ç) küştdepmeler;
d) läleler.

**3. Ýaremezan haýsy baýramçylykda aýdylýar?**

a) Oraza aýynyň başynda;
b) Nowruz baýramynyň başynda;
ç) Gurban baýramynyň başynda;
d) Goňşokara baýramynyň başynda.

**4. Halk döredijiliginiň durmuşy ýa-da hyýaly häsiýetde bolan kyssa eserleri:**

a) nakyllar;
b) matallar;
ç) ertekiler;
d) rowaýatlar.

5. **Dürli dini ynançdaky aşyklar hakyndaky dessan:**

a) «Asly-Kerem»;
b) «Gülpam»;
ç) «Hatamtaý»;
d) «Garybyň gyzy Güljahan».

6. **Ejekejanyň hakyky ady:**

a) Mahym; b) Mähri; ç) Maral; d) Maýsa.

7. **Şu gahrymanlaryň haýsysy Hatamtaýyň aýaly?**

a) Gülendam;
b) Zerkäkil;
ç) Gülpam;
d) Güljahan.

8. **Bularyň haýsysy «Hatamtaý» dessanyndan?**

a) Güljahan;
b) Gülpam;
ç) Asly;
d) Gülendam.

9. **Şu eserleriň haýsysy durmuşy häsiýetde?**

a) «Hatamtaý»;
b) «Mämmetjan»;
ç) «Düýe Bahaweddiniň ogly»;
d) «Garybyň gyzy Güljahan».

10. **Gyzynyň galyňy üçin Hatamyň kellesini talap eden patyşa:**

a) Soltansöýün;
b) Eprun;
ç) Hünkar;
d) Nedir.

11. **Alyşir Nowaýy haýsy dessanyň gahrymany?**

a) «Gülpam»;



b) «Asly-Kerem»;
ç) «Hatamtaý»;
d) «Gül-Bilbil».

12. **«Asly-Kerem» dessanynyň gahrymany bolan hristian gyzy kim?**

a) Gülpam;
b) Zerkäkil;
ç) Asly;
d) Güljahan.

13. ***Ýok, öldürmäň, goý, bular ýaşasynlar, eden günälerini öz zähmetleri bilen ýuwsunlar.* Bu jümle haýsy eserden?**

a) «Gülpam»;
b) «Düýe Bahaweddiniň ogly»;
ç) «Mämmetjan»;
d) «Ejekejan».

14. **Şetdat saldyran Gülserem bagy haýsy eserde?**

a) «Hatamtaý»;
b) «Mämmetjan»;
ç) «Düýe Bahaweddiniň ogly»;
d) «Asly-Kerem».

15. **Haýsy gahrymanyň adyny türkmen diline terjime etseň, *sahy, eli açyk, günäni bagyşlap bilýän* diýmek?**

a) Hatam;
b) Bahaweddin;
ç) Gülpam;
d) Kerem.

16. ***Serwi agaçnyň güli soldy,***
***Bu güli nätse bolar?* – diýip, Soltansöýüne ýetirilen habar:**

a) atynyň ölendigi;

b) aýalynyň ýogalandygy;
ç) bagynyň gurandygy;
d) oglunyň wepat bolandygy.

**17. Toý-sagalaň bilen baglanysykly hereketli aýdymlar:**
a) monjugatdylar;
b) ýaremezanlar;
c) küştdepmeler;
d) läleler.

**18. Akyl-terbiýä ýugrulan halk döredijiligi:**
a) matallar;
b) monjugatdylar;
ç) läleler;
d) nakyllar.

**19. Halk döredijiliginiň haýsy görnüsi pikirlenişi, synçylygy ösdürýär?**
a) läleler;
b) matallar;
ç) ýaňyltmaçlar;
d) küştdepmeler.

**20. Ýaman niýet-päliň tasdan gurbany bolan oglan we gyz hakynda erteki:**
a) «Mämmetjan»;
b) «Garybyň gyzy Güljahan»;
ç) «Ejekejan»;
d) «Düýe Bahaweddiniň ogly».

**21. Nakyllar esasynda rubagylar toplumyny döreden nusgawy sahyr:**
a)Dowan şahyr;
b)Mätäji;
ç) Zelili;
d) Zynhary.



**22.** ***Akmaga öwüt berseň, ...*** **Şu nakylyň dowamy:**
a) «..., onda sen sogap gazanarsyň»;
b) «..., ol saňa gulak asar»;
ç) «..., ol saňa akyl berer»;
d) «..., ol basym akylly bolar».

**23.** ***Başy-dagda,***
***Aýagy-kölde.*** **Bu matalyň çözgüdi:**
a) derýa; b) kölege; ç) agaç; d) gar.

**24.** ***Başyňa gurban, başyňa,***
***Ballar goşaýyn aşyňa,***
***Okaraňy doldurup,***
***Berseň deňi-duşuňa.*** **Bu setirler halk döredijiliginiň haýsy görnüşinden?**
a) läle; b) aýdym; ç) monjugatdy; d) hüwdi.

**25. «Mämmetjan» ertekisinde haýsy gahrymanyň jany aždarhanyň gulagynyň içindäki çüýşede?**
a) Bilbilgöýäniň;
b) Weliniň;
ç) ak döwüň;
d) keýigiň.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. «Mämmetjan» ertekisindäki gyzlar näçe sany dogan?
2. Dessanyň beýleki kyssa eserlerinden näme aýratynlygy bar?
3. ***Elsiz, aýaksyz – surat çeker.*** Matalyň jogaby näme?
4. ***«Diliň sakasy ... ...»*** (*nakyl*). Galdyrylan bölegi ýazyň.
5. Bu setirler halk döredijiliginiň haýsy görnüşine degişli?

*Baga girene gurban,*
*Gülün tirene gurban.*
*Men-ä ýary görmedim,*
*Ýary görene gurban.*

6. Haýsy dessan Hüseýin Baýkara hakynda?
7. Ertekiler mazmunlaryna we görnüşlerine görä, haýsy toparlara bölünýärler?
8. «Düýe Bahaweddiniň ogly» mazmun we görnüş taýdan nähili erteki?
9. Doglanda Mahmyt we Zöhre at goýlan baş gahrymanlar haýsy dessandan?
10. Öwrenen dessanlaryňyzyň haýsysynyň awtory belli?

## II çärýek

**1. Oguz-türkmen (orhon-ýeniseý) ýazgylary şu şahslaryň haýsysyna degişli däl?**

a) Tonýukuk;
b) Kultegin;
ç) Bilge kagan;
d) Oguz han.

**2. Aşakdaky işleriň haýsysy «Oguznama» bilen baglanyşmaýar?**

a) Mahmyt Kaşgarly, «Türki dilleriň sözlügi»;
b) Mahmyt al Horezmi, «Taryh kitaby»;
ç) Fazlalla Reşideddin, «Taryhlaryň ýygyndysy»;
d) Abylgazy Bahadur han, «Türkmenleriň nesil daragty».

**3. Aşakdaky eserleriň haýsysy «Oguznama» bilen has köp baglanyşýar?**

a) «Görogly»;
b) «Ýusup–Ahmet»;
ç) «Gorkut ata»;
d) «Asly–Kerem».

**4. Watançy serkerde zenan hakyndaky dessan:**

a) «Tumar»;
b) «Ergenokon»;
ç) «Şyrak»;
d) «Oguznama».

**5. «Gorkut ata» kitabynda aşakdakylaryň haýsysy hakynda hekaýat ýok?**

a) Oraz beg;
b) Çingiz han;
ç) Bugaç han;
d) Salyr Gazan.

**6. «Gorkut ata» haýsy boý bilen başlanýar?**

a) «Baý Bugra beg ogly Bamsy birek boýy» bilen;
b) «Döwhe goja ogly Däli Domrul boýuny beýan eder»;
ç) «Besediň Depegözi öldürdigi boýuny beýan eder»;
d) Gorkut atanyň wesýetleri bilen.

7. ***Çigni nagyşly jüpbe don bergin, bu oglana geýer bolsun – hünärlidir!*** **Şeýle äheňli jümleler eserleriň haýsysyna mahsus?**

a) «Gorkut ata» eposyna;
b) «Görogly» eposyna;
ç) Ahmet Wepaýynyň «Rownak yl-yslam» eserine;
d) Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetlerine».

**8. ... türkmen milletim üçin gije uklamadym, gündiz oturmadym. Bu ýazgy:**

a) «Oguznamadan»;
b) «Gorkut atadan»;
ç) oguz-türkmen ýazgylaryndan;
d) «Bilimnamadan».

9. *Aga jan, Arabyň gyzyn bereýin* diýip, Görogly kime ýüzlenýär? (*«Ar alys» sahasy*).

a) Mömin bege;
b) Genjim bege;
c) Agajana;
d) Sapar Kösä.

10. Göroglynyň dogan okaşany:

a) Bezirgen;
b) Sapar Köse;
ç) Öwez;
d) Hüňkar sa.

11. «Has-Hajyp» diýen ada mynasyp bolan şahyr:

a) Mahmyt Kaşgarly;
b) Hoja Ahmet Ýasawy;
c) Emir Muizzi;
d) Ýusup Balasagunly.

12. *Men haýsy mertebä aýak bassam, hemişe öňümde bu türkmen gojasynyň yzlaryny görýärin* diýip, Jelaleddin Rumy kim hakynda söz açýar?

a) Ahmet Wepaýy hakynda;
b) Hoja Ahmet Ýasawy hakynda;
ç) Ýunus Emre hakynda;
d) Burhaneddin Siwasly hakynda.

13. Dini mekdeplerde okuw kitaby hökmünde peýdalanylan eser:

a) «Gorkut ata»;
b) «Oguznama»;
ç) «Kutadgu bilig»;
d) «Rownak yl-yslam».



14. Ýunus Emräniň haýsy sygry gonamçylykdaky oýlanmalar?

a) «Ýalancy dünýäge gonup-göçenler»;
b) «Geldi-geçdi ömrüm meniň»;
ç) «Hiç kim halym bilmez meniň»;
d) «Muhammet».

15. Arslan babanyň terbiýesini alan, «Türküstanyň piri» atlandyrylan şahyr:

a) Emir Muizzi;
b) Hoja Ahmet Ýasawy;
ç) Ahmet Wepaýy;
d) Jelaleddin Rumy.

16. *Jennet aýdar: «Men artyk, pygamberler mende bar...»*
*Dowzah aýdar: «Men artyk, tersa, nadan mende bar...»*
Jennet bilen Dowzahyň arasynda aýdysykly bu setirler kimiň galamyna degişli?

a) Hoja Ahmet Ýasawy, «Hikmetler»;
b) Ahmet Wepaýy, «Rownak yl-yslam»;
ç) Ýunus Emre, «Salam bolsun»;
d) «Tumar».

17. *Ýoldaş ol alym ikimiz,*
*Gel, dosta gideli, köňül.*
*Haldaş ol alym ikimiz,*
*Gel, dosta gideli, köňül.* Bu setirleriň awtory kim?

a) Hoja Ahmet Ýasawy;
b) Ýunus Emre;
ç) Seýit Ymameddin Nesimi;
d) Ahmet Wepaýy.

18. IX asyrda ýaşap geçen beýik matematik, astronom we geograf, Beni Musa ady bilen şöhratlanan alym:

a) Abu Magşar Horasany;

b) Baýezit Bistamy;
ç) Abu Muhammet al-Horezmi;
d) Ýusup Balasagunly.

**19. Eýranda ýaşap geçen iň uly pirlerin biri, görnükli şahyr, sopuçylygyň wekili:**

a) Abu Muhammet al-Horezmi;
b) Hoja Ahmet Ýasawy;
ç) Abu Magsar Horasany;
d) Baýezit Bistamy.

**20. Görogly beg Türkmen ruhy eýýamynda ýaşan şahyr:**

a) Berhurdar Türkmen;
b) Garajaoglan;
ç) Mähri Hatyn – Mährinisa;
d) Sopy Allaýar.

**21. *Medinede – Muhammet,***
***Türküstanda* – ... Galdyrylan at:**

a) Hoja Ahmet;
b) Hoja Ýusup;
ç) Baýezit;
d) Däde Gorkut.

**22. Döredijiligi 26 müň beýtden-de gowrak bolan, «Möwlana» adyna eýe bolan şahyr:**

a) Hoja Ahmet Ýasawy;
b) Ýunus Emre;
ç) Magtymguly;
d) Jelaleddin Rumy.

**23. Hoja Ahmet Ýasawy, «Hikmetler». «Hikmet» sözüniň manysy näme?**

a) sygyr; b) pähim; ç) hekaýat; d) gudrat.



**24. Hoja Ahmet Ýasawy bilen Hoja Ýusup Hemedanynyň nähili baglanyşygy bar?**

a) ikisi hem döwlet işgäri;
b) olaryň hiç hili baglanyşygy ýok;
ç) Hoja Ýusup Hemedany Hoja Ahmet Ýasawynyň halypasy.
d) Hoja Ahmet Ýasawy Hoja Ýusup Hemedanynyň halypasy.

**25. Bilge Kagany, Kultegini, Tonýukuky näme baglanyşdyrýar?**

a) «Oguznama» eposy;
b) oguz-türkmen ýazgylary;
ç) «Ergenokon» eseri;
d) «Gorkut ata» kitaby.

## Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Emir Muizzi türkmen edebiýatynyň haýsy döwründe ýaşap geçipdir?
2. «Yslamyň nury» («Rownak yl-yslam») eserini kim ýazypdyr?
3. «Ergenokon» eposy türkmen edebiýatynyň haýsy döwrüne degişli?
4. ***«Alla!» diýen bendäniň jaýyn jennetde gördüm...*** Bu sözleri aýdan şahyr.
5. Oguz-türkmen (orhon-ýeniseý) ýazgylary haýsy asyrlara degişli?
6. «Gorkut ata» kitabyny kim çapa taýýarlady?
7. Sowet döwründe «Görogly» eposynyň ilkinji çap edilen ýyly.
8. ***«Rownak» öwüt kitabydyr.*** Bu jümläni aýdan alym.

9. *Ýunus Emre asylly ahlagyň aýdymçysydyr.* Muny aýdan kim?

10. *Ýunus Emre, Muhammet Fizuly, Jelaleddin* ... Köp nokadyň ýerine galdyrylan ady goýuň.

## III çärýek

**1. «Ýusup–Züleýha» dessanynda Müsürde ýedi ýyl açlyk boljakdygyny düýşünde gören:**

a) Mälik Ryýan;
b) Ýakup;
c) Ýusup;
d) Züleýha.

**2. Ýusubyň ganybir dogany:**

a) Şemgun;
b) Ýehudy;
c) Ibni Ýemin;
d) Ibni Salam.

**3. «Ýusup–Züleýha» dessanynyň sýužeti haýsy kitabyň esasynda ýazylan?**

a) «Kowusnama»;
b) «Kysasyl enbiýa»;
c) «Kyssaýy Ýusup»;
d) «Oguznama».

**4. Aşakdaky eserleriň haýsysy Nurmuhammet Andalybyň galamyna degişli däl?**

a) «Kyssaýy Fyrgun»;
b) «Nesimi»;
c) «Leýli–Mejnun»;
d) «Pelek».



**5. *Sapar ogluň tagzym edýär, Hudaýym,***
***Ady dünýä ýaýran halkym bar meniň.* Bu setirler bilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy sygry başlanýar?**

a) «Mukaddes türkmen topragy»;
b) «Ýaňykent»;
c) «Oguz han paýhasy»;
d) «Buýsanjym».

**6. *Galkdy däli köňül, isteýip ýurdy.***
***Gel diýdi, gideli biziň illere.* Bu setirler kimiň galamyna degişli?**

a) Nesiminiň;
b) Garajaoglanyň;
c) Baýram hanyň;
d) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň.

**7. *Arap nutgy dökülmişdir tiliňden,***
***Seni kimdir diýen kim, türkmen sen.* Bu setirleri ýazan:**

a) Garajaoglan;
b) Andalyp;
c) Nesimi;
d) Baýram han.

**8. *Hoşluk daýhanlara bir näzenin jenan jykyr.* Bu setir bilen başlanýan sygryň awtory:**

a) Nurmuhammet Andalyp;
b) Garajaoglan;
c) Muhammet Baýram han;
d) Durdy Gylyç.

**9. Muhammet Baýram hany owganlaryň elinden halas etmek üçin: *«Ýok, bu Baýram däl, meniň hyzmatkärim...»* diýip, janyny orta goýan kim?**

a) dosty Humaýun;

16. Sargyt № 1641

b) ogly Abdyrahym;
ç) dosty Abulkasym;
d) Humaýunyň ogly Akbar.

**10. Muhammet Baýram han nirede jaýlanylýar?**

a) Gazwinde;
b) Balhda;
ç) Maşatda;
d) Güjaratda.

**11. Baýram han Türkmeniň goç ýigide bagyşlap ýazan goşgusy?**

a) «Tapylmas»;
b) «Ýarmuhammet»;
ç) «Bilmes men»;
d) «Bellidir».

**12. Nesimini näme üçin aýylganç jeza sezewar etdiler?**

a) «Allany özüňden gözle» diýeni üçin;
b) «Alla ýokdur» diýeni üçin;
ç) Metjide täretsiz girenligi üçin;
d) Alla ynanany üçin.

**13.** ***Iň gowy gülzarlykdaky gül hem solýar.***
**Bu haýsy şahyryň guburynyň üstünde ýazylypdyr?**

a) Muhammet Baýram hanyň;
b) Seýit Ymadeddin Nesiminiň;
ç) Garajaoglanyň;
d) Nurmuhammet Andalybyň.

**14.** ***Men – Nesimi soralaram Şahymerdan neslinden,***
***Ger kabul kylsa halaýyk aýdy gurban ...***
**Köp nokadyň ýerine haýsy sözi goýmaly?**

a) «bellidir»;
b) «mendedir»;



ç) «janymyz»;
d) «bolmasyn».

**15.** ***... Tirsegňe gal,***
***Eý, beýik paýtagty gadym dünýäniň!*** **Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy nirä «*Beýik paýtagt*» diýip ýüzlenýär?**

a) Nusaýa;
b) Köneürgenje;
ç) Ýaňykende;
d) Mazanderana.

**16. «Oguz han paýhasynda» şahyr Oguz hany kime deňeýär?**

a) alyma;
b) perişdä;
ç) Adam ata;
d) pygambere.

**17. Haýsy sygyrda «Akmaýanyň ýoly» ýyldyzlar toplumynyň gadymy ady – «Oguz hanyň ýaýy» ady ýatlanylýar?**

a) «Oguzlar»;
b) «Unutmaň»;
ç) «Oguz han paýhasy»;
d)«Ýaňykent».

**18. Garajaoglanyň şu goşgy setirleri haýsy söz bilen tamamlanýar?**

***Meniň üçin ugra dostuň öýüne,***
***Barda sen ýanyna, gör, ...***

a) «gyrmyzy»;
b) «säher ýeli»;
ç) «melewşe»;
d) «biziň illere».

19. **Aşakdaky sygyrlaryň haýsysy Garajaoglanyňky däl?**

a) «Gözleriň»;
b) «Aýralyk»;
c) «Aglama»;
d) «Jandan zyýada».

20. **Aşakdaky sygyrlaryň haýsysy Garajaoglanyňky?**

a) «Bilmes men»;
b) «Senden zyýada»;
c) «Hoş gördük seni»;
d) «Jykyr».

21. **Gujaratda haýynlyk bilen (1561-nji ýylda) janyna kast edilen şahyr kim?**

a) Nesimi;
b) Garajaoglan;
c) Baýram han;
d) Andalyp.

22. ***Gaflaty ýegsan edip, açdyk batyl ýollary.*** **Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şol setir bilen başlanýan sygry:**

a) «Oguz han paýhasy»;
b) «Ýaňykent»;
c) «Pyragy»;
d) «Oguzlar».

23. ***Aglap,***

***Bagryn daglap halkyň ýolunda,***
***Hakyň ýolun saýlady!***

**Bu setirler kim hakynda?**

a) Nesimi;
b) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy;
c) Magtymguly;
d) Garajaoglan.



24. ***Dünýäň baýlygynyň baryndan gymmat,***
***Kerem-keramat bu, dursuna hümmet,***
***Akyl et, ymmat.***
**Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy näme hakda söz açýar?**

a) saglyk hakynda;
b) toprak hakynda;
c) ak bugdaý hakynda;
d) Watanda önýän baýlyklar hakynda.

25. **Haýsy eser Nesimä bagyşlanan?**

a) Gurbandurdy Gurbansähedow, «Şahyryň edermenligi»;
b) Berdi Kerbabaýew, «Halk şahyry»;
c) Beki Seýtäkow, «Şahyr»;
d) Annaberdi Agabaýew, «Sorag alamaty».

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Dabanyndan soýlan şahyryň ýaşan ýyllary.
2. «Oguznama» poemasyny ýazan şahyr kim?
3. «Arkaç galdy Aýnam-how», «Gyrmyzy» ýaly meşhur aýdymlaryň sözlerini ýazan, sazyny düzen şahyr kim?
4. Andalybyň haýsy dessany düýş ýorgudy bilen bagly?
5. Muhammet pygamberiň iň ýakyn adamy bolan taryhy şahsa bagyşlap, Andalybyň ýazan poemasynyň ady näme?
6. «Bilmes men», «Saçyň», «Gözleriň» sygyrlarynyň awtory kim?
7. Mejnunyň hakyky ady?

8. Baýram hanyň han-hanan adyna mynasyp bolan ogluny ady näme?
9. Wepaýy, Hoja Ahmet Ýasawy, Ýunus Emre, Seýit Nesimi, Muhammet Baýram han dagylar üçin bir umumylyk näme?
10. Ýokarky (9-njy) soragdaky şahyrlaryň ýaş taýdan ulusy kim?

## IV çärýek

**1. Gülküli komediýalary bilen tanalýan fransuz dramaturgy:**

a) Gi de Mopassan;
b) Žan Batist Molýer;
ç) Çarlz Dikkens;
d) Wilýam Şekspir.

**2. «Gamlet», «Otello», «Makbet» ýaly tragediýalary bilen dünýä edebiýatynda ýitmejek yz galdyran iňlis dramaturgy:**

a) Wilýam Şekspir;
b) Žan Batist Molýer;
ç) Gi de Mopassan;
d) Çarlz Dikkens.

**3. Erkin kyssanyň sygyr bilen gatysdyrylan görnüşinde ýazylan eser:**

a) «Don Kihot»;
b) «Manas»;
ç) «Dombi we ogly»;
d) «Gülüstan».

**4. Aşakdaky eserleriň haýsysy Gi de Mopassanyňky däl?**

a) «Durmuş»;
b) «Ýogyn bilen inçe»;
ç) «Eziz dost»;
d) «Simonyň kakasy».

**5. Aşakdaky eserleriň haýsysy Çarlz Dikkensiňki däl?**

a) «Dombi we ogly»;
b) «Sowuk jaý»;
ç) «Dworýanlykdaky messan»;
d) «Agyr ýyllar».

**6. Iňlis edebiýatynyň wekilleri:**

a) Molýer, Mopassan;
b) Dikkens, Şekspir;
ç) Serwantes, Gýote;
d) Puşkin, Çehow.

**7. «Manas» eposy haýsy halka degişli?**

a) gazaklara;
b) täjiklere;
ç) garagalpaklara;
d) gyrgyzlara.

**8. «Manas» eposynyň asyl manysy haýsy epos bilen baglanyşykly?**

a) «Gorkut ata»;
b) «Ergenokon»;
ç) «Oguznama»;
d) «Görogly».

**9. «Manas» eposynda:**
***Bu dünýeden ötemsoň,***
***Meniň adym tutulmaz*** **– diýip, perzentsizlikden nalaýan:**

a) Ýakup;
b) Bagtdöwlet;

ç) Züleýha;
d) derwüş.

10. «Manas» eposynda oglunyň bolandygyny baýa kim buşlaýar?
a) Bagtdöwlet;
b) Akbalta;
ç) Züleýha;
d) Dambylda.

11. Çaga «Manas» adyny dakan:
a) Ýakup;
b) Bagtdöwlet;
ç) Züleýha;
d) derwüş.

12. Aşakdaky eserleriň haýsysy Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň galamyna degişli däl?
a) «Dubrowskiý»;
b) «Şahyryň ölümi»;
ç) «Ýewgeniý Onegin»;
d) «Kawkaz ýesiri».

13. *Edmund, Gloster, Edgar, Kordeliýa, Rogana.* Bular haýsy eseriň gahrymanlary?
a) «Korol Lir»;
b) «Dombi we ogly»;
ç) «Don Kihot»;
d) «Simonyň kakasy».

14. «Korol Lir» eseriniň awtory:
a) Gi de Mopassan;
b) Çarlz Dikkens;
ç) Wilýam Şekspir;
d) Migel de Serwantes.



15. Azaşan güjüjek Kaştanka kimiň eline düşdi?
a) sirk artistiniň – masgarabazyň;
b) göçüp-gonup ýören syganlaryň;
ç) eýesiz itleri ýygnaýjylaryň;
d) haýwanat bagynyň gözegçisiniň.

16. «Ýogyn bilen inçe» hekaýasynda durmuşda gabat gelýän haýsy nogsanlygyň üstünden gülünýär?
a) ulumsylygyň, gopbamlygyň;
b) akyly kütekligiň;
ç) suwjuklygyň, ýalynjaňlygyň;
d) aldawçylygyň, ýalançylygyň.

17. Manas kimiň elinde terbiýelenýär?
a) enesi Çyýyrdyn baýbiçäniň;
b) Akbaltanyň;
ç) Ospur çopanyň;
d) atasy Ýakup baýyň.

18. Gi de Mopassan haýsy halkyň edebiýatynyň wekili?
a) fransuzlaryň;
b) iňlisleriň;
ç) italýanlaryň;
d) nemesleriň.

19. *Bu hakyky ajaýyp nusga, men bu sözümi erjellik bilen gaýtalaýaryn; gurluşyň (kompozisiýa), teýenäniň (satira) we syncylygyň ajaýyp nusgasy.* Flober bu sözleri Gi de Mopassanyň haýsy eseri barada aýdypdyr?
a) «Durmuş»;
b) «Tokgaja»;
ç) «Eziz dost»;
d) «Göwher monjuk».

**20. Aşakdaky eserleriň haýsysy Anton Pawlowiç Çehowyň galamyna degişli?**

a) «Simonyň kakasy»;
b) «Eziz dost»;
ç) «Dombi we ogly»;
d) «Ýogyn bilen inçe».

**21. Gi de Mopassanyň haýsy eseri *«Garyplar birek-birege kömek bermelidir, ursy döredýänler baýlar»* diýen pikiri öňe sürýär?**

a) «Durmuş»;
b) «Göwher monjuk»;
ç) «Tokgaja»;
d) «Eziz dost».

**22. Howaýy sözler bilen öwnüp, öz başyna bela satyn alan we «Äpetler» diýip, ýel degirmeni bilen «söweş» gurýan gahryman:**

a) Don Kihot;
b) Sanço Panso;
ç) Dubrowskiý;
d) Ussa Filip.

**23. Omar Haýýamyň ýaşan ýyllary:**

a) 1184–1292;
b) 1240–1320;
ç) 1029–1083;
d) 1048–1131.

**24. *Şirazly türki janan bize bir nazar salsa,***
***Bagyş ederdim halyna Buhary, Samarkandy alsa.***
**Bu setiri sebäpli tas Temirleňiň gazabyna duçar bolan şahyr:**

a) Omar Haýýam;
b) Hafyz;



ç) Saady;
d) Garajaoglan.

**25. *Adamzatdyr ähli mahlugyň başy,***
***Zyýadadyr onuň akyly-huşy.***
***Dünýä tegelegi bir ýüzük bolsa,***
***Ynsandyr zynaty, bezegi, gaşy.***
**Bu setirler kimiň galamyna degişli?**

a) Hafyzyň;
b) Saadynyň;
ç) «Manas» eposyndan;
d) Omar Haýýamyň.

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. *Omar Haýýam, Saady Şirazy, Hafyz ...* Köp nokada derek ýazylmaly sözi goýuň.
2. Rudaky, Saady, Hafyz ýaly söz ussatlary tarapyndan kämillige ýetirilen sygyr görnüşi.
3. Gi de Mopassanyň haýsy eseriniň gahrymany Žanna?
4. Galp ýaşalan zadyň ýiteni üçin, nähakdan on ýyl işlemeli bolan Matilda Gi de Mopassanyň haýsy eseriniň gahrymany?
5. Saadynyň haýsy eseri mesnewi goşgy düzülişi görnüşinde ýazylypdyr?
6. Gazalda setirler nähili sazlaşýar (kapyýalaşýar)?
7. Tragediýa ýazmagyň ussady, belli iňlis dramaturgy kim?
8. Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň iki goňşy hakyndaky eseriniň ady näme?
9. Gündogaryň beýik danasy, akyldary we rubagyçysy.
10. «Dombi we ogly» romanynyň awtory kim?

## VIII synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | D | A | B |
| 2 | D | B | Ç | A |
| 3 | A | Ç | B | D |
| 4 | Ç | A | D | B |
| 5 | A | B | D | Ç |
| 6 | Ç | D | B | B |
| 7 | B | A | Ç | D |
| 8 | D | Ç | A | Ç |
| 9 | D | B | Ç | A |
| 10 | B | A | Ç | B |
| 11 | A | D | B | D |
| 12 | Ç | Ç | A | B |
| 13 | Ç | D | A | A |
| 14 | A | A | B | Ç |
| 15 | D | B | Ç | A |
| 16 | B | A | D | B |
| 17 | Ç | B | D | Ç |
| 18 | D | Ç | B | A |
| 19 | B | D | A | B |
| 20 | Ç | Ç | B | D |
| 21 | A | A | Ç | Ç |
| 22 | Ç | D | D | A |
| 23 | A | B | Ç | D |
| 24 | D | Ç | B | B |
| 25 | Ç | B | D | D |



## Edebiýatdan VIII synp üçin soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. Ýedi dogan.
2. Dessanda wakalar kyssa bilen, duýgy bolsa sygyr bilen beýan edilýär.
3. Aýaz.
4. «... ***ýürekde bolar***».
5. Monjugatdy.
6. «Gülpam».
7. Haýwanlar hakyndaky, durmuşy we hyýaly (jadyly) ertekiler.
8. Hyýaly erteki.
9. «Asly-Kerem» dessanyndan.
10. Hemmesiniň awtory näbelli.

### II çärýek

1. X–XVI asyrlarda (Görogly beg Türkmen ruhy eýýamynda).
2. Ahmet Wepaýy.
3. Has gadymy döwürleriň türkmen edebiýatyna (Oguz han Türkmen ruhy eýýamyna).
4. Hoja Ahmet Ýasawy.
5. VI–VIII asyrlara.
6. Mäti Kösäýew.
7. 1941-nji ýyl.
8. Ýewgeniý Edmundowiç Bertels.
9. Abdyrahman Mülkamanow.
10. Rumy.

## III çärýek

1. 1370–1417 ý.
2. Andalyp.
3. Garajaoglan.
4. «Ýusup–Züleýha».
5. «Sagdy–Wakgas».
6. Baýram han.
7. Kaýs.
8. Abdyrahym.
9. Hemmesi hem orta asyr türkmen edebiýatynyň (Görogly beg Türkmen ruhy eýýamynyň) şahyrlary.
10. Hoja Ahmet Ýasawy.

## IV çärýek

1. Hafyz Şirazy.
2. Gazal.
3. «Durmuş» romanynyň.
4. «Göwher monjuk» nowellasynyň.
5. «Bossan».
6. aa, ba, ça, da ... .
7. Wilýam Şekspir.
8. «Dubrowskiý».
9. Omar Haýýam.
10. Çarlz Dikkens.



# IX SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

**1. Dil hakyndaky pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Dil adamzat aragatnasygynyň möhüm serişdesidir.
b) Dil pikirlenme bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.
ç) Dil pikir ýöretmekligiň beýleki görnüşlerinden (matematiki aňlatmalar, himiki formulalar, nota belgileri we s.m.) tapawutlanmaýar.
d) Dil adamzat döredijiliginiň ähli ugurlaryna degişlidir.
e) Dil sözleýşiň ähli stillerinde-de ulanylýar.

**2. Dil hakyndaky teswirleriň haýsysy nädogry?**

a) Diliň ösmegi hem-de üýtgemegi jemgyýetiň ösmegi we üýtgemegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.
b) Dile täze ulanylyşa girýän sözlere dialektologizmler diýilýär.
ç) Arhaizmler ulanyşdan galan sözlerdir.
d) Dil umumylygy millet bolmaklygyň esasy alamatlarynyň biridir.
e) Dile sözleýşiň hemme görnüşi hem mahsusdyr.

**3. Diliň aragatnaşyk serişdesi bolmagy üçin, berlen şertleriň haýsysy artykmaç?**

a) her bir diliň öz sözlük düzüminiň bolmagy;
b) her bir diliň öz grammatik gurluşynyň bolmagy;
ç) sözleriň belli bir many aňlatmagy;
d) sesleriň işlendik tertipde özara birleşmegi;
e) sesleriň belli bir maksadynyň bolmagy.

**4. Diliň sözlük düzümi näme?**

a) dilde ulanylýan ähli sözler;

b) dilde ulanylýan ähli sesler;
c) dilde ulanylýan iň zerur sözler;
d) dilde ulanylýan iň zerur sesler;
e) diňe kesp-kär bilen baglanyşykly sözler.

**5. UNESKO tarapyndan «Halkara diller ýyly» diýlip yglan edilen ýyl:**

a) 2004 ý;
b) 2005 ý;
c) 2006 ý;
d) 2007 ý;
e) 2008 ý.

**6. Haýsy sözlemde basganyň sözi sözlem şekilinde gelipdir?**

a) Ol: «Hawa!» diýip başyny atdy.
b) Ol: «Ýagşy! Hoş, sag bol!» diýdi.
c) Ol: «Wah-wah-eý!» diýip, başyny ýaýkady.
d) Ol: «Biz kän garaşdyk» diýdi.
e) Ol: «Begenç!» diýip gygyrdy.

7. ***Bahar paslynyň gelmegi bilen, daýhanlaryň iş-aladalary has-da artdy.*** **Haýsy stile mahsus?**

a) gepleşik stiline;
b) ylmy stile;
c) jemgyýetçilik-publisistik stile;
d) resmi iş stile;
e) çeper stile.

**8. Dil bilimine degişlisi:**

a) başlangyç nokat;
b) köp nokat;
c) kesişme nokat;
d) şertli nokat;
e) ahyrky nokat.



9. ***Namart kimdir, biler bolsaň,***
***Ne diýseň diýr: «Baş üstüne!»*** (*Magtymguly*).
**Aşagy çyzylan söz:**

a) ýokluk aňladýan baglaýjy kömekçi;
b) ownuk bölek;
c) ümlük hyzmatynda gelipdir;
d) sorag çalyşmasy hökmünde gelipdir;
e) sözsoňy hyzmatynda.

**10. Stilistika barada pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Diliň stil sistemalary (usul gurluşy, aýratynlygy) öwrenilýär.
b) Sözleriň dürli öwüşginlerini ýerlikli ulanmagy öwredýär.
c) Ol diliň irki döwre degişli düzgünlerini hem öwrenýär.
d) Diliň emele gelşini, ösüşini, özgerişini takyklaýar.
e) Onuň esasy närsesi sesdir.

**11. Çeper edebiýatyň stilistikasy barada nädogry pikir:**

a) Oňa awtoryň beýan ediş usulynyň dahyly ýokdur.
b) Ol diliň çeperçilikli ulanylyş usullaryny aýdyňlaşdyrýar.
c) Onda indiwidual (aýry-aýry şahs) stil meselesi ilkinji orna geçýär.
d) Çeper diliň stilistikasy poetika bilen hem baglanyşyklydyr.
e) Ol proza hem dahyllydyr.

12. ***Bu stilde sözleýşiň belli bir galypa getirilen öwrümleri peýdalanylýar.*** **Bu kada sözleýşiň:**

a) çeper stili barada;
b) ylmy stili barada;
c) suratlandyrma görnüşi barada;

17. Sargyt № 1641

d) jemgyýetçilik-publisistik stil barada;
e) resmi iş stili barada.

**13. Teswirleriň haýsysy sözleýşiň gepleşik stiline degişli?**

a) Bu stiliň habar, interwýu, teswirleme ýaly görnüşleri bar.
b) Bu stilde anyk maglumatlar, ylmy adalgalar köp ulanylýar.
ç) Bu stil özara pikir alyşma häsiýetlidir.
d) Bu stiliň arza, terjimehal, dil haty ýaly görnüşleri bar.
e) Bu stilde hekaýa, powest, roman ýaly görnüşler hem bar.

**14. Haýsynda sözleýşiň ähli stilleriniň häsiýetleri gabat gelip biler?**

a) çeper stilde;
b) resmi iş stilinde;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stilde;
d) gepleşik stilinde;
e) ylmy stilde.

**15. Haýsysy sözleýşiň kitap stiline degişli däl?**

a) çeper stil;
b) resmi iş stili;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stil;
d) gepleşik stili;
e) ylmy stil.

**16. Jemgyýetçilik-publisistik stil barada nädogry kada:**

a) Bu stiliň esasy maksady okyjyny, diňleýjini nämedir bir zada çagyryşdan, ündeýişden, ynandyrmakdan, habar bermekden ybarat.
b) Bu stil, esasan, gepleşikde hem çeper eserlerde köp duşýar.



ç) Jemgyýetçilik makalada resmi-iş stile-de, çeper stile-de ýakynlyk bolýar.
d) Bu stiliň habar, interwýu, teswirleme ýaly görnüşleri hem bar.
e) Bu stil, esasan, metbugatda, radioda, teleýaýlymda ulanylýar.

**17. *Esasy sözlemiň içinde gelip, şol sözlemdäki pikire bolan garaýşy aňladýan sözlem giriş sözlemdir.* Bu pikir ýöretme sözleýşiň haýsy stiline degişli?**

a) gepleşik stiline;
b) çeper stiline;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stile;
d) ylmy stile;
e) resmi iş stiline.

**18. *Magtymgulynyň: «Bu ne gudrat işdir, suwdan ot çykar?» diýen syrly setiri barada, <u>üns beren bolsaňyz</u>, soňky döwürde çekişmeler täzeden başlandy.* Bellenen bölek:**

a) başganyň sözi;
b) eýerjeň sözlem;
ç) giriş sözlemi;
d) giriş sözi;
e) ýüz tutma sözi.

**19. Orfoepiýa nämäni öwredýär?**

a) dogry ýazmagy;
b) dogry geplemegi;
ç) dogry aňlamagy;
d) dogry baha bermegi;
e) netije çykarmagy.

**20. Orfografiýa nämäni öwredýär?**

a) dogry geplemegi;

b) dogry okamagy;
ç) dogry ýazmagy;
d) dogry düşündirmegi;
e) owadan ýazmagy.

21. ***Bu stilde çaklamalar, sanlar, anyk görkezijiler, maglumatlara daýanma, kesp-kär görkezýän sözler we adalgalar köp ulanylýar.*** **Bu kada haýsy stile degişli?**
a) çeper stile;
b) ylmy stile;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stile;
d) resmi iş stile;
e) sözleýşiň hekaýa etme görnüşine.

22. **Durnukly söz düzümini anyklaň.**
a) eli açyk adam;
b) akylly oglan;
ç) şoh ýigit;
d) garaýagyz adam;
e) Täze Galkynyş zamanasy.

23. ***Sowuk urman, ýaprak düşmez.*** **Bu nähili goşma sözlem?**
a) hal eýerjeňli;
b) şert eýerjeňli;
ç) garşylykly eýerjeňli;
d) wagt eýerjeňli;
e) sebäp eýerjeňli.

24. **Görkezme çalyşmalary:**
a) bu, şu;
b) bary, ýary;
ç) neneň, niçik;
d) öz, hemme;
e) kim, näme.



25. ***Üç-dört aýdymdan soň bagşy oturanlara ýüzlendi.*** **Bu sözlemiň gurluşyny anyklaň:**
a) habar sözlemi;
b) düzmeli goşma sözlem;
ç) wagt eýerjeňli goşma sözlem;
d) wagt doldurgyçly ýaýraň ýönekeý sözlem;
e) doly däl sözlem.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Diliň sözlük fondy (gory) näme?
2. ***Okuwçylar ene-atalary bilen geldi.*** Aşagy çyzylan söz näme?
3. Sözleýşiň kitap stiline degişlilerini ýazyň.
4. Ýazuw düzgünine laýyklap ýazyň: ***Ýüz...ni tut...p, ýüz...n ýykyl...(l,d)y.***
5. Haýsy stil gündelik durmuşda ulanylýar?
6. ***Aýna, bäriňe bak*** sözleminiň eýesini anyklaň.
7. ***Gen galdy, gülüp otyr, seýran etdi*** – gurluşy boýunça nähili işlik?
8. Sözlemde eýäniň, habaryň, aýyklaýjynyň ýeriniň üýtgemegine näme diýilýär?
9. Makala sözleýşiň haýsy stiline mahsus?
10. Poeziýa, proza eserleri haýsy stile degişli?

## Sözlem derňewi

***Ne beladyr, kimse çeker bu derdi*** (*Magtymguly*).

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Nämälim geljek zaman işliginiň goşulmasyny kabul eden sözi tapyň.

2. *Ne* bölegi näme añladýar?
3. *Derdi* sözi haýsy agza degişli?
4. Birinji sözlemiñ habary haýsy söz toparyndan ýasalypdyr?
5. *Beladyr* – bu nähili işlik?
6. Ikinji sözlemiñ eýesini anyklañ.
7. Sözlem haýsy stile degişli?
8. *Çeker* sözünde näme üçin dymyk *k* sesi açyklasmandyr?
9. *Bu* sözi sözlemiñ haýsy agzasy?
10. Baglanyşy we many taýdan nähili goşma sözlem?

## II çärýek

**1. Sözüñ manysynyñ meñzeşlik esasynda giñemegi:**

a) polisemiýadyr;
b) omonimdir;
ç) sinonimdir;
d) durnukly söz düzümidir;
e) paronimdir.

**2. Gödek sözlere derek başga sözleriñ ulanylmagy:**

a) tabu;
b) ewfemizm;
ç) sinonimiýa;
d) omonimiýa;
e) täze sözler (neologizmler).

**3. Gadymy grek dilinden türkmen diline terjime edilende, *oñat, owadan sözlemek* manysyny berýän söz:**

a) tawtologiýa;
b) polisemiýa;
ç) lingwistika;
d) ewfemizm;
e) paronim.

**4. Haýsy jogap omonim däl?**

a) ýüz manat;
b) sag tarap;
ç) gyzyl alma;
d) ajy burç;
e) aýyñ aýagy.

**5. Bir kesgitlemäniñ başga görnüşde ýañadan gaýtalanmagyna näme diýilýär?**

a) tabu;
b) ewfemizm;
ç) tawtologiýa;
d) paronimiýa;
e) sinonim.

**6. Toý habarlarynyñ aýdylyşy haýsy jogapda has dogry?**

a) «Gelin alýaryn, toýuma baryñ!»
b) «Ogluma gelin alýaryn, toýuma baryñ!»
ç) «Ogluma gyz alýaryn, toýuma baryñ!»
d) «Ogul öýerýärin, toýuma baryñ!»
e) «Gelin toýumyza geliñ, ho-ow!»

**7. *«Gurt agzasañ, gurt geler»* sözlemi bularyñ haýsysy bilen bagly?**

a) polisemiýa;
b) tabu;
ç) ewfemizm;
d) tawtologiýa;
e) omonimiýa.

**8. Haýsy nakylda antonimler nädogry ulanylypdyr?**

a) «Öli arslandan, janly syçan»;

b) «Uly başlar, kiçi işlär»;
ç) «Öňüm gelenden, soňum gelsin»;
d) «Egri azar, dogry ozar»;
e) «Ýagşydan at galar, ýamandan set».

9. ***Saçy*** ***syrylan***, ***ýalkym*** ***saçmak***. **Aşagy çyzylan söz jübütleri näme?**
a) polisemiýa;
b) neologizmler;
ç) omonimler;
d) sinonimler;
e) antonimler.

10. ***Ýüz*** **sözi haýsy jogapda omonim bolup gelipdir?**
a) adamyň ýüzi, suwuň ýüzi;
b) piliň ýüzi, pyçagyň ýüzi;
ç) ýüz görmek, ýüze sylmak;
d) ýüz tutmak, ýüzüň düşmek;
e) ýüzüni ýuwdy, suwda ýüzmek.

11. **Aýdylyşy we ýazylyşy tapawutly, manylary meňzeş, birini beýlekisine çalşyryp bolýan sözler:**
a) omonimler;
b) sinonimler;
ç) antonimler;
d) polisemiýa;
e) tawtologiýa.

12. ***Uçar*** **sözi barada anyk jogap:**
a) omograf;
b) omofraza;
ç) omofon;
d) omoforma;
e) omonim.



13. ***Abaranyň tigrini ýaglamaly (arabanyň).***
**Bellenen sözdäki bozulma (gysarma):**
a) paronim;
b) omonim;
ç) tawtologiýa;
d) sinonim;
e) metateza.

14. ***Parhy köpdür adam bilen adamyň,***
***Kalbymyň deňzinde ýalňyz adamyň*** (*A. Atabaýew*). **Munda:**
a) omograf bar;
b) omoforma bar;
ç) polisemiýa bar;
d) sesdeş metafora bar;
e) omofon bar.

15. **Haýsylary şiwe sözleri?**
a) kürüşge, bedre, äpişge;
b) ýamaç, setil, mojuk;
ç) stol, stul, radio;
d) halat, gazna, saraý;
e) howut, tärim, hatap.

16. **Kesp-kär bilen baglanyşykly sözler haýsylar?**
a) çaryk, köpük (pul birligi), çokaý;
b) mekdep, metbugat, saýhally;
ç) etrap, arçyn, geňeşlik;
d) ata, ene, nakyl, kitap;
e) synny, keser, älem, argaç.

17. **Könelişen sözler sözleýşiň haýsy stilinde köp duşýar?**
a) çeper stilde;
b) resmi iş stilde;
ç) lukmançylyk bilen bagly ylmy stilde;

d) jemgyýetçilik-publisistik stiliň teswirleme (reportaž) görnüşinde;
e) gepleşik stilinde.

**18. Könelişen sözler – arhaizmler:**

a) köne, gadymy, irki;
b) kürüsge, bedre, pomidor;
ç) nakgaş, heýkeltaraş, guaş;
d) raýon, oblast, sowhoz;
e) nyzam, synp, otag.

**19.** ... *Ýokdur dostuň gymmaty ýa arzany*... (G. Ezizow).
**Aşagy çyzylan sözler:**

a) omonimler;
b) sinonimler;
ç) antonimler;
d) köp manyly sözler;
e) tawtologiýa.

**20.** ***Men özümi aýamadym hiç ýerde,***
***Gaýgyda, hesretde, satlykly günde*** (G. Ezizow).
**Aşagy çyzylan sözler:**

a) paronim;
b) antonim;
ç) omonim;
d) polisemiýa;
e) sinonim.

**21.** ***Gözüm düşüp ýaňagynyň alyna,***
***Aldanmyşam onuň mekru-alyna*** (Seýitnazar Seýdi).
**Bellenen sözler näme?**

a) paronim;
b) sinonim;
ç) tawtologiýa – gaýtalanma;
d) omonim;
e) köpmanyly söz.



**22.** ...***Gijemi, gündizmi, tapawut etmän,***
***Hiç haýsy, hiç haçan aňymdan gitmän***... (A. Kekilow).
**Aşagy çyzylan sözler nähili çalyşma?**

a) nämälim çalyşmasy;
b) ýokluk çalyşmasy;
ç) sorag çalyşmasy;
d) görkezme çalyşmasy;
e) san çalyşmasy.

**23. Türkmen diline ulanyşa täzeden giren sözler:**

a) direktor, kolhoz, sprawka;
b) maň, maňramaz, mälemez;
ç) gurultaý, maslahat, konferensiýa;
d) traktor, telewizor, radio;
e) müdir, arçyn, welaýat.

**24. Haýsy sözlemde tawtologiýa – gaýtalanma ýerliksiz ulanylypdyr?**

a) Çyranyň öçüp, sönüp durmasy galmady.
b) Söýýärdim, söýýärin, söýerin jan dek,
Men seniň öz ogluň, men aşgabatly.
ç) ...Şirin ukusyny gorap saklasyn,
Oýatma, guş, oýatma, guş, uklasyn.
d) Gözleme, eý, jan, gözleme, ýandyrdy, eý, jan gözleriň.
e) Dagyň gary gardan gara ulaşar...

**25. Ylmy adalgalara degişli sözler:**

a) grek, rus, iňlis, fransuz;
b) TDU, BMG, GDA, TDMI;
ç) roman, dessan, leksika, sözlem;
d) guş, asman, suw, çörek;
e) arza, dil haty, häsiýetnama, bildiriş.

## Türkmen dilinden II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

***Ýigitler suwsapdyrlar. Olaryň biri kölegede oturan garryja mama ýüzlenýär:***
***– Apa, çalyňyz barmy?***
***Garry mama:***
***– Çol bazarga kitgen. Maňa, kelip alady, keçiň siz – diýdi.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Garry mamanyň sözleýşine nähili dil diýilýär?
2. ***Apa*** sözüniň manysy näme?
3. Garry mama ***ço:l*** diýmek bilen nämäni göz öňünde tutýarka?
4. ***Kitgen*** işligi haýsy zamandadyr öýdýärsiňiz?
5. ***Kelip alady*** – haýsy zamanda?
6. Tekst sözleýşiň haýsy stiline degişli?
7. ***Bazarga*** sözüniň düşümi.
8. Ýüz tutma sözi anyklaň.
9. Ugrukdyryjy söz haýsy?
10. Garry mamanyň jogabyny edebi dilde ýazyň.

## Sözlem derňewi

***Ýnan, Annaberdi, bireýýämki ýyllarda ahun-molla ýogalanda-da, men halkyň munça üýşen ýerini görmändim, il-güne özüni aldyrybilen eken neresse...***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemdäki goşma sözleri tapyň.
2. Sözlemiň ülňüsini belläň.
3. Sözlemdäki eýerjeň sözlemiň many taýdan topary.
4. Düzmeli goşma sözlem bolup gelen bölek baglanyş we many taýyndan haýsy görnüşe degişli?
5. Düzmeli goşma sözlemiň üçünji böleginiň baş agzalaryny tapyň.
6. Durnukly söz düzümini anyklaň.
7. Aýyrgyç bolup gelen sözleri tapyň.
8. Doldurgyç bolup gelen sözleri tapyň.
9. Sözlemde haýsy çalyşmalar bar?
10. Sözlemdäki ýüz tutma sözi tapyň.

## III çärýek

**1. Käbir ýagdaýda *ganatly sözler* diýlip atlandyrylýan, bilelikde bir many aňladýan söz utgaşmalary:**

a) söz düzümleri;
b) söz utgaşmalary;
ç) erkin söz düzümleri;
d) durnukly söz düzümleri;
e) düzme sözler.

**2. Haýsy jogapda erkin söz düzümleri ýazylypdyr?**

a) gözüm ganmady, gulak gabartmak, Hydyr ata ýaly;
b) suw içmedi, piliň gulagy, Hydyryň işi;
ç) gözagyry, gulakhalka, Hydyr-Ylýas;
d) «Ýatan öküze iým ýok», «Baş bolmasa, göwre läş».
e) Gözüň aýdyň! Aýdanyň gelsin!

**3. *Oý, kak* sözleri:**

a) antonim;
b) sinonim;
ç) omonim;
d) paronim;
e) köpmanyly söz.

4. ***Zülpüň seniň dagyň mary...***
**Sözlemde nähili dil serişdesi ulanylypdyr?**

a) meňzetme;
b) deňeşdirme;
ç) ulaltma;
d) durnukly söz düzümi;
e) metafora.

5. **San, ýöňkeme, düşüm goşulmalary barada pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Olar asyl we ýasama sözleriň yzyndan goşulýarlar.
b) Olaryň hemmesi bir söze goşulmaly bolanda, ilki düşüm, soň ýöňkeme, ahyrda hem san goşulmalary goşulýar.
c) Goşulan sözüniň inçe-ýogynlygyna boýun egýärler.
d) Olar dodak çekimlileriň ýazuw düzgünine hem eýerýärler.
e) Degişli ýerinde dar çekimlileri düşürýärler.

6. ***Geldi güýçli ganym ugrap,***
***Ýetmedi güýjüm ýaş oldy*** («*Görogly*» *eposyndan*).
**Bu mysalda aşakdakylaryň haýsysy bar?**

a) inwersiýa;
b) polisemiýa;
c) çalyşmalar;
d) ewfemizm;
e) tawtologiýa.

7. **Mälim geljek zaman işliginde degişlilik nähili aňladylýar?**

a) gymyldy kime, nämä degişli bolsa, soňuň adyny ýa-da at çalyşmasyny getirmek bilen;
b) bu işlikde degişlilik aňladyp bolýar;
ç) sorag çalyşmasy arkaly;
d) hereketiň nirä gönükdirilendigini aňladýan sözi getirmek bilen;
e) nämälim çalyşmasyny getirmek arkaly.

8. **Dymyk-açyklygy taýdan çekimsizleri meňzeş bolan söz:**

a) kepek;
b) gapjyk;
ç) ördek;
d) selme;
e) galkynyş.

9. **Sözleýşiň hekaýa etme görnüşinde işligiň haýsy zamany öten zaman manysynda ulanylýar?**

a) anyk häzirki zaman;
b) mälim geljek zaman;
ç) nämälim geljek zaman;
d) umumy häzirki zaman;
e) hemmesi hem.

10. ***Şol wagt tokarja, garaýagyz oglanjyk öýe girdi. Ol aýagy täze botinkalyja, egni saryja kostýumlyja üç-dört ýaşly oglanjykdy*** (*H. Ysmaýylow*). **Bu bölek sözleýşiň haýsy görnüşine degişli?**

a) hekaýa (beýan) etme;
b) suratlandyrma;
c) pikir ýöretme;
d) hekaýa içinde hekaýa etme;
e) hiç haýsyna hem degişli däl.

11. **Aşakdaky sözlemleriň haýsysy pikir ýöretme?**

a) ... Şol ýabyň boýuny syryp ýören, ak eşeklije, daýaw we aksakgal adama duş gelýändirler.
b) Sabyr eje indi az-kem düşünişip, derrew iýmek-içmek taýýarlamak bilen boldy.

ç) Ol kem-kemden öwrenişdi. Münkürlik bilen seretmesini goýdy.
d) Görogly hem: «Niredesiň Çardagly Çandybil?» diýip gidiberdi.
e) Dogrudan hem, şularyň hemmesi ýeňiji... Oglanlar okap ýeňdiler. Daýhanlar ekin ekip ýeňdiler...

12. *«Ýekäniň caňy çykmaz»*. **Bu nähili söz düzümi?**

a) sada söz düzümi;
b) ýaýbaňlandyrylan söz düzümi;
ç) çylşyrymly söz düzümi;
d) durnukly söz düzümi;
e) erkin söz düzümi.

**13. Haýsy jogapda köpmanyly sözler ýazylypdyr?**

a) gül, ýüz, at, gara;
b) aýak, göz, agyz, etek;
ç) gowy, ýagşy, oňat;
d) uzyn-gysga, beýik-pes, agyr-ýeňil;
e) bütin-bitin, çyg-çig, dik-dyk.

**14. Sözleýşiň tipleri baradaky nädogry teswir.**

a) Suratlandyrma *diýmek, şeýlelikde* ýaly giriş sözler mahsusdyr.
b) Hekaýa etmä işlik soraglaryny bermek mümkin.
ç) Suratlandyrma sypat soraglaryny bermek mümkin.
d) Pikir ýöretmä *näme üçin şeýle?, haýsy?, näme sebäbe görä?* ýaly soraglary bermek mümkin.
e) Hekaýa etme sözleýän ýa-da ýazýan adamyň haýsydyr bir zat hakynda beýan etmesidir.

15. ***Seniň gaýdyp gelerňe***
***Garaşýa iliň seniň...*** (*A. Atajanow*).
**Bu setirlerde nähili çeperçilik hadysa bolupdyr?**

a) polisemiýa;



b) ewfemizm;
ç) inwersiýa;
d) tabulaşma;
e) deňeşdirme.

**16. Sözlemde logiki basym bilen aýdylan söz:**
***Mekdebimiziň (1) okuwçylary (2) daga (3) gezelenje (4) gitdiler (5).***

a) 2; b) 1; ç) 4; d) 3; e) 5.

17. ***Bäsleşikde ýiti zehinliler öňe saýlandy.*** **Aşagy çyzylan söz:**

a) köpmanyly söz;
b) paronim;
ç) omonim;
d) ewfemizm;
e) göçme manyly söz.

**18. Haýsy zamandaky işlik degişlilik bildirmeýär?**

a) öten zaman işligi;
b) umumy häzirki zaman işligi;
ç) nämälim geljek zaman işligi;
d) mälim geljek zaman işligi;
e) anyk häzirki zaman işligi.

19. ***Bir gezek Gülsenem dagy dagdaky dümede harman atyp ýörkäler, ... üstlerine garakçy dökülipdir. Şol wagt bir ýerden Gülsenemiň söýşen ýigidi öz ýoldaşy bilen ýetişipdir*** (*Ý. Mämmediýew*).
**Bu bölek sözleýşiň haýsy tipine degişli?**

a) pikir ýöretme;
b) suratlandyrma;
ç) hekaýa etme;
d) çeper stil;
e) hiç birine hem degişli däl.

18. Sargyt № 1641

20. **Redaktirlemek näme?**

a) teksti gazet-žurnalda çap etmek;
b) teksti stil taýdan sünnälemek;
c) teksti ünsli okap çykmak;
d) tekste syn ýazmak;
e) teksti labyzly okamak.

21. ***Onuň <u>welilik satmasy</u> köpeldi.* Aşagy çyzylan bölek nämäni aňladýar?**

a) köpbilmişlik etmegini;
b) söwda işiniň ýola düşmegini;
c) dönüklik etmegini;
d) öwgüsini ýetirmegi;
e) zadynyň köpelmegini.

22. **Aşakdaky durnukly söz düzümleriň haýsysy toslamagy aňladýar?**

a) gep bermek;
b) gep gözlemek;
c) erteki otarmak;
d) dili gysgalyk;
e) diliňe berk bolmak.

23. ***Ýürek telwas eder, göterler serim...*** (*Zelili*).
**Bu setirde aşakdakylaryň haýsysy ýok?**

a) inwersiýa;
b) könelişen söz;
c) durnukly söz düzümi;
d) meňzetme;
e) sinonimi bolan söz.

24. **Sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgedilmeginiň näme zerurlygy bar?**

a) hiç hili zerurlygy ýok;
b) goşgy setirleriniň sazlaşmagy üçin;



c) bir sözi nygtamak ýa-da içki joşguny ýüze çykarmak üçin;
d) eserde gahrymanyň sözleýiş aýratynlygyny bermek üçin;
e) sözlem agzalaryny öz ýerinde getirmek üçin.

25. **Ylmy adalgalar haýsy häsiýeti bilen tapawutlanýarlar?**

a) tapawutlanýan häsiýeti ýok;
b) sinonim häsiýeti bilen;
c) göçme manylylygy bilen;
d) köp manylylygy bilen;
e) bir manylylygy bilen.

## Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. ***Seniň gitjegiň çynyňmy?*** sözleminiň eýesini tapyň.
2. ***Geýim adamy bezeýär, göze mährem görkezýär.*** Bu sözlemdäki ***mährem*** sözi haýsy söz toparyna degişli?
3. Sözsoňular haýsy düşümler bilen ulanylmaýar?
4. Ýöňkemede üýtgän sözler sözlemiň eýesi bolup bilermi?
5. ***Ýerzemin, müşek halta, gara syýa...*** Bular ylymda nähili adalga bilen atlandyrylýar?
6. Aşakdaky mysallaryň haýsysynda meňzetme, haýsysynda metafora bar?

a) ***Ysk atasyna düşdüm, perwana boldum imdi*** (*Magtymguly*).
b) ***Şebli kibi bir dagy ýandyrdygym bilmezmiň?*** (*Magtymguly*).

7. ***Sençe*** (1), ***meniňçe*** (2) sözlerindäki-***çe*** goşulmalarynyň hyzmatyny anyklaň.

8. *Ol köplenç bu işiň hötdesinden gelerdi.* Sözlemde näçe ýalňyş bar we onuň sebäbi?
9. *Aradan çykdy, dünýeden gaýtdy, ýogaldy* kysmy aňlatmalaryň dil biliminde atlandyrylyşy.
10. Çalyşmalaryň haýsy topary diňe bir sözden ybarat?

## Derňewler

1. *Dükan* sözüni fonetik (ses) taýdan derňew ediň.
2. *Işiňizi* sözüni morfologik (gurluş) taýdan derňäň.
3. *Adamda täze-täze pikirler, hyjuwlar oýanýar.* Sözlemi sintaktik taýdan doly derňew ediň.
4. *Süriniň* sözüniň orfografik derňewi.

## IV wariant

**1. Terbiýelemegiň we okatmagyň aýratyn bir bölegi hökmünde dilewarlygy öwreden döwlet:**

a) Müsür;
b) Afiny;
ç) Rim;
d) Makedoniýa;
e) Sparta.

**2. *Baýraga hödürlenýänleriň jemgyýetçilik we önümçilik häsiýetnamasynda şu aşakdakylar görkezilmelidir.* Bu bölek haýsy stile degişli?**

a) ylmy stile;
b) çeper stile;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stile;
d) resmi-iş stile;
e) gepleşik stile.



**3. *Biri öwünýär: «Meniň duşmanym ýok».* Muňa dilewaryň beren jogaby:**

a) Diýmek, sen örän ýagşy adam.
b) Diýmek, seniň dostuň hem ýok.
ç) Diýmek, sen ähli kişä ýaraýan adam.
d) Diýmek, sen ähli duşmanyňy özüňe boýun egdiripsiň.
e) Diýmek, sen ähli adamyň göwnüni tapyp bilýärsiň.

**4. *Saparyň özi-de bu iş bilen meşgullanýardy.* Sözlemiň eýesi:**

a) Saparyň;
b) özi-de;
ç) bu;
d) iş bilen;
e) eýesiz sözlem.

**5. Magtymgulynyň söz sungaty bilen bagly aşaky setirleri nähili tamamlanýar?**
***Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil, –***
***Ne bar manysyz ... .***

a) ... söz gezemek bilen;
b) ... söz bezemek bilen;
ç) ... ýol uzamak bilen;
d) ... söz uzamak bilen;
e) ... sözlemek bilen.

**6. Dilewarlyk söz sungatynyň aýratynlyklarynyň sanawynda haýsysy nädogry?**

a) köpsözlülik;
b) diňleýjilere düşnüklilik;
ç) diňleýjileri özüne çekijilik;
d) sözleýjiniň ussatlygy;
e) çepersözlülik.

7. **Haýsy jogapda *galam* sözi göçme manyda gelipdir?**

a) ýiti galamly ýazyjy;
b) galam bilen orak dişedi;
ç) galamyny ýiteltdi;
d) galam-çemçe bilen nahar iýdi;
e) galam bilen ýazdy.

8. **Aşakdakylaryň haýsysy beýlekilerden tapawutly?**

a) gepini gögertmek;
b) gazaba münmek;
ç) welilik satmak;
d) ýüregi bökmek;
e) ot ýakmak.

9. ***Sarmaklym-a, sarmaklym,***
***Hak öýüne barmaklym.***
***Dirisi dört, bir jeset,***
***Barysy ýüz barmaklym.***
**Keýmir körüň Kyýat hana beren bu soragynyň çözgüdi näme?**

a) eli-aýagy saralgy ýesiri göterip barýan dört adam;
b) tabyt göterip barýan dört adam;
ç) elleri arkasyna saralgy dört adamy alyp barýan bir adam;
d) eli daňylgy adama jeza berjek bolup duran dört jellat;
e) dört bölümli, ýüz esgerli goşunyň emelsiz bir serkerdesi.

10. ***Alys, ýakyn* sözleri haýsy topara degişli?**

a) sinonimlere;
b) omonimlere;
ç) antonimlere;
d) könelişen sözlere;
e) täze sözlere.



11. **Haýsy sözlemde *dil* sözi asyl manysynda gelipdir?**

a) Çaga dil bitipdir.
b) Nahar iýip otyrkam, dilimi dişläýdim.
ç) Aňtawçylar dil alyp geldiler.
d) Magtymgulynyň dili – türkmeniň dili.
e) Seniň ýanyňda meniň dilim gysga däldir.

12. **Dilewarlyk söz sungaty aşakdakylaryň haýsysynda ulanylmaýar?**

a) hukukşynaslykda;
b) diplomatiýada;
ç) çykyşlarda, leksiýalarda;
d) adaty gepleşikde;
e) resmi-iş kagyzlarynda.

13. **«*Atasyna akyl öwredýän ogul...* Sözlemiň dowamy:**

a) ... akylyň öýüdir.»
b) ... atasyndan ökdedir.»
ç) ... baryp ýatan samsykdyr.»
d) ... basym alym bolar.»
e) ... danadyr.»

14. ***Hiç wagt olaryň ýanyna baryp, boýnuňy burup, ... gerek däl* (A. Gowşudow). Köp nokadyň ýerine haýsy durnukly söz düzümi gerek?**

a) ýüzüni ýuwmak;
b) ýüzüňi sowmak;
ç) ýüzli görünmek;
d) ýüz öwüşmek;
e) ýüzüňi saraltmak.

15. **Açyklaşma hadysasyna täsir edýän goşulmalar:**

a) -ýar, -ýär;
b) -jak, -jek;
ç) -dy, -di;

d) -sa, -se;
e) -maly, -meli.

**16. Okuwçynyň gepleşiginde nähili ýalňyşlyk bar?**
**– *Kletka depderim ýok eken.***

a) fonetik ýalňyş;
b) stil ýalňysy;
ç) morfologik ýalňyş;
d) grammatik ýalňyş;
e) hiç hili ýalňyş ýok.

**17. Singarmonizm, assimilýasiýa kadalary edebi diliň haýsy normasyna degişli?**

a) leksika-semantik norma;
b) morfologik norma;
ç) orfoepik norma;
d) grammatik norma;
e) edebi diliň normalaryna degişli däl.

**18. – *Gabaklyny, Gyzyltakyry taparmyň?***
**– *Taparyn, Iner aga.***
**Bu bölek haýsy stile has mahsus?**

a) resmi-iş stile;
b) jemgyýetçilik-publisistik stile;
ç) çeper stile;
d) ylmy stile;
e) gepleşik stile.

**19. *Uýalar* sözi barada anyk jogap:**

a) omonim;
b) omofon;
ç) omograf;
d) omofraza;
e) omoforma.



**20. *Oka, öwren, bil* sözlemi:**

a) ýygnak ýönekeý sözlem;
b) ýaýran ýönekeý sözlem;
ç) deňdeş habarly ýaýran ýönekeý sözlem;
d) doly sözlem;
e) düzmeli goşma sözlem.

**21. Tabulaşdyrylan (gadagan edilen) söze derek bularyň haýsysy ulanylýar?**

a) tawtologiýa;
b) omonim;
ç) ewfemizm;
d) lakonik sözleýiş;
e) antonim.

**22. Sözleýşiň haýsy stiliniň adamyň duýgusyna täsir ediş, ruhy lezzet beriş häsiýeti güýçli?**

a) resmi-iş stiliniň;
b) ylmy stiliň;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stiliň;
d) çeper stiliň;
e) hemmesiniň hem.

**23. Ýalňyş berlen ülňi:**

a) A: «B.» bs a.
b) A: «B?» bs a.
ç) A: «B!» bs a.
d) A: «B» bs a.
e) A: «B?!» bs a.

**24. 2008-nji ýylda 1000 ýyllyk ýubileýi toýlanan beýik dilçi alym:**

a) Zamahşary;
b) Mahmyt Kaşgarly;
ç) Abusahyt Abulhaýyr – Mäne baba;

d) Al-Farabi;
e) Enweri.

**25. Atlary, atlasan sözleri, işlikleri, işlik şekillerini aýyklaýan söz:**

a) aýyrgyç;
b) doldurgyç;
ç) eýe;
d) aýyklaýjy;
e) habar.

## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Sözlemi oňyn manysynda getirip, galdyrylan dyngy belgileri goýup ýazyň.
   ***Adam bol ataň ýaly akmak bolma***
2. Sözlemdäki näsazlygy düzediň. **Garry ýaşuly bilen salamlaşdyk.**
3. ***Mgtmgl, szl hrn blnň,***
   ***zň kmlk bl ýtmn lnň...***

**Galdyrylan çekimlileri degişli ýerinde goýanyňyzda, ýokarky setirlerden Magtymgulynyň dilewarlyk barada aýdan haýsy sözlerini okamak mümkin?**

4. ***Sözlegende söz manysyn bilmeýen,***
   ***Andan ki ... lal ýagşy.***
   Magtymgulynyň bu setiriniň galdyrylan sözlerini anyklaň.
5. Doly däl sözlemler we sözlemde sözleriň tertibiniň üýtgemegi sözleýşiň haýsy stilinde has köp duşýar?
6. Çeper edebiýatyň şahyrana dili hakyndaky taglymata näme diýilýär?
7. ***Harp sesiň ýazuw belgisidir.*** Bu jümle dil biliminiň haýsy bölümine degişli?



8. ***Bilbilem, ahy-zar çekip,***
   ***Täze gülzardan aýryldym*** (*Magtymguly*).
   Söýginiň keç ykbalyny häsiýetlendirýän birinji setir meňzetmemi ýa metafora?
9. Salam haty haýsy stile degişli?
10. Näsazlygy düzedip ýazyň.
    ***Ýagyş ýuwaşlyk bilen çiňsemäge başlady.***

## Derňewler

1. ***Zeýtun*** sözüni fonetik taýdan derňäň.
2. ***Oýunçylar*** sözüni orfografik (dürs ýazuw taýdan) derňäň.
3. ***Maslahat*** sözüni leksiki taýdan derňäň.
4. ***Agtyklaryna*** sözüni morfologik derňew ediň.
5. ***Dursun ejesi bilen gapydan çykanda, deprek has gaty kakyldy*** (*H. Ysmaýylow*). Sözlemiň sintaktik derňewini ediň.

## IX synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | Ç | A | D | E |
| 2 | B | B | B | D |
| 3 | D | D | Ç | B |
| 4 | A | E | E | B |
| 5 | E | Ç | B | D |
| 6 | D | D | A | A |
| 7 | Ç | B | A | A |
| 8 | B | A | A | E |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 9 | D | Ç | D | B |
| 10 | E | E | B | Ç |
| 11 | A | B | E | B |
| 12 | E | D | D | E |
| 13 | Ç | E | B | Ç |
| 14 | A | A | A | E |
| 15 | D | B | Ç | A |
| 16 | B | E | Ç | B |
| 17 | D | A | E | Ç |
| 18 | Ç | D | D | E |
| 19 | B | Ç | Ç | E |
| 20 | Ç | E | B | A |
| 21 | B | D | A | Ç |
| 22 | A | B | Ç | D |
| 23 | A | E | D | A |
| 24 | A | A | Ç | B |
| 25 | D | Ç | E | D |

## Türkmen dilinden IX synp üçin soraglaryň, ýumuşlaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. Dilde ulanylýan sözleriň hemmesi.
2. Sözsoňy kömekçi.
3. Çeper, jemgyýetçilik-publisistik, ylmy, resmi iş stilleri.
4. ***Ýüzüni tutup, ýüzin ýykyldy.***
5. Geplesik stili.
6. Eýesi dasynda – ***sen.***
7. Düzme işlik.



8. Inwersiýa.
9. Jemgyýetçilik-publisistik.
10. Çeper stile.

### Sözlem derňewi

1. ***Çeker.***
2. ***Ne*** – **nähili?** Sorag çalysmasynyň ýerine gelipdir.
3. Ýeňis doldurgyjy.
4. Atlardan.
5. Kem islik.
6. ***Kimse.***
7. Çeper stile.
8. Çekimlisi (***e***) gysga aýdylýar.
9. Çalysma aýyrgyjy.
10. Ugurdaslygy aňladýan düzmeli goşma sözlem.

### II çärýek

1. Şiwe dili.
2. ***Ene, mama*** (aýal dogan).
3. Adamsyny – garry babany.
4. Öten zamanda.
5. Häzirki zamanda.
6. Geplesik stile.
7. Ýöneliş düşümde.
8. ***Apa.***
9. ***Mana.***
10. – ***Çal*** (baba) bazara gitdi. Ine, ýetip gelýär, geçiberiň.

### Sözlem derňewi

1. ***Annaberdi, bireýýämki, aldyrybilen (aldyryp bilen).***
2. [ ], () -da, [ ], [ ].

3. Wagt eýerjeň sözlemi.
4. Ugurdaşlyk bildirýän düzmeli goşma sözlem.
5. *Neresse özüni aldyrybilen eken.*
6. Özüni aldyrybilen eken.
7. ***Bireýýämki*** – sypat aýyrgyjy, ***halkyň*** – eýelik-degişlilik aýyrgyjy, ***üýşen*** – işlik aýyrgyjy.
8. ***Ýyllarda*** – wagt doldurgyjy, ***munça*** – hal-ýagdaý doldurgyjy, ***ýerini*** – ýeňiş doldurgyjy, ***il-güne*** – ýönelis doldurgyjy.
9. ***Men, özüni, munça.***
10. Annaberdi.

## III çärýek

1. ***Gitjegiň.***
2. Hal.
3. Ýeňiş, wagt-orun düşümleri bilen.
4. Hawa.
5. Tawtologiýa.
6. a) metafora.
   b) meňzetme.
7. 1) ***Ýaly*** kömekçiniň hyzmatynda (***seniň ýaly***).
   2) Goşulan sözünden giriş sözüni (***meniň pikirimçe***) emele getirýär.
8. Iki dyngy belgi galdyrylypdyr. ***Köplenç*** – giriş sözi bolup, sözlemiň ortasynda gelende, iki tarapyndan hem otur (,) goýulýar.
9. Ewfemizm.
10. Gaýdym çalyşmasy.

## Derňewleriň jogaplary

1. Dükan sözüniň fonetik derňewi:
   a) iki boguňly, 1-nji bogny açyk, 2-nji bogny ýapyk bolan söz;



   b) basym ikinji bogunda;
   ç) üç çekimsiz bar:
      **d** – zarply, açyk, dil ujy-diş düýbi çekimsizi;
      **k** – zarply, dymyk, yzky kentlewük çekimsizi;
      **n** – burun, sonorly, dil ujy-diş düýbi çekimsizi.
   d) iki çekimli bar:
      **ü** – inçe, dar, dodaklanýan çekimli, gysga aýdylýar;
      **a** – ýogyn, giň, dodaklanmaýan çekimli, uzyn aýdylýar.
2. ***Işiňizi*** sözüniň morfologik derňewi:
   a) jyns at;
   b) *iş* – sada, asyl,düýp söz;
   ç) *-iňiz* – senlik ýöňkemäniň köplüginiň goşulmasy;
   d) *-i* – ýeňiş düşümiň goşulmasy.
3. ***Adamda täze-täze pikirler, hyjuwlar oýanýar*** – sintaktik derňewi:
   a) ýaýraň ýönekeý sözlem, habar sözlemi, eýeli, doly sözlem.
   b) ***oýanýar*** – sada habar;
   ç) ***pikirler, hyjuwlar*** – deňdeş eýe;
   d) ***adamda*** – orun doldurgyjy;
   e) ***täze-täze*** – sypat aýyrgyjy;
   ä) **adamda oýanýar** – erkin, sada, işlik söz düzümi;
   f) **täze-täze pikirler** – erkin, sada, isim söz düzümi;
4. ***Süriniň*** sözüniň orfografik derňewi:
   a) birinji bogny inçe bolany sebäpli, galan bogundaky çekimliler hem inçe ýazylýar;
   b) ikinji bogundaky dar çekimli uzyn aýdylýanlygy üçin, ol dodaklandyrylman ýazylýar;
   ç) üçünji bogunda dar dodak çekimlisi eşidilse-de, ol kada laýyklykda dodaklandyrylman ýazylýar.

## IV çärýek

1. ***Adam bol atañ ýaly, akmak bolma.***
2. ***Ýasuly bilen salamlaşdyk.***
3. ***Magtymguly, sözle herne bileniň,***
   ***Özüňe kemlik bil aýtman öleniň...***
4. ***bir gepläp bilmez***
5. Gepleşikde.
6. Stilistika.
7. Fonetika.
8. Metafora.
9. Resmi iş stiline.
10. Ýagyş ýuwaşlyk bilen çisňemäge başlady.

## Derňewleriň jogaplary

1. ***Zeýtun.***
   a) iki bogunly, ikisi-de ýapyk bogun;
   b) basym ikinji bogunda;
   ç) dört çekimsiz bar:
      **z** – süýkeş, açyk, daşara çekimsizi;
      **ý** – gapdal ysgalaňly, sonorly, alynky kentlewük çekimsizi;
      **t** – zarply, dymyk, dil ujy – diş düýbi çekimsizi;
      **n** – burun, sonorly, dil ujy-diş düýbi çekimsizi.
   d) iki çekimlisi bar:
      **e** – inçe, giň, dodaklanmaýan çekimli, gysga aýdylýar;
      **u** – ýogyn, dar, dodaklanýan çekimli, uzyn aýdylýar.
2. **Oýunçylar.**
   a) birinji bogunda ýogyn çekimli geleni üçin, soňky bogunlarda hem ýogyn çekimli ýazylýar;
   b) birinji bogunda dodak çekimlisiniň bolany üçin, ikinji bogundaky gysga aýdylýan dar çekimli dodaklandyrylyp ýazylýar;
   ç) ikinji bogundan soňky bogunlaryň çekimlileri bu sözde dodaklandyrylyp aýdylsa-da, ýazuwda giň dodak çekimlileriň sada sözleriň birinji, dar dodak çekimlileriň bolsa ikinji bogundan soň ýazylmaýanlygy üçin, 3-nji bogunda **y**, 4-nji bogunda hem **a** ýazylýar.
3. **Maslahat** – bir zat hakda pikir alyşmak, işjeň ulanylýan umumyhalk sözi, alynma söz, manydaş sözleri geňeş, ýygnak; köpmanyly söz (öwüt-nesihat).
4. **Agtyklaryna.**
   a) **agtyk** – asyl, düýp we sada söz, jyns at;
   b) **-lar** – san goşulmasy;
   ç) **-y** – III ýöňkemäniň goşulmasy;
   d) **-na** – ýöneliş düşümiň goşulmasy.
5. ***Dursun ejesi bilen gapydan çykanda, deprek has gaty kakyldy.***
   a) wagt eýerjeňli goşma sözlem;
   b) **Dursun** – eýerjeň sözlemiň eýesi, sada eýe;
   ç) **çykanda** – eýerjeň sözlemiň sada habary;
   d) **ejesi bilen** – hal-ýagdaý doldurgyjy;
   e) **gapydan** – çykyş doldurgyjy;
   ä) **deprek** – baş sözlemiň eýesi, sada eýe;
   f) **kakyldy** – baş sözlemiň sada habary;
   g) **has gaty** – hal-ýagdaý doldurgyjy.
   h) **ejesi bilen çykanda, gapydan çykanda, has gaty kakyldy** – erkin, sada, işlik söz düzümleri.


19. Sargyt № 1641

# IX SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

1. **XVIII asyr türkmen edebiýatynda milli döwletiň hem döwletliligiň ruhy binýadyny ilkinji goýan şahyrlar:**
   a) Gaýyby, Magrupy;
   b) Döwletmämmet Azady, Magtymguly;
   ç) Andalyp, Şabende;
   d) Nowaýy, Nesimi;
   e) Seýdi, Zelili.

2. **Döwletmämmet Azadynyň türki dilde eser ýazmaklygyna haýsy şahyr itergi berýär?**
   a) Abdyrahman Jamy;
   b) Jelaleddin Rumy;
   ç) Hysrow Dehlewi;
   d) Alyşir Nowaýy;
   e) Nyzamy Genjewi.

3. **Berlen eserleriň haýsysy Döwletmämmet Azadynyň galamyna degişli däl?**
   a) «Behistnama»;
   b) «Wagzy-azat»;
   ç) «Takwalaryň dogasy»;
   d) Hekaýaty-Jabyr ensar»;
   e) «Rubagyýat ez ruýy-zary we doga».

4. ***Bir sagat adylyň sowabyn, eý hoja,***
   ***Bermek olmaz hak katynda müň haja.* «Wagzy-azatdan» alnan bu setirler onuň haýsy babyna (bölümine) degişli?**
   a) I bap (patyşalar, hökmündarlar hakynda);
   b) II bap (baýlaryň, mülkdarlaryň haýyr-sahawaty barada);
   ç) III bap (ylym we alymlar barada);
   d) IV bap (derwüşler, garyp-pukaralaryň durmuşy barada);
   e) V bap (haýyr-sowap barada).

5. **Ger ... bolmasaýdy dünýede,**
   **Bes, heläk bolgaýdy baýlar, eý dede!** («*Wagzy-azat*»)
   a) patyşalar;
   b) baýlyklar;
   ç) pakyrlar;
   d) derwüşler;
   e) magryfet.

6. ***Magtymguly, gara ýüzüň,***
   ***Dinlemezler zaryn sözüň,***
   ***Zübeýdam, ýaşlasaň gözüň,***
   ***Harytsyz dükanym galdy* – setirlerinde agzalýan Zübeýda:**
   a) Magtymgulynyň ejesi;
   b) Magtymgulynyň gyzy;
   ç) Magtymgulynyň obadasy;
   d) Azadynyň dogany;
   e) Magtymgulynyň uýasy.

7. **Magtymguly:**
   ***Bir dem gutulmaz sen tamug naryndan,***
   ***Içiň dolar ýylan-içýan zährinden* – diýip, kime ýüzlenýär?**
   a) çilimkeşe;
   b) nas atana;
   ç) ogra;
   d) gybatkeşe;
   e) namarda.

8. ***Mekan eýläp, üç ýyl iýdim duzuny.***
**Bu setir bilen başlanýan goşgy haýsy medrese barada?**

a) Hywa, «Şirgazy»;
b) Buhara, «Gögeldaş»;
ç) Halaç, Idris baba;
d) Mary, Ýazguly halypa;
e) öz obasyndaky medrese.

9. ***Adam bar, ... iýdirseň azdyr,***
***Bardyr adam, iýen nanyna degmez.***
**Köp nokadyň ýerine haýsy söz gerek?**

a) duz-tagam;
b) müň tylla;
ç) müň teňňe;
d) müň tümen;
e) müň goýun.

10. ***Asmanyň görki enwerdir.***
**Bu setir Magtymgulynyň haýsy goşgusyndan?**

a) «Gözüm düşdi»;
b) «Ýör biläni»;
ç) «Il ýagşy»;
d) «Gözel sen»;
e) «Iliňni».

11. ***Magtymguly, ýangyl, öçgül,***
***Ýa lal otur, ýa dür saçgyl,***
... ... ... ................. .
***Nesihat ýokmaýan ärden*** – **galdyrylan setiri anyklaň:**

a) «Bir guýruksyz itdir, gaçgyl»;
b) «Söz aňmaz, nadandyr, gaçgyl»;
ç) «Başa gelen dertdir, gaçgyl»;
d) «Bidöwletdir, ara açgyl»;
e) «Duran ýarak itdir, gaçgyl».



12. ***Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler,***
***Ykbally bendäniň paýy gözel sen!***
**Bu setirleriň awtory:**

a) Gaýyby;
b) Şabende;
ç) Seýdaýy;
d) Andalyp;
e) Magtymguly.

13. ***Gören aşyk geda bolar,***
***Il-gününden jyda bolar,***
***Magtymguly, pida bolar...*** **Bu setirler haýsy goşgudan?**

a) «Bu derdi»;
b) «Aýrylma»;
ç) «Boýlaryňa»;
d) «Gülzardan aýryldym»;
e) «Uýat eýleýir».

14. **Şabende özüniň «Gül-Bilbil» dessanynyň jemleýji «Begler» sygryny kimiň adyndan ýazypdyr?**

a) öz adyndan;
b) Bilbiliň;
ç) Nasyr sanyň;
d) Sala begiň;
e) Zeliliniň.

15. **Jübütlikler haýsy sanawda dogry berlipdir?**

a) Sala beg – Aýsuluw, Zelili–Aýjemal, Mollagalandar–Gunçabi;
b) Sala beg – Gunçabi, Zelili–Aýsuluw, Mollagalandar–Aýjemal;
ç) Sala beg – Aýjemal, Zelili–Gunçabi, Mollagalandar–Aýsuluw;

d) Sala beg – Aýjemal, Zelili–Aýsuluw, Mollagalandar–Gunçabi;
e) Sala beg – Gunçabi, Zelili–Aýjemal, Mollagalandar–Aýsuluw.

**16. Bilbil kimiň ogly?**

a) Şabaz Adylyň;
b) Babahanyň;
ç) Sala begiň;
d) Nasyr patyşanyň;
e) Şaalyjanyň.

**17. Bu dessanlaryň haýsysy Şabendäniňki?**

a) «Döwletýar»;
b) «Ýusup–Züleýha»;
ç) «Şirin–Perhat»;
d) «Gül–Senuber»;
e) «Şabähram».

**18.** ***... diýr, Perhat deý dagy-dasy ýardygym,***
***«Şirin» diýip jan berdim, Tylla seniň yşkyňda.***
**Köp nokadyň ýerine haýsy söz gerek?**

a) Nowaýy;
b) Şabende;
ç) Azady;
d) Pyragy;
e) Talyby.

**19.** ***Magtymgulyny men okap,***
***Sözlerini etdim togap,***
***Kemi barmy, beriň jogap?***
***Şol şahyry yzlardym men.*** **Bu setirler kimiň galamyna degişli?**

a) Nazym Hikmetiň;



b) Mämmetweli Keminäniň;
ç) Berdimyrat Berdagyň;
d) Resul Gamzatowyň;
e) Çingiz Aýtmatowyň.

**20. Bu goşgularyň haýsysy Magtymgulynyňky?**

a) «Söwer ýarym Meňli»;
b) «Gelende bardyr»;
ç) «Perizadymyň»;
d) «Hasar dagyndadyr»;
e) «Meňli hany nätdiň?».

**21.** ***Garry molla*** **kim?**

a) Magtymguly Ýonaçy;
b) Döwletmämmet Azady;
ç) Magtymguly Pyragy;
d) Molla Bäbek (Sary – Magtymgulynyň ogly);
e) Muhammetsapa (Magtymgulynyň agasy).

**22. Şabendäniň haýsy goşgusy aýdyşyk-tapmaça häsiýetli däl?**

a) «Haýsydyr – erur»;
b) «Jepa eýledi»;
ç) «Wallasy kyrk»;
d) «Dagy bäş»;
e) «Zamany nedir».

**23. Bu goşgularyň haýsysy ysk-söýgi hakynda däl?**

a) «Gülzardan aýryldym»;
b) «Gözüm düşdi»;
ç) «Boýlaryňa»;
d) «Aýrylma»;
e) «Uýat eýleýir».

24. ***Akylla – ýşarat, akmaga – kötek,***
***Kimse dile düşer, kimse üm biler.*** **Bu setirler kimiň gosgusyndan?**

a) Andalybyň;
b) Azadynyň;
ç) Pyragynyň;
d) Zeliliniň;
e) Şabendäniň.

**25. Rowaýata görä, haýsy şahyryň gowy görýän dosty Eýran şasyna ýesir düşüpdir?**

a) Andalybyň;
b) Zeliliniň;
ç) Magtymgulynyň;
d) Şabendäniň;
e) Azadynyň.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar:

1. Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-azat» eseriniň näçenji babynda adyl patyşa hakda söhbet açylýar?
2. «Wagzy-azadyň» haýsy baby ***Baby suwwumy içre waspy-alyman*** (alymlaryň waspy) jümlesi bilen başlanýar?
3. Magtymguly kime ***ölenden soň, jynaza okalman, burny dilner*** diýýär?
4. Magtymgulynyň ***Owal-a mal ýagşy, maldan baş ýagşy*** setiri bilen başlanýan gosgusynyň ady näme?
5. Magtymguly Pyragynyň atasy kim?
6. ***Hak sylamyş, bardyr onuň saýasy.*** Bu setir haýsy goşgudan?
7. ***Ahmet patyşadan habar almaga,***
***Umyt etdi iller...üçin.*** Kim üçin?



8. ***Rowaç bergil ýomut, gökleň birligne,***
***Ol ... owgan bolsun başymyz.*** Kim?
9. Aždarha Zowkumaryň elindäki peri gyzyň ady.
10. Şabendäniň «Gül-Bilbil» eserindäki Şaalyjan patyşa kimiň kakasy?

## II çärýek

1. ***Azady, Pyragy, Andalyp, Şabende, Gaýyby, Kemine, Şeýdaýy, Magrupy, Seýdi.*** **Bu şahyrlardan kimler XIX asyr türkmen edebiýatynyň wekilleri?**

a) Andalyp;
b) Azady, Gaýyby;
ç) Kemine, Seýdi;
d) Pyragy, Şeýdaýy;
e) Şabende, Magrupy.

**2. Şeýdaýynyň şu sygyrlarynyň haýsysy türkmeniň taryhy, dili barada oýlanmalara degişli däl?**

a) «Höwwez-hutdyny»;
b) «Şirin dilli jenanym»;
ç) «Saýran tillerim»;
d) «Gözel ýigrimi bäş»;
e) «Türkmeniň ahwaly».

**3. Bagşy-sazandalaryň, şahyrlaryň Buhara emiriniň gazabyndan halas edilişi hakyndaky rowaýata degişli eser:**

a) Şeýdaýy, «Bazyn tanymaz»;
b) Şabende, «Hojamberdi han»;
ç) Magrupy, «Döwrandyr diýme»;
d) Gaýyby, «Saz etsin»;
e) Gaýyby, «Gelende bardyr».

4. *Ak ýüzüne gara zülpün ýaýypdyr,*
*Göýä Aýyň ýüzün bulut alypdyr.*
**Bu setirler kimiň haýsy sygryndan?**

a) Kemine, «Gelinler»;
b) Kemine, «Zülpüň»;
c) Kemine, «Örtär meni»;
d) Gaýyby, «Asyk bolmuşam»;
e) Magtymguly, «Boýlaryňa».

5. ***Munazara*** **sözüniň manysy:**

a) öýkünme;
b) aýdysyk;
c) tapmaça;
d) ýaňsylama;
e) jedel, çekişme.

6. **Munazara žanrynda XVIII asyrda eser ýazan türkmen şahyry:**

a) Şabende;
b) Şeýdaýy;
c) Gaýyby;
d) Magrupy;
e) Magtymguly.

7. **Keminäniň gatnaşykda bolan bagşylary:**

a) Garly bagşy, Çuwal bagşy;
b) Oglan bagşy, Sygan bagşy;
c) Mäti bagşy, Kel bagşy, Oraz Salyr;
d) Amangeldi Gönübeg, Şükür bagşy;
e) Aly bagşy, Weýran bagşy, Körgojaly.

8. **Bu dessanlaryň haýsysy Magrupynyňky däl?**

a) «Gül – Senuber»;
b) «Aly beg we Baly beg»;
c) «Ýusup–Ahmet»;



d) «Döwletýar»;
e) «Seýpelmelek-Methaljemal».

9. **Magrupy «Nirede bitildi – şonda bitildi» aýdysygynda haýsy şahyr bilen pikir alyşýar?**

a) Şabende;
b) Şeýdaýy;
c) Kemine;
d) Gaýyby;
e) Andalyp.

10. **Magrupynyň «Saltyk» ady bilen meşhur bolan goşgusy:**

a) «Artyp baradyr»;
b) «Watanym galdy»;
c) «Ýarym amanmy?»;
d) «Bu dünýä»;
e) «Hal galmaz».

11. *Meniň dilim, seniň eliň hünäri*
*Nusga bolup galsyn ilden-illere.*
**Bu setirler kimiň haýsy goşgusyndan?**

a) Garajaoglan, «Biziň illere»;
b) Magtymguly, «Sözlerim»;
c) Şeýdaýy, «Sizleri»;
d) Şeýdaýy, «Saýran tillerim»;
e) Kemine, «Güllere».

12. *Jennet bolar jaýyň seniň,*
*Gol uzadyp supra ýaýyň,*
*... diýr, gulak goýuň,*
*Biziň bu dessana begler.* **Köp nokadyň ýerine goýulmaly at:**

a) Şabende;
b) Şeýdaýy;

c) Gaýyby;
d) Magrupy;
e) Kemine.

13. **Gaýybynyň «Otuz iki tohum kyssasy» eserinde ekinler nämäniň jedelini edýärler?**
a) Haýsymyz adama has peýdaly?
b) Haýsymyzyň boýumyz uzyn?
c) Haýsymyz ir ýetişýäris?
d) Haýsymyz jennete öň barmaly?
e) Haýsymyza suw az gerek?

14. **Goza-gowaça özüniň artykmaçlygyny näme bilen esaslandyrýar?**
a) pamygy – esik, çöpi – odun, çigidi – ýag, mal iými;
b) adam dünýä inende-de, ahyrky ýoluna ugranda-da pagta (mata) gerek;
c) gowaçanyň içine beýleki ekinleri hem ekip bolýar;
d) gowaçanyň içinde özünden başga-da mal oty köp;
e) pagta – baýlyk, adama köp girdeji getirýär.

15. ***Agzymyz bir etsek, tükel ärsary,***
***Duşman geçebilmez derýadan bäri.***
**Bu setirler Seýdiniň haýsy sygryndan?**
a) «Görülsin indi»;
b) «Ärsarynyň ýigitleri»;
ç) «Baraýlyň;
d) «Goçaklar»;
e) «Dönmenem, begler».

16. **Seýdiniň:** ***Türkmen ýigit, Mirhaýdarda hyrçyňdyr,***
***Är deý durup, sol söweşe baraýlyň –***
**setirlerindäki Mirhaýdar:**
a) Lebap hany;
b) Hywa hany;



ç) Eýran sasy;
d) Mary hany;
e) Buhara emiri.

17. ***«Ber hakym» diýp gyssasaň, çişer otyr humdan beter,***
***Ogry şum, orramsy şum, belki, ol şumdan beter...***
**Bu setirler Keminäniň haýsy gosgusyndan?**
a) «Beýle»;
b) «Içmek»;
ç) «Bir tüýsli»;
d) «Garyp»;
e) «Garyplyk».

18. **Şeýdaýy «Pudagy bäş» tapmaca-sygry bilen kime ýüzlenipdir?**
a) Aşyk Myrada;
b) Afzaly Magtyma;
ç) Magrupa;
d) Şabendä;
e) Gaýyba.

19. **Şeýdaýynyň şu sygyrlarynyň haýsysy tapmaca häsiýetde däl?**
a) «Kaýsydyr?»;
b) «Mestanydyr»;
ç) «Höwwez-hutdyny»;
d) «Çagy bardyr»;
e) «Pudagy bäş».

20. **Galandaryň ogly Sagyt haýsy dessandan?**
a) Magrupy, «Döwletýar»;
b) Magrupy, «Seýpelmelek-Methaljemal»;
ç) Magrupy, «Ýusup–Ahmet»;
d) Magrupy, «Aly beg we Baly beg»;
e) Şabende, «Gül–Bilbil».

21. **Bu gahrymanlaryň haýsysy Hursyt şanyň ogly we ol haýsy dessandan?**
   a) Seýpelmelek – «Seýpelmelek–Methaljemal»;
   b) Bilbil – «Gül–Bilbil»;
   c) Döwletýar – «Döwletýar»;
   d) Senuber – «Gül–Senuber»;
   e) Mejnun – «Leýli–Mejnun».

22. **Gaýyby,** ***«Otuz iki tohum kyssasy»:***

   ***Jugary aýtdy: «Owwal men barur men,***
   ***Boýum uzyn, sakgalym ak erur men.***

   **Jugary näme?**
   a) jigirdek-igde;
   b) ak derek;
   c) jöwen;
   d) ak tal;
   e) gulpaklan gamyş.

23. **«Otuz iki tohum kyssasy» eserinde jedele näçe ösümlik tohumy gatnaşýar?**
   a) 11; b) 16; c) 18; d) 27; e) 32.

24. **Methaljemal Seýpelmelegiň ýanyna töwella üçin kimi iberýär?**
   a) Sagydy;
   b) Ispendiýary;
   c) Meliikäni;
   d) Eswet döwi;
   e) Enesi Gülzagpyrany.

25. ***Ýakup serdar, Hojanepes serdar, Humaýhan, Gülçemen.*** **Bu gahrymanlar haýsy dessandan?**
   a) Şabende, «Hojamberdi han»;
   b) Şeýdaýy, «Gül–Senuber»;
   c) Magrupy, «Aly beg we Baly beg»;
   d) Mollanepes, «Zöhre–Tahyr»;
   e) Magrupy, «Döwletýar».



## Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Allegoriýa näme?
2. «Ärsarynyň ýigitleri», «Goçaklar» diýip ýüzlenen şahyr kim we onuň doglan ýeri nire?
3. ***aaaaa, bbbba, cccca*** ... görnüşinde sazlaşýan sygyr ölçegine näme diýilýär?
4. ***Arap dili boldy diller güýesi.*** Bu setir haýsy şahyryň galamyna degişli?
5. Göwherşadyň şahyr ogly.
6. «Ogulbike», «Arzym aýdaýyn» sygyrlary kimiň galamyna degişli?
7. ***«Molla Kemine zülpi taryplamaga söz goýmandyr»*** diýen söz ussady kim?
8. Keminäniň elegiýasy nähili atlandyrylýar?
9. Magrupynyň hakyky ady näme?
10. ***...Beg balasy sadranç oýnar nerd bile*** (Magrupy). Sadranç näme?

## III çärýek

1. **Babasy we daýysy şahyr bolan XIX asyr türkmen şahyry.**
   a) Zelili;
   b) Mätäji;
   c) Seýdi;
   d) Mollanepes;
   e) Abdysetdar Kazy.

2. ***Habaryn almyşam hezar ant bilen,***
***Gezdim Buhar şährin Samarkant bilen.***
**Bu setirler kimiň galamyna degişli?**

a) Seýdiniň;
b) Zeliliniň;
c) Kätibiniň;
d) Abdysetdar Kazynyň;
e) Mollanepesiň.

3. **Ýeke-täk eseri bilen türkmen edebiýatynda tanalan şahyr.**

a) Gaýyby, «Otuz iki tohum kyssasy»;
b) Azady, «Wagzy-azat»;
c) Abdysetdar Kazy, «Jeňnama»;
d) Mollanepes, «Zöhre–Tahyr»;
e) Nurmuhammet Andalyp, «Leýli–Mejnun».

4. **Döndi, Nurygyz – bularyň ykbaly haýsy şahyr bilen baglanyşýar?**

a) Mollanepes bilen;
b) Zelili bilen;
c) Kemine bilen;
d) Seýdi bilen;
e) Mätäji bilen.

5. **Seýdiniň tuýug görnüşinde ýazan gosgusy:**

a) «Lebap, hoş indi»;
b) «Ablaksaýat»;
c) «Gümany»;
d) «Mekru-alyna»;
e) «Gördüm, owadan».

6. **Türkmenleriň 1858-nji we 1861-nji ýyllarda Eýran şasynyň goşunyndan üstün çykyşlary hakyndaky eser:**

a) Seýdi, «Dönmenem, begler»;



b) Zelili, «Watanym seni»;
c) Kätibi, «Seniň üstünde»;
d) Mollanepes, «Mekanyň seniň»;
e) Abdysetdar Kazy, «Jeňnama».

7. **Mätäjiniň «Elden gider» sygryny saza geçirip, aýdym edip aýdan döwürdeş bagşysy:**

a) Aly bagşy;
b) Hally bagşy;
c) Kel bagşy;
d) Körgojaly;
e) Weýran bagşy.

8. **Mollanepesiň aýdyşyk häsiýetli goşgusy:**

a) «Rehm etmezmiň halyma?»;
b) «Ner gezgin»;
c) «Haýrana galar»;
d) «Nazar kylsa dişleriňe»;
e) «Istäp ki gözel ýary».

9. **Söýgini, gyz gözelligini Arş derejesinden hem belende göterip görkezilen eser:**

a) Mollanepes, «Pyrakyňdan»;
b) Magtymguly, «Gözel sen»;
c) Magtymguly, «Bu derdi»;
d) Mollanepes, «Gelmişem»;
e) Mätäji, «Dilber».

10. **Tahyr derýa atylandan soň, Zöhräniň halyna dözmän, Tahyryň gözlegine kim gitdi?**

a) Mollanepes;
b) Wahyt galandar;
c) Gülzada keniz;
d) Hasan bagban;
e) Moýsepit serdar.

20. Sargyt № 1641

11. *Elti bir eneňdir, molla – ataňdyr,*
*Söwer guzym, Zöhre janym, gaýt indi.*
**Bu haýsy gahrymanyň sözleri?**

a) Mollanepesiň;
b) Göwher keniziň;
c) Hasan bagbanyň;
d) Moýsepit serdaryň;
e) Wahyt galandaryň.

12. *Nice ýyldan bäri çekdim jepaňy,*
*Oglanlykda sensiň mährim alan ýar.*
**Bu setirler haýsy şahyryň galamyna degişli?**

a) Mollanepesiň;
b) Seýdiniň;
c) Mätäjiniň;
d) Zeliliniň;
e) Magtymgulynyň.

13. **Hywada ýedi ýyl sürgünlikde (agöýli) bolan XIX asyr türkmen şahyry:**

a) Abdysetdar Kazy;
b) Mätäji;
c) Mollanepes;
d) Seýdi;
e) Zelili.

14. *Sözi söz, lebzi lebiz – kerem-hümmeti başga,*
*Ýagşyzada barabar – gadyr-gymmaty başga...* **Bu setirler Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy sygryndan?**

a) «Türkmenistan diýerler»;
b) «Türkmendedir türkmende»;
c) «Watandadyr»;
d) «Garagum»;
e) «Buýsanýan».



15. *Çille dolar, kükräp-kükräp ýaz geler,*
*Nowruzyňda togsan tamam, (...).* **Bu setirler haýsy sygyrdan?**

a) «Deňzim»;
b) «Garagum»;
c) «Daglar»;
d) «Ak bugdaý»;
e) «Watanym».

16. **Bu sygyrlaryň haýsysy «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» kitabyndan?**

a) «Türkmenistan diýerler»;
b) «Bahar çabgasy»;
c) «Türkmendedir türkmende»;
d) «Daglar»;
e) «Garagum».

17. *Dag başyndan saglap geler çeşmesi,*
*Görmedige kyndyr münüp-düşmesi...*
**Bu setirler kimiň haýsy goşgusyndan?**

a) Mätäji, «Onda bar»;
b) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy, «Daglar»;
c) Zelili, «Gürgene gideli»;
d) Seýdi, «Gördüm, owadan»;
e) Mollanepes, «Zöhre–Tahyrdan» (Tahyryň daglara ýüzlenmesi);

18. *..., sözlegiň her ne bileniň,*
*Tiliňde bolmasyn gybat-ýalanyň.*
**Köp nokadyň ýeriňde haýsy at bolmaly?**

a) Pyragy;
b) Seýdi;
c) Mätäji;
d) Zelili;
e) Kätibi.

**19. Rowaýata görä, Mätäjiniň ýesirlikde ýazan goşgusy:**

a) «Elden gider»;
b) «Är biläni»;
c) «Ýüň getirer»;
d) «Gerekdir»;
e) «Onda bar».

**20. *Paltalaryň gana boýalar* (*Mätäji*).**
**Bu ýerde «paltalar» sözi näme manyda?**

a) egin-eşik;
b) gylyç;
c) naýza;
d) aýpalta;
e) galkan.

**21. Seýdiniň şu goşgularynyň haýsysy oda?**

a) «Ärsarynyň ýigitleri»;
b) «Dönmenem, begler»;
c) «Baraýlyň»;
d) «Görülsin indi»;
e) «Gel, Arzygül, görüşeli».

**22. Zeliliniň şu sygyrlarynyň haýsysy ysk-söýgi temasyndan däl?**

a) «Köz biläni»;
b) «Seýle gideli»;
c) «Ýardan aýryldym»;
d) «Aldady meni»;
e) «Ýanan ýok».

**23. Şu goşgularyň haýsysy Zeliliniň galamyna degişli däl?**

a) «Diýmek biläni»;
b) «Özge dem bolmaz»;
c) «Yrakda durma»;
d) «Başda bellidir»;
e) «Janymyň jananasy».



**24. Murapbag goşgy düzülişinde her bentde näçe setir bar?**

a) 8; b) 2; c) 7; d) 5; e) 4.

**25. «Türkmen ilim aman bolsun» sygyrlar diwany haýsy goşgy bilen başlanýar?**

a) «Türkmenistanym»;
b) «Türkmen ilim aman bolsun!»;
c) «Agzybirlik senasy»;
d) «Türkmen beýik milletdir»;
e) «Watandadyr».

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar:

1. 1858-nji ýylyň Garrygala (häzirki Magtymguly) we 1861-nji ýylyň Mary söweşlerinde türkmenlere ýolbaşçylyk eden hanlar?
2. XIX asyrda ýaşan şahyr, daýhan we seýis kim?
3. ***Namarda syr berme, «syr saklar» diýip,***
***Namart syr saklamaz diýmek biläni.***
Bu setirler bilen kimiň haýsy goşgusy başlanýar?
4. Seýitnazar Seýdiniň kim bilen aýdyşyk sygyrlary bar?
5. Mätäjiniň durmuş, söýgi hasratyna bagyşlanan goşgusynyň ady.
6. Abdysetdar Kazynyň «Jeňnama» poemasy goşgy düzülişiniň haýsy görnüşinde ýazylypdyr?
7. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Bahar çabgasy» sygrynda gabat gelýän *sahawat, gamza, bossan, nagma* sözleriniň manylary?
8. ***Zalym, syýasat urma, bolmaz mekanyň seniň,***
***Her türkmen döwe döner, içerler ganyň seniň.***
Bu setirler kimiň haýsy sygryndan?

9. Mary (1861 ý.) söweşinde ýaraly bolup, sol ýara sebäpli dünýäden öten şahyr.
10. Çary Aşyrowyň «Ata-babalar», Ýazmyrat Mämmediýewiň «Beýik seljukly», Hudaýberdi Diwangulyýewiň «Çuwal bagşy» romanlarynyň ýazylan döwri haçan?

## IV çärýek

**1. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy, «Iň soňky umyt»:**
***Meniň iň soňky umydym keseginň aşagynda galdy.***
**Keseginň aşagynda galan zat näme?**

a) kakalaryna niýetlenen maňyzlar;
b) peder tumary;
ç) ýagşy günlere niýetlenen toý eşikleri;
d) kakalaryna niýetlenen toý eşikleri.
e) buslukça niýetlenen bilezik, halyça.

**2. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň üç bölümden ybarat «Meniň pendim» goşgusynyň her bölüminde näme nesihat edilýär?**

a) I – Watany, II – enäni, III – dünýä gözelligini söýmek;
b) I – Watany, II – enäni, III – öz ýakynlaryňy söýmek;
ç) üç bölümde hem Watany söýmek ündelýär;
d) üç bölümde hem enäni söýmek ündelýär;
e) I – Watany, II – Enäni, III – durmuşy, ýaşaýşy söýmek.

**3. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Çäjiňe görä» goşgusy haýsy temada ýazylypdyr?**

a) ahlaklylyk – öwüt-nesihat;
b) watançylyk – Watana söýgi;
ç) durmuş – daýhan zähmeti;
d) ysk-söýgi – söýgä wepalylyk;
e) gahrymançylyk, mertlik.



**4. Yhlasy, mähri bilen ölen çagasyny direlden ýaş gelin hakyndaky erteki Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy ýatlamasyndan?**

a) «Ene-gudrat!»;
b) «Iň soňky umyt»;
ç) «Peder tumary»;
d) «Agyr günlerde çagalygym galdy»;
e) «Aşygyňyz alçy gopsun».

**5. *Türkmen özbaşyna kowup sürini,***
***Öz egri gylyjyn guşanýar ýene* – diýip ýazan, Londonda doglup, Gresiýada ýogalan şahyr:**

a) Genrih Geýne;
b) Jorj Gordon Baýron;
ç) Jek London;
d) Onore de Balzak;
e) Edgar Allan Po.

**6. Ýaşaýyşdan gymmat zadyň ýokdugyna düşünip, tapan altynlaryny taşlan ýolagçy hakyndaky hekaýany ýazan:**

a) Genrih Geýne;
b) Jorj Gordon Baýron;
ç) Jek London;
d) Onore de Balzak;
e) Edgar Allan Po.

**7. Daşary ýurt edebiýatynyň haýsy wekili 1930-njy ýylyň 11–25-nji sentýabry aralygynda öňki SSSR-de boldy?**

a) Edgar Allan Po;
b) Rabindranat Tagor;
ç) Onore de Balzak;
d) Jorj Gordon Baýron;
e) Genrih Geýne.

8. **Şahyr, ýazyjy, dramaturg, edebiýatçy, terjimeçi, publisist, magaryfçy, kompozitor, hudožnik – bu:**
a) Nikolaý Wasilýewiç Gogol;
b) Mihail Ýurýewiç Lermontow;
c) Anton Pawlowiç Çehow;
d) Jek London;
e) Rabindranat Tagor.

9. **Bu eserleriň haýsysy Genrih Geýnäniň galamyna degişli?**
a) «Nazaryýet», «Mawryň serenadasy»;
b) «Adamzat komediýasy»;
ç) «Şahyryň ölümi», «Demon»;
d) «Gurduň zürýady», «Ýaşaýşa söýgi»;
e) «Korsar», «Korinf gabawy».

10. **Özüne nesip etmedik Bellany agyr ýaradar edip giden:**
a) Peçorin;
b) Maksim Maksimyç;
ç) Azamat;
d) Grușniskiý;
e) Kazbiç.

11. **Bularyň haýsylary Mihail Ýurýewiç Lermontowyň «Biziň zamanamyzyň gahrymany» eseriniň «Bella» böluminden däl?**
a) Maksim Maksimyç, Azamat;
b) Peçorin, Bella;
ç) Maksim Maksimyç, Kazbiç;
d) Grușniskiý, Meri;
e) Kazbiç, Azamat.

12. **Bu eserleriň haýsysy Mollanepesiň «Aňsa» gosgusyndaky:**

*Harsydünýä söýer teňňäni, maly,*
*Bir gün bitap bolup, gitse mejaly,*
*Dönüp-deprenmäge bolmasa haly,*
*Galar garysyna «pul» sesin aňsa* – **setirleri ýatladýar?**

a) Onore de Balzak, «Husyt Gobsek»;
b) Nikolaý Wasilýewiç Gogol, «Derňewçi»;
ç) Mihail Ýurýewiç Lermontow, «Biziň zamanamyzyň gahrymany»;
d) Jorj Gordon Baýron, «Korsar»;
e) Jek London, «Martin Iden».

13. **Rabindranat Tagoryň durmuşa täzeçe garaýşyň üstün çykýandygyny görkezýän eseri:**
a) «Joga-jog» romany;
b) «Gora» romany
ç) «Heläkçilik» romany;
d) «Ýagtylyk we kölege» hekaýasy;
e) «Çäge dänesi» romany.

14. **Rabindranat Tagor, «Heläkçilik»:**
***Men muny hiç ýerde, häzirki görşüm ýalylygyna görüp bilmezdim.***
**Bu sözleri aýdan:**
a) Suşila;
b) Nolinakha;
ç) Romeş;
d) Komola;
e) Hemnolini.

15. **«Altyn tomzak» hekaýasyny ýazan:**
a) Jorj Baýron;
b) Onore de Balzak;
ç) Genrih Geýne;
d) Edgar Po;
e) Jek London.

**16. Nikolaý Wasilýewiç Gogolyň «Derňewçi» eserindäki «derňewçiniň» ady:**

a) Luka Lukiç Hlopow;
b) eserde derňewçiniň ady berilmändir;
ç) Iwan Aleksandrowiç Hlestakow;
d) Stepan Iwanowiç Korobkin;
e) Iwan Lazarowiç Rastakowskiý.

**17. Derňewçi hasaplanylan adamyň derňewçi däldigini ilki bilen:**

a) Iwan Kuzmiç Spekin, poçtmeýster;
b) Swistunow, Pugowisyn, poliseýler;
ç) Abdulin, täjir;
d) şäher häkimi;
e) Dobçinskiý, Bobçinskiý, pomessikler.

**18. On iki-on üç ýaşlarynda San-Fransisko şäheriniň köçelerinde gazet satan amerikan ýazyjysy, «Martin Iden», «Ýaşaýşa söýgi» eserleriniň awtory:**

a) Mark Twen;
b) Jorj Baýron;
ç) Onore de Balzak;
d) Genrih Geýne;
e) Jek London.

**19. Haýsy şahyr başa barmadyk söýgüsi zerarly Gamburgy «gussanyň sallançagy», «gözýaşlaryň şäheri» diýip atlandyrypdyr?**

a) Jek London;
b) Genrih Geýne;
ç) Onore de Balzak;
d) Jorj Baýron;
e) Edgar Po.



**20. Onore de Balzagyň «Husyt Gobsek» eseriniň başgaça atlandyrylyşy:**

a) «Martin Iden»;
b) «Gurduň zürýady»;
ç) «Altyn tomzak»;
d) «Adamzat komediýasy»;
e) «Korsar».

**21. Dardanel bogazyny ýüzüp geçenden soň, «Iňlis-balyk» adyny alan, «Korinf gabawy» poemasyny ýazan şahyr:**

a) Jorj Baýron;
b) Onore de Balzak;
ç) Genrih Geýne;
d) Jek London;
e) Nikolaý Wasilýewiç Gogol.

**22. Wilýam Legran kimiň haýsy eseriniň gahrymany?**

a) Edgar Po, «Altyn tomzak»;
b) Onore de Balzak, «Husyt Gobsek»;
ç) Nikolaý Wasilýewiç Gogol, «Derňewçi»;
d) Jek London, «Demirgazyk hekaýalary»;
e) Genrih Geýne, «Aýdymlar kitaby».

**23. Kimiň haýsy eseri *Olaryň geçmişi ýok. Ol derýada gark bolanlar bilen ýitip gitdi* diýen oýlanma döredýär?**

a) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy, «Iň soňky umyt»;
b) Jek London, «Demirgazyk hekaýalary»;
ç) Edgar Po, «Altyn tomzak»;
d) Rabindranat Tagor, «Heläkçilik»;
e) Mihail Ýurýewiç Lermontow, «Biziň zamanamyzyň gahrymany».

**24. *«Biziň zamanamyzyň gahrymany». ... bütin neslimiziň baryp ýatan nogsanlyklaryndan jemlenip çekilen suratdyr.***

**Mihail Ýurýewiç Lermontow bu sözleri özünin haýsy gahrymany hakynda ýazypdyr?**

a) Azamat;
b) Peçorin;
ç) Kazbiç;
d) Mitka;
e) Maksim Maksimyç.

**25. Bu eserleriň haýsysy Mihail Ýurýewiç Lermontowyň galamyna degişli däl?**

a) «Msyry»;
b) «Demon»;
c) «Kawkaz ýesiri»;
d) «Şahyryň ölümi»;
e) «Gündogar poemalary».

## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar:

1. Türkmen nusgawy edebiýatynyň wekilleriniň goşgularyna kimler at goýupdyr?
2. «Biziň zamanamyzyň gahrymany» (*Mihail Ýurýewiç Lermontow*) romany näçe powestden ybarat?
3. Drama eserlerinde awtoryň sözüne, ýaý içinde berýän belligine näme diýilýär?
4. Nikolaý Wasilýewiç Gogolyň «Derňewçi» komediýasynyň temasyny salgy beren şahyr kim?
5. Derňewçiniň traktire (çaýhana) gelip düşendigi baradaky howsalaly habary getirenler kimler?
6. Hindistanyň Döwlet senasynyň awtory kim?
7. Detektiw eserleriň kerwenbaşysy hasaplanýan ýazyjy kim?
8. Rabindranat Tagoryň «Heläkçilik» romany haýsy edebi usulda ýazylypdyr?



9. Gurbanguly Berdimuhamedow Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Prezidentligine haçan saýlanyldy?
10. «Tükmenistanda bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kararynyň kabul edilen senesi.

## IX synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | Ç | A | E |
| 2 | D | B | E | Ç |
| 3 | Ç | E | Ç | A |
| 4 | A | A | B | D |
| 5 | Ç | E | D | B |
| 6 | E | Ç | E | Ç |
| 7 | D | E | B | B |
| 8 | A | A | E | E |
| 9 | D | D | D | A |
| 10 | B | Ç | B | E |
| 11 | A | E | A | D |
| 12 | E | B | Ç | A |
| 13 | Ç | D | E | Ç |
| 14 | A | B | B | Ç |
| 15 | B | A | B | D |
| 16 | D | E | Ç | Ç |
| 17 | E | D | A | A |
| 18 | B | A | D | E |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 19 | Ç | B | E | B |
| 20 | D | B | A | D |
| 21 | B | D | A | A |
| 22 | A | Ç | D | A |
| 23 | D | A | Ç | D |
| 24 | E | Ç | E | B |
| 25 | D | E | A | E |

## Edebiýatdan IX synp üçin soraglaryň jogaplary

### I çärýek

1. I bap.
2. III bap.
3. Nas atana.
4. «Mala seretmez».
5. Magtymguly Ýonacy.
6. «Türkmeniň».
7. Çowdur han.
8. Kemal han.
9. Aýsuluw.
10. Gülüň.

### II çärýek

1. Göçme manyly meňzetme.
2. Seýdi – Garabekewül, Lamma obasy.
3. Muhammes.
4. Şeýdaýynyň.
5. Seýdi.
6. Keminäniň.
7. Mollanepes.



8. «Janyň barynda».
9. Gurbanaly.
10. Küst.

### III çärýek

1. Nurberdi han, Gowşut han.
2. Mätäji.
3. Zelili, «Diýmek biläni».
4. Zelili bilen.
5. «Elden gider».
6. Mesnewi.
7. ***Sahawat*** – jomartlyk, sahy.
   ***Gamza*** – näz, kereşme.
   ***Bossan*** – bag-bakja.
   ***Nagma*** – owaz, heň, aýdym.
8. Mollanepes, «Mekanyň seniň».
9. Mollanepes.
10. Garaşsyzlyk eýýamynda.

### IV çärýek

1. Halk we edebiýaty öwrenijiler.
2. Bäş powest.
3. Remarka.
4. Aleksandr Sergeýewiç Puşkin.
5. Dobçinskiý, Bobçinskiý.
6. Rabindranat Tagor.
7. Edgar Po.
8. Realizm (açyk hem dogruçyl).
9. 11.02.2007 ý.
10. 04.03.2007 ý.

# X SYNP ÜÇIN TÜRKMEN DILINDEN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

**1. Häzirki zaman türkmen diliniň dürs ýazuw kadalary haçan düzgünleşdirildi?**

a) 1936-njy ýyl, birinji lingwistik gurultaýda;
b) 6-9.10.1954 ý., ikinji lingwistik gurultaýda;
ç) 24.05.1990 ý., «Dil hakyndaky Kanunyň» esasynda;
d) 12.04.1993 ý., «Täze türkmen elipbiýi ulanyşa girizmek hakyndaky» karar esasynda;
e) 03.05.1993 ý., «Täze bilim syýasatynyň» esasynda.

**2. Türkmen dili haçan döwlet dili hukugyna eýe boldy?**

a) 27.10.1924 ý.;
b) 09.10.1954 ý.;
ç) 24.05.1990 ý.;
d) 18.05.1992 ý.;
e) 03.05.1993 ý.

**3. Türkmen diliniň sözlük düzüminde mongol sözleriniň (*palta-balt, maňlaý-maglaý, bugdaý-bukdaý, bars-bars*) bolmagynyň sebäbi:**

a) Mongoliýa biziň goňşy döwletimiz;
b) Beýik Mogollar imperiýasynyň täsiri (XVI–XVII a.);
ç) garyndaş dil bolanlygy üçin;
d) häzirki zaman türkmen-mongol gatnaşyklarynyň täsiri;
e) Çingiz hanyň basybalyşlarynyň täsiri.

**4. Türkmen diline Ýewropa halkyýetleriniň dillerindäki sözleriň aralaşmagynda köpri hyzmatyny ýerine ýetiren dil:**

a) mongol dili;



b) arap dili;
ç) gazak dili;
d) rus dili;
e) pars dili.

**5. Edebi dil –**

a) – şiwe dilidir;
b) – diňe ýazuw dilidir;
ç) – söz ussatlary tarapyndan işlenen halk dilidir;
d) – diňe gepleşik dilidir;
e) – halk köpçüliginiň belli bir toparyna düşnükli bolan dildir.

**6. Sözleýşiň kitap stilleriniň sanawynda haýsysy artykmaç?**

a) gepleşik stili;
b) çeper stil;
ç) jemgyýetçilik-publisistik stil;
d) ylmy stil;
e) resmi-iş stil.

**7. Sözleýşiň tipleri haýsy jogapda doly we dogry berlipdir?**

a) hekaýa etme;
b) hekaýa etme, suratlandyrma;
ç) hekaýa etme, suratlandyrma, pikir ýöretme;
d) hekaýa etme, suratlandyrma, pikir ýöretme, beýan etme;
e) hekaýa etme, suratlandyrma, pikir ýöretme, beýan etme we oýlanma.

**8. Edebi diliň leksika-semantik normasy näme bilen bagly?**

a) sözleriň dogry aýdylysy bilen;
b) sözleriň dogry ýazylysy bilen;
ç) sözlemde sözleriň baglanyşygy bilen;

21. Sargyt № 1641

d) sözleriň dogry ulanylmagy bilen;
e) söz düzümleri bilen.

**9. Edebi diliň normalanysy:**

a) gysga wagtda bolup geçýär;
b) aýratyn bir şahsyň täsiri bilen bolýar;
ç) hemişe ösüp, özgerip, kämilleşip durýar;
d) hemişe bir bolşuny saklaýar;
e) goňşy halklaryň dilleriniň täsiri bilen bolýar.

**10. *Olaň hemmesi geldimi*? Sözlemde edebi diliň haýsy normasy bozuldy?**

a) grammatik norma;
b) orfografik norma;
ç) orfoepik norma;
d) fonetik norma;
e) leksika-semantik norma.

**11. Türkmen diline arap sözleri nämäniň täsiri bilen ornady?**

a) arap döwletleri bilen goňşy ýaşalmagy;
b) rus diliniň täsiri bilen;
ç) Garaşsyzlygy almagymyz bilen;
d) yslam dininiň täsiri bilen;
e) häzirki zaman türkmen-arap gatnaşygynyň giňelmegi bilen.

**12. Sözlemde sözleriň tertibi haýsy normalanyşa degişli?**

a) grammatik norma;
b) orfografik norma;
ç) orfoepik norma;
d) leksika-semantik norma;
e) frazeologik norma.



**13. Haýsy sözlemde işi kimiň ýerine ýetirendigi nygtalýar?**

a) Maral bu sowgady maňa getirdi.
b) Maral maňa bu sowgady getirdi.
ç) Bu sowgady Maral maňa getirdi.
d) Bu sowgady maňa Maral getirdi.
e) Sözlemlerde beýle nygtaýyş ýok.

**14. Haýsy sözlemde leksika-semantik taýdan näsazlyk bar?**

a) Çagalaryň sagmy?
b) Dogmalaryň sagmy?
ç) Oglanlaryň sagmy?
d) Ogul-gyzyň sagmy?
e) Bala-çagalaryň sagmy?

**15. Sözleýşiň stilleriniň sanawynda haýsy artykmaç?**

a) gepleşik we kitap stilleri;
b) çeper;
ç) resmi-iş;
d) ylmy we jemgyýetçilik-publisistik stilleri;
e) pikir ýöretme.

**16. Dyngy belgiler bilen bagly aşakdaky pikir ýöretmeleriň haýsysy nädogry?**

a) Dyngy belgiler diňe ýazuwda peýdalanylýar.
b) Dyngy belgiler diňe sözleýişde peýdalanylýar.
ç) Sözleýişde dyngy belgileriň hyzmatyny äheň (intonasiýa), säginme (pauza) ýerine ýetirýär.
d) Eger-de sözlemde dyngy belgileri ulanylmasa, onda nähili many aňladýandygyna düşünmek kyn bolar.
e) Dyngy belgiler sözlemiň pikir aňladyş we sintaktik gurluşy esasynda goýulýar.

17. *Bir ekene bar, bir dikene.* **Bu goşma sözlemiň ikinji sözlemi:**

a) eýesiz sözlem;
b) eýeli sözlem;
c) doly sözlem;
d) eýesi näbelli sözlem;
e) doly däl sözlem.

18. *Amanyň abasy bazardan öjek alor.* **Bu sözlem gepleşigiň haýsy görnüşinde ýazylypdyr?**

a) edebi;
b) şiwe;
ç) umumyhalk gepleşigi;
d) kesp-kär bilen bagly gepleşik;
e) beýle gepleşik ýok.

19. *Dogry, Ýefimyf hä:zir onuň ýa:nynna ýo:kdy. Şol zera:rly ol muny aýtma:n hem bilerdi* (B. Seýtäkow). **Bu bölek sözleýşiň haýsy normasy esasynda ýazylypdyr?**

a) dürs sözleýiş;
b) dürs ýazylyş;
ç) şiwe sözleýiş;
d) gadymy ýazylyş;
e) sözleýşiň hiç hili normasyna gabat gelmeýär.

20. **Garaşsyz Türkmenistanda latyn elipbiýine geçmek barada karar haçan kabul edildi?**

a) 07.11.1917 ý.;
b) 27.10.1924 ý.;
ç) 12.04.1993 ý.;
d) 27.10.1991 ý.;
e) 03.01.1927 ý.



21. *«Seresaply gepleseň, dildir daşyň galasy. Biseresap geplseň, dildir başyň belasy».* **Bu nakyldaky sözlemler:**

a) sebäp eýerjeňli goşma sözlemler;
b) şert bildirýän düzmeli goşma sözlemler;
ç) deňdeş habarly ýönekeý sözlemler;
d) deňdeş habarly goşma sözlemler;
e) şert eýerjeňli goşma sözlemler.

22. **Haýsy sözlem many taýdan dogry ýazylypdyr?**

a) Ýapyk gapydan onuň aladaly ýüzi göründi.
b) Söwdagäriň gözi bilen düýäni synlady.
ç) Depejigiň üstünde oturan torgaý enaýyja saýraýardy.
d) Pessaýlap uçup gelýän düýeguş otluk meýdana gondy.
e) Köp uklamak ýagşy endikdir, ol nurana ýüzüňi keselliniň ýüzüne meňzedýär.

23. **Şahyrana eserlerde sözlemiň grammatik normalarynyň saklanylmazlygynyň nähili ähmiýeti bar?**

a) goşgy setirleri gelşigine gelýär;
b) hiç hili ähmiýeti ýok;
ç) her ýagdaýda-da grammatik norma saklanylmaly;
d) eser ýeňil okalýar, labyzly bolýar;
e) şahyr okyjylary gyzykdyrmak isleýär.

24. **Edebi dil nämä esaslanylyp stillere bölünýär?**

a) sözleriň, sözlemleriň aýdylyşlaryna;
b) dil birlikleriniň ýazylyş aýratynlyklaryna;
ç) dil birlikleriniň sözlüklerinde berlişine;
d) dil birlikleriniň ulanylyş aýratynlyklaryna;
e) edebi diliň stillere bölünmegi aýratyn bir özboluşlyga esaslanmaýar.

25. **Diliň dürli täsirli serişdeleriniň köp ulanylmagy haýsy stile mahsus?**

a) çeper stile;
b) ylmy stile;
ç) geplesige;
d) resmi-iş stile;
e) jemgyýetçilik-publisistik stile.

## Türkmen dilinden I çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Dil biliminiň haýsy bölümi ses we harp bilen baglydyr?
2. Diliň sözlük sostawy (düzümi) we sözlük fondy (gory) baradaky bölüm.
3. Sözlemler, sözlemde sözleriň tertibi, sözleriň özara baglanyşygy, sözlemleriň gurluşy baradaky bölüm.
4. Söz, söz toparlary, sözleriň ýasalyşlary we üýtgeýişleri baradaky bölüm.
5. ***Düý..guş..ň ýum..rtgas..na göz..m..z düşdi.*** Bu sözlemi dürs ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň.
6. ***Pazyl, petiş, pagta, pasyl*** – bularyň haýsysy alynma söz däl?
7. ***Morfologiýa, mozaika, leksiýa, omonim*** – bu adalgalaryň haýsysy dil bilimine degişli däl?
8. ***Seň kakaň Aşgabada gidýämi?*** Bu sözlem haýsy stile degişli?
9. Türkmen diliniň leksikasynda haýsy harplar (sesler) bilen başlanýan sözleriň hemmesi hem alynma sözlere degişli?
10. ***Tegelek garpyz, geçiniň ýüňi.*** Söz düzümleriniň many näsazlygyny düzedip ýazyň.



## Sözlemiň derňewi

***Göroglynyň gözünde ýaş gören Köse:***
***– Aý, Görogly, bu nä boluş, bu nä tutum? – diýýär.***

(«Görogly» eposyndan)

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Bu sözlem edebi diliň haýsy stiline degişli?
2. Gurluşy taýdan nähili sözlem?
3. Sözlem agzasy hasaplanmaýan sözler we olaryň topary.
4. Ýeňiş doldurgyjy bolup gelen sözi tapyň.
5. Çekimlileriň dodak sazlaşygyna eýerýän sözler.
6. ***Gören*** – haýsy aýyrgyç?
7. Çekimsizleriň meňzeşleşme (assimilýasiýa) hadysasy ýüze çykýan sözi anyklaň.
8. Gepleşigiň başynda we ahyrynda goýlan bellikler dyngy belgimi ýa dürs ýazuw belgisi?
9. Sözlemde näçe ýerde säginme (pauza) bar?
10. Sintaktik çeşme arkaly ýasalan sözi tapyň.

## II çärýek

1. **Çekimli sesleriň uzyn aýdylmagy:**

a) aýratyn bellik ýa-da harp bilen bellenilmeýär;
b) çekimli goşalandyrylyp, **aa, ee** şekilde ýazylýar;
ç) uzyn aýdylýan çekimli **a:, e:** şekilde ýazylýar;
d) uzyn aýdylýan çekimli **a-,e-** şekilde ýazylýar;
e) uzyn aýdylýan çekimlä aýratyn bellik edilýär.

2. **Haýsy dogry ýazylypdyr?**

a) süüji, güüçli, gyyz, gyygyr;
b) süji, güçli, gyýz, gyýgyr;
ç) sü: ji, gü:çli, gy:z, gy:gyr;

d) süýjü, güýçlü, gyýyz, gyýgyýr;
e) süýji, güýçli, gyz, gygyr.

3. **Haýsy sözlemde *gygyr* sözüniň birinji, ikinji bogunlardaky çekimlileriniň ikisi hem uzyn aýdylýar?**
a) Ol Amana gygyrýar.
b) Ýol boýy gygyryp barýar.
c) Ol bize gygyr.
d) Ol bize gygyrar.
e) Sen Amana gygyr.

4. ***Göz, aç, bäş, köp, bar, tut, ýer, pil, ýaş.* Şu sözleriň näçesi çekimli sesiniň uzyn ýa gysga aýdylmagy bilen dürli many berýär?**
a) hemmesi;
b) hiç haýsy;
ç) üçüsi;
d) dördüsi;
e) bäşisi.

5. **Türkmen dilindäki sada sözleriň ähli bognunda haýsy çekimli sesler ýazylyp bilner?**
a) dodaklanmaýan çekimliler;
b) inçe çekimliler;
ç) dar çekimliler;
d) giň çekimliler;
e) hemmesi hem.

6. **Singarmonizm, assimilýasiýa (sesleriň sazlaşygy) hadysalary aşakdakylaryň haýsysyna has mahsus?**
a) dürs ýazuwa;
b) dürs sözleýşe;
ç) ikisine-de deň derejede mahsus;
d) ýazuw ýa-da sözleýiş üçin olar ähmiýetsiz;
e) dilde beýle sazlaşyk ýok.



7. ***Çopan goluny golda otlap ýören goýunlara uzatdy.*** **Aşagy çyzylan sözler:**
a) omonimler (ýazylyşy, aýdylyşy meňzeş, dürli manyly);
b) omofonlar (ýazylyşy dürli, aýdylyşy meňzeş);
ç) antonimler (garşylykly manyly);
d) sinonimler (manydaş);
e) omograflar (ýazylyşy meňzeş, aýdylyşy dürli).

8. **Bellenilen sözleriň çekimlisi haýsy setirlerde uzyn aýdylýar?**
*Bäriňe bir nazar sal, 1.*
*Ötüp barýar ahyr sal. 2.*
*Söýgimi kabul et, al, 3.*
*Ara düşmesin-ä al. 4.* (*A. Rahmanow*).
a) 1 we 3;
b) diňe 2;
ç) diňe 3;
d) 2 we 4;
e) hemmesi hem uzyn.

9. **Assimilýasiýa – bu:**
a) çekimlileriň sazlaşygy;
b) sesleriň meňzeşleşmegi;
ç) çekimli we çekimsiz sesleriň özara sazlaşygy;
d) goşulmalaryň goşulyş tertibi;
e) bogun sazlaşygy.

10. **Singarmonizm – bu:**
a) çekimlileriň sazlaşygy;
b) çekimsizleriň sazlaşygy;
ç) çekimli we çekimsizleriň özara sazlaşygy;
d) goşulmalaryň goşulyş tertibi;
e) goşgy setirlerinde sözleriň sazlaşygy.

**11. Giň dodak çekimlileriň birinji bogundan soňky bogunlarda ýazylmagynyň şertleriniň haýsysy nädogry?**

a) alynma sözler bolsa;
b) goşma sözler bolsa;
c) türkmen dilindäki sada sözler bolsa;
d) familiýa ýasaýjy goşulmalar goşulsa;
e) bir görnüşli goşulmalar goşulsa.

**12. *Dügme, oglan, patlap, goşawuç, oglak, sim, nika, dügün, keçjal.* Dogry ýazylan sözleriň sany:**

a) 8; b) 7; ç) 6; d) 5; e) 4.

**13. Çekimsizleriň meňzeşleşmegi (*geldi-gelli, ýazdy-ýazzy*) sözleýşiň haýsy kadasyna degişli?**

a) orfografik (dürs ýazuw);
b) orfoepik (dürs sözleýiş);
ç) dürs ýazuwa hem dürs sözleýşe;
d) hiç haýsyna laýyk gelmeýär;
e) grammatik kada degişli.

**14. Baş harp haýsy jogapda dogry ulanylmandyr?**

a) Nusga: Ot-otuň, kök-köküň...
b) Meselem: Sim-sym, eziz-azyz...
ç) Bu ýaryşa Türkmenistandan gelen sportsmenler hem gatnaşdy.
d) Ýatlama: Giň dodak çekimlileri türkmen dilindäki sada sözleriň diňe birinji bognunda ýazylýar.
e) Aý içiniň Arslany,
Gün içiniň Göwheri... (*Hüwdüden*).

**15. Sözleýişde iki hili aýdylýan sözleriň haýsylary dogry ýazylypdyr?**

a) minmek, hinji, mykdar;
b) teprek, kep, pyçgy;
ç) düwün, sim, janawar;
d) yglamak, ýaňlyş, ajyz;
e) darymak, ýörimek.

**16. Äheň, säginme ýazuwda nähili aňladylýar?**

a) baş harplar arkaly;
b) çalyşmalar arkaly;
ç) ownuk bölekler arkaly;
d) baglaýjy kömekçiler arkaly;
e) dyngy belgiler arkaly.

**17. *Öwgüli, mawumtyl, otluçöpi, oduny.***
**Bu sözlerde nähili grammatik hadysa ýüze çykýar?**

a) dar çekimlileriň düşmegi;
b) çekimsizleriň meňzeşleşmegi;
ç) dymyk çekimsizleriň açyklaşmagy;
d) soňky bogundaky dar çekimliniň dodaklanmagy;
e) hiç hili özgerme ýok.

**18. Dogry ýazylan söz:**

a) öýmüz;
b) öýümüz;
ç) öýmiz;
d) öýümiz;
e) öýimiz.

**19. Kekenäniň başgaça atlandyrylyşy haýsy jogapda dogry ýazylypdyr?**

a) okaraňy getir süýt bereýin;
b) okaraňy getir, süýt bereýin;
ç) okaraňňetirsüýtbereýin;
d) okaraňgetirsüýtbereýin;
e) okaraňygetirsüýtbereýin.

**20. *Annaoraz, boýnyýogyn, altatar, birküç, Rejebaly.* *Näçe söz dogry ýazylypdyr?***

a) 5; b) 4; ç) 3; d) 2; e) 1.

21. ***Aman, Asgabat, Baýramaly, Maryly, Türkler, Köpetdag.*** **Bas harp bilen baglanysykly berlen sözleriň näcesi dogry ýazylypdyr?**

a) iki söz;
b) üc söz;
c) dört söz;
d) bäs söz;
e) alty söz.

22. **Haýsy jogapda dar cekimliler dogry hem doly ýazylypdyr?**

a) a, y, i, ö;
b) a, o, u, y;
c) u, y, i, ü;
d) e, i, ü, ö, ä;
e) o, ö, u, ü.

23. **Pikir ýöretmeleriň haýsysy dogry?**

a) Giň dodak cekimlileri sada sözleriň birinji we ikinji bogunlarynda ýazylýarlar.
b) Türkmen diliniň sada sözlerinde ince we ýogyn cekimliler garysyp gelip bilerler.
c) Dar dodak cekimlileri sada sözleriň esidilen ýerlerinde ýazylýarlar.
d) Gosma sözlerde ince we ýogyn cekimliler garysyp gelip bilmezler.
e) Sözleriň birinji bognunda uzyn aýdylýan ü cekimlisinden soň ý cekimsizi ýazylýar.

24. ***Cyg, cig, sym, sim, pelle, pelte.*** **Näce söz dogry ýazylypdyr?**

a) alty söz;
b) bäs söz;
c) dört söz;
d) üc söz;
e) bir söz.

25. **Haýsy söz dogry ýazylypdyr?**

a) togalak;
b) ýügürmek;
c) dügürtik;
d) tuzur;
e) dowrucyl.

## Türkmen dilinden II cärýek ücin soraglar we ýumuslar:

1. ***Arap dili boldy diller güýesi.*** Bu jümläni kim aýdypdyr?
2. ***«Täze küýzäniň suwy sowuk».*** Sözlemiň eýesini tapyň.
3. Kimdir biriniň aýdanlary ýazuwda üýtgewsiz peýdalanylan bolsa, oňa näme diýilýär?
4. ***Toýunsow, cägesew*** – haýsy söz dogry ýazylypdyr?
5. ***Hünärli ýigit har bolar,***
***Ada-abraýa zar bolar.*** Many näsazlygyny düzediň.
6. ***Giriftar*** (ducar bolma, satasma) sözüniň alynma sözdügini bildirýän alamat.
7. Sözleriň gelip cykysyny öwrenýän ylym.
8. Haýsy sözler dogry ýazylypdyr? ***Össürim, ösdürim, heýwan, haýwan, münmek, minmek.***
9. ***Ýü...ürj..m, ýü..r..k atym, ýü..r..p geler ýanyma...*** Ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň.
10. Degisli gosulmalar gosulanda, dar cekimlisi düsýän sözleri saýlap ýazyň: ***Geýim, geýin, ýogyn, ýasaýys, kyrkgaryn, erik.***

## Sözlemiň derňewi

***Ýaşuly siz Magtymgulyny gaýta-gaýta okaň diýip agtyklaryna sargaýardy.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Sözlemi ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň.
2. ***Magtymgulyny*** – haýsy manyda gelen söz?
3. Gurluşy taýyndan nähili sözlem?
4. Sözlemdäki başganyň sözüniň eýesi.
5. Sözlemiň habarlaryny ýüze çykaryň.
6. Doldurgyç bolup gelen sözleri tapyň we haýsy doldurgyçdygyny anyklaň.
7. **Sargaýardy** – nähili işlik?
8. **Ýaşuly** sözüni fonetik taýdan derňäň.
9. Sözlemiň sintaktik derňewini geçiriň.
10. Goşma sözleri tapyň.

## III çärýek

**1. Dar çekimlileriň düşmek düzgüni baradaky şertleriň haýsysy dogry?**

a) dar çekimlisi düşýän sözleriň soňy ***ç, k, p, t*** çekimsizlerine gutarmaly;
b) çekimlileri uzyn aýdylmaly;
ç) iki bogny hem ýapyk bolmaly;
d) düşüp galýan dar çekimliniň öňünden ***z, d***-den başga açyk çekimsiz gelmeli;
e) söze çekimsiz ses bilen başlanýan goşulma goşulmaly.

**2. Şu sözleriň näçesi dar çekimlileriň düşmek kadasyna laýyk gelýär? *Ýylgyn, howuz, keýik, goýun, çebiş, kömür, atyz, göwün, uzyn, çagyl.***

a) 10-sy; b) 8-i; ç) 6-sy; d) 4-üsi; e) 2-si.



**3. Haýsy jogapda dar çekimlileriň düşmek kadasyna laýyk gelmeýän sözler ýazylypdyr?**

a) bogun, sygyr, gülüş;
b) deňiz, ýagyş;
ç) seýis, köwüş, oýun;
d) ekiş, agyl, çigit;
e) uruş, towuş, görüň.

**4. *Ömür, Orun* ýaly adam atlaryna haýsy goşulmalar goşulsa, dar çekimlisi düşürilmeýär?**

a) eýelik we ýeňiş düşümleriniň goşulmalary;
b) ýöňkeme goşulmalary;
ç) ýöneliş düşümiň goşulmalary;
d) çekimli bilen başlanýan söz goşulyp, goşma ada öwrülse;
e) familiýa ýasaýjy (-ow, -owa) goşulmalary goşulsa.

**5. Kadadan çykma görnüşde dar çekimlileri düşürilýän sözler:**

a) atyz, tekiz, semiz, käriz;
b) asyl, pasyl, nesil, ylym;
ç) gadyr, gyzyl, pasyl, ezil;
d) gawun, agyl, namys, bölün;
e) gurşun, tamdyr, ýalňyş, kendir.

**6. Nähili ýagdaýda sözüň soňundaky çekimsiz ses düşürilip ýazylýar?**

a) beýle ýagdaý bolup bilmez;
b) **k, p, t, ç** çekimsizlerine gutaran sözlere çekimli ses bilen başlanýan goşulma goşulsa;
ç) **k** sesine gutarýan köp bogunly sözleriň soňuna **-jak, -jek, -jyk, -jik** goşulmalary goşulsa;
d) soňy **t** sesine gutaran, çekimlisi uzyn aýdylýan sözlere ýöňkeme goşulmalary goşulsa;

e) «Sadyk, Kömek» ýaly adam atlaryna -ow, owa goşulmalary goşulsa.

**7. Dar çekimlileriň düşmek kadasyna eýermedik sözler:**

a) möhür, monjujak;
b) baggoýny, kyrkbogny;
ç) nätansy, betnebsi;
d) bärde, ýokarsy, ilerki;
e) durlamak guzlamak, süýjemek.

**8. Sözleriň inçelik-ýogynlygyna boýun egmän, sol dursuna goşulýan goşulmalar:**

a) -ja, -je, -wuk, -wük;
b) -gyç, -giç, -guç,- güç;
ç) -uw, -üw, -ak, -ek;
d) -ça, -çe, -jaň, -jeň;
e) -ow, -owa,- ýew, -ýewa.

**9. Bir görnüşli goşulmalar:**

a) diňe inçe çekimlili sözlere goşulýarlar;
b) diňe ýogyn çekimlili sözlere goşulýarlar;
ç) çekimlileriň inçelik-ýogynlygyna boýun egmeýärler;
d) dodak çekimlili bir bogunly sözlere goşulýarlar;
e) diňe dodak çekimlili iki bogunly sözlere goşulýarlar.

**10. Haýsy sözlerde bir görnüşli hasaplanýan goşulmalar bar?**

a) suwçy, gökje, ukuçyl;
b) parahor, zähmetkeş, algydar;
ç) ýazuw, ürkek, gaharjaň;
d) gyzgyn, ildeş, Annaly;
e) ýagyş, satyjy, algy.

**11. Haýsy topardaky adam atlaryna familiýa ýasaýjy *-ow*, *-owa* goşulmalary goşulanda, şol atlaryň soňlaryndaky dymyk çekimsizler açyga öwrülmeýär?**



a) Rejep, Sylap, Halap;
b) Meret, Myrat, Medet;
ç) Gylyç, Begenç, Guwanç;
d) Kömek, Sazak, Atak;
e) berlen atlaryň hemmesinde hem dymyk çekimsizler açyga öwrülýär.

**12. Kadadan çykma hökmünde soňlaryndaky dymyk *ç, k, p, t* çekimsizleri açyga öwrülmeýän sözler haýsylar?**

a) ganat, tanap, kenep, tarap, zähmet;
b) aýt, gaýt, git, sanç, gant;
ç) agaç, keýik, işlet, kitap;
d) ajyk, bejert, howluk, başlat;
e) gök, giç, dat, zat.

**13. *Çet, borç, edebiýat, gurp, kök, çigit, ilat.* Degişli goşulma goşulanda, bu sözleriň näçesinde dymyk çekimsizler açyga öwrülmeýärler?**

a) alty sözde;
b) bir sözde;
ç) sekiz sözde;
d) iki sözde;
e) dört sözde.

**14. Haýsy jogapda emele geliş orny boýunça dişara çekimsiz sesler ýazylypdyr?**

a) ç, j; b) s, z; ç) b, m; d) f, w; e) ý.

**15. Dürs sözleýişde assimilýasiýa hadysasy bolup geçýän sözler:**

a) bagt, nagt, mülk;
b) harp, sürt, möwç;
ç) toprak, ýaprak, gudrat;
d) ýandak, pökgi, goldaw;
e) ümsüm, artyk, köpleňç.

22. Sargyt № 1641

16. **Haýsy söz dogry ýazylypdyr?**

a) gylysly;
b) sakkal;
ç) hassa;
d) lember;
e) düzzük.

17. **Dogry ýazylan goşma sözler:**

a) Durdumyrat, Babaarap, Mämmedemin;
b) altyatar, toklytaý, Dürligözel;
ç) Annesen, Annaman, Annöwez;
d) Köpet dag, Gum dag, Syr derýa;
e) Anna esen, Anna aman, Anna öwez.

18. ***TDU, DIM*** **ýaly gysgaldylan goşma sözlere goşulmalar nämä esaslanylyp goşulýar?**

a) düzümindäki soňky çekimsiziň aýdylysyna;
b) düzümindäki çekimli sese;
ç) düzümindäki çekimliniň, çekimsiziň sanyna görä (haýsysy köp bolsa);
d) düzümindäki ilkinji sesiň aýdylysyna;
e) beýle sözlere goşulma goşulmaýarlar.

19. **Düşüm, san, ýöňkeme goşulmalarynyň hemmesi bir söze goşulmaly bolanda, haýsy tertipde goşulýarlar?**

a) san, düşüm, ýöňkeme;
b) ýöňkeme, san, düşüm;
ç) düşüm, san, ýöňkeme;
d) düşüm, ýöňkeme, san;
e) san, ýöňkeme, düşüm.

20. **Aşakdaky sözleriň haýsysynda ownuk bölek bar?**

a) sazandada;
b) al-asmanda;
ç) dutar-gyjakly;



d) gerek-dä;
e) okasa.

21. ***-da*** **ownuk bölegi haýsy sözlemde ugurdaşlygy bildirýän baglaýjynyň hyzmatynda gelipdir?**

a) Onda sen bu kitaby okajak-da?
b) Bu ýaryşda-da biz ýeňiş gazanarys.
ç) Alan zadyňy ýerinde goý-da!
d) Gaýrada-da henizem seň gözleriň...
e) Saňa güýç berýän şol umyt-da?!

22. **Sypatlaryň kemlik derejesiniň goşulmalary:**

a) -ja, -je, -jyk, -jik, -jak, -jek;
b) -ymtyk, -imtik, -ymtyl, -imtil;
ç) -da, -de;
d) -my, -mi, -ka, -kä;
e) -ça, -çe.

23. ***Ýeňdi, gutladyk.*** **Bu sözlem:**

a) ýygnak ýönekeý sözlem;
b) deňdeş habarly ýönekeý sözlem;
ç) düzmeli goşma sözlem;
d) ýaýraň ýönekeý sözlem;
e) eýesiz sözlem.

24. **Haýsy sözlemde habarlyk goşulmasyny kabul eden söz (kem işlik) bar?**

a) Geldi bu gün ajap durmuş.
b) Haýran galyp, garap durmuş.
ç) Taýyn boldumyka biş-düş?
d) Ine, iýseň sary kişmiş.
e) Ýokmy, hernä, kerep-düşdüş?

25. **Haýsy sözlemde çykyş düşüminde gelen söz bar?**

a) Il agzybir – ýurt abadan!

b) Sen hem geldiňmi, Abadan?
c) Ol Abadan şäherinde ýaşaýar.
d) Onda owadan suratly kitaplar bar.
e) Sen Abadan hat aldyňmy?

### Türkmen dilinden III çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Düşümleriň näçesi eýe bolup bilmeýär?
2. *Oduň sytyrdysy uzakdan eşidilýärdi* – sözlemiň eýesi.
3. Sözleri ýazuw kadasyna laýyklap ýazyň:
   ***Aýg..l..ň, su(?)r..tcy, sü(?)tleňň..c, ýüz..gara.***
4. Galdyrylan harplary we dyngy belgileri goýup, ýazuw kadasyna laýyklap göçüriň: ***Ýaş..l..nyň dod..klar(?)ny müňk..l(l, d)edip guý..nyň suw..ndan guý(?)n..ň diýen sözl..ri ysgynsyz es(?)dil(d, l)i.***
5. ***Ýörite*** sözüniň orfografik derňewi.
6. ***Bu*** görkezme çalyşmasy eýelik düşümde haýsy görnüşe geçer?
7. ***Oguzlar*** sözüniň fonetik derňewi.
8. Haýsysy dogry? ***Sim, nika – sym, nyka.***
9. ***Saglyk ýoly*** söz düzüminiň leksiki derňewi.
10. ***Ol jan çekse-de, mesele çözülmedi.*** Manysy we gurluşy taýdan nähili sözlem?

### Sözlemiň derňewi

***Türkmen diline degişli ylmy-usuly garaýyşlary ýaýratmakda «Türkmen dili» gazetiniň uly ähmiýeti bardyr.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. Gurluşy taýdan nähili sözler bar?
2. Eýelik düşümde gelen sözler.



3. Otnositel sypatlary ýazyň.
4. Atlaşan işlikleri tapyň.
5. Sözlemiň eýesiniň we habarynyň gurluş taýdan görnüşi.
6. Olluk ýöňkemesiniň goşulmasy goşulan sözler.
7. Sözlem edebi diliň haýsy stiline degişli?
8. Dymyk çekimsizleriň açyga öwrülmedik sözleri.
9. Dar çekimlisi düşen söz we onuň düşmeginiň sebäbi.
10. Dürs sözleniş kadasyna laýyklykda çekimsiz sesi düşürilip aýdylýan söz.

## IV çärýek

(Barlagnamanyň soraglarynyň ählisi şu aşakdaky sözlem boýunçadyr.)

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **Çalaja** | **öwsen** | **şemala** | **seslenen** | **derek** | **ýapraklary,** | **oglanyň** |

| 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |
|---|---|---|---|---|---|
| **göwnüne** | **bolmasa,** | **hüwdülenýän** | **ýaly** | **duýgy** | **döretdi.** |

Has doly jogaby belgiläň!

### I. Morfologiýa bölümi:

1. №1: a) hal, söýgülik derejesi;
   b) sypat, söýgülik derejesi;
   c) sypat;
   d) hal;
   e) at, söýgülik aňladýar.

2. №2: a) hal;
   b) işlik;
   c) häzirki zaman ortak işligi;
   d) öten zaman ortak işliginiň barlygy;
   e) atlaşan işlik.

3. № 3: a) hal;
b) sypat;
ç) ýöneliş düşüminde gelen jyns at;
d) jyns at;
e) ýasama söz.

4. №4: a) işlik;
b) sypat;
ç) işligiň ýükletme derejesi;
d) täsirini geçirýän işlik;
e) jyns at+işlik ýasaýjy goşulma+ortak işlik.

5. №5: a) hil sypat;
b) otnositel sypat;
ç) has at;
d) sözsoňy;
e) goşma at.

6. № 6: a) sypatlaryň kemlik derejesi;
b) sypatlaryň deňeşdirme derejesi;
ç) sanda we ýöňkemede gelen jyns at;
d) hallaryň kemlik derejesi;
e) ýeňiş düşümindäki söz.

7. №7: a) eýelik düşüminde gelen jyns at;
b) senlik ýöňkemede gelen jyns at;
ç) goşma at;
d) çalyşma;
e) atlaşan ortak işlik.

8. №8: a) dar çekimlisi düşen;
b) ikinji bogny dodaklanýan;
ç) üçünji bogny dodaklanmaýan;
d) ýöňkeme goşulmasyndan soň düşüm goşulmasy gelen;
e) a-b-ç-d – dördüsi hem dogry.



9. №9: a) düýp işlik+ýokluk goşulmasy+şert şekiliniň goşulmasy;
b) asyl işligiň ýokluk galypy;
ç) goşma işlik;
d) işligiň şert şekili;
e) hal işlik.

10. №10: a) at;
b) hal;
ç) sypat;
d) ortak işlik;
e) kem işlik;

11. №11: a) ownuk bölek;
b) modal söz;
ç) baglaýjy;
d) sözsoňy;
e) olluk ýöňkemedäki at.

12. №12: a) hal;
b) sypat;
ç) sözsoňy;
d) ýeňiş düşüminiň gysgalan görnüşinde gelen jyns at;
e) asyl at.

13. №13: a) gutarnykly öten zaman işligi;
b) dowamly öten zaman işligi;
ç) işlik;
d) häzirki zaman işligi;
e) täsirini geçirmeýän işlik.

## II. Sintaksis bölümi

14. №1-2-3: a) işlik söz düzümi;
b) sada söz düzümi;

ç) durnukly söz düzümi;
d) söz düzümi däl;
e) çylşyrymly söz düzümi.

15. №1:
a) sypat aýyrgyjy;
b) hal-ýagdaý doldurgyjy;
ç) sypatlandyrma;
d) ses we şekil añladýan söz;
e) ýöneliş doldurgyjy;

16. №2:
a) işlik aýyrgyjy;
b) hal-ýagdaý doldurgyjy;
ç) ortak işlik;
d) meñzetme doldurgyjy;
e) sypat aýyrgyjy.

17. №3:
a) at aýyrgyjy;
b) sypat aýyrgyjy;
ç) hal-ýagdaý doldurgyjy;
d) ýeñiş doldurgyjy;
e) ýöneliş doldurgyjy.

18. №4:
a) işlik aýyrgyjy;
b) hal-ýagdaý doldurgyjy;
ç) sypat;
d) ýeñiş doldurgyjy;
e) sypat aýyrgyjy.

19. ***Baş agzalar (eýe, habar):***
a) 4-5, 13;
b) 6,13;
ç) 5-6, 12-13;
d) 5,13;
e) 5-6, 13.

20. ***Aýyrgyçlaryñ sany:*** a) 2; b) 3; ç) 4; d) 5; e) 6.



21. №10-11-12:
a) çylşyrymly söz düzümi;
b) sada söz düzümi;
ç) durnukly söz düzümi;
d) söz düzümi däl;
e) işlik söz düzümi.

22. №11:
a) garaşly söz;
b) esasy söz;
ç) garaşly sözüñ bir bölegi;
d) esasy sözüñ bir bölegi;
e) hiç haýsy hem däl.

23. ***Gurluşy taýdan:***
a) ýaýrañ ýönekeý sözlem;
b) ýygnak ýönekeý sözlem;
ç) sert eýerjenli goşma sözlem;
d) äheñ arkaly baglanyşan düzmeli goşma sözlem;
e) baglaýjy kömekçi arkaly baglanyşan goşma sözlem.

24. ***Aýdylyşy we pikir añladyşy taýdan:***
a) sorag sözlemi;
b) habar sözlemi
ç) sorag-ýüzlenme sözlemi;
d) ýüzlenme sözlemi;
e) doly sözlem.

25. №7-8-9:
a) eýerjeñ sözlem;
b) anyklap gelýän sözler;
ç) modal sözler;
d) giriş sözlemi;
e) giriş söz.

## Türkmen dilinden IV çärýek üçin soraglar we ýumuşlar:

1. Grammatikanyň bölümleri.
2. Leksikanyň bölümleri.
3. Orfografiýanyň öwrenýän ugry.
4. Ýerli gepleşikleri we siweleri öwrenýän ylym.
5. Dil biliminiň bölümleri.
6. Dürs gepleşigi öwrenýän ylym.
7. Eýesiz sözlemiň esasy grammatik hyzmaty.
8. Ýüz tutma sözler, esasan, nirede köp ulanylýar?
9. ***Mähri, kitabyňa seret*** sözleminiň eýesi.
10. ***Kitap okan gullar magnydan dokdur.*** Bu sözleri kim aýdypdyr?

## Sözlemiň derňewi

***Akyldarlar: «Söz bir meýdir, ol seriňi dumanladyp, başyňy agyrdyp hem biler, derdiňe derman-da bolar» diýipdirler.***

(1–10-njy soraglar esasynda derňelýär.)

1. ***-da*** ownuk bölegi näme üçin çyzyjak bilen ýazylypdyr?
2. Sözlemdäki ýasama sözler we olaryň ýasalyş täri.
3. Dar çekimliler näçe sözde duşýar?
4. ***Hem*** – haýsy söz toparyna degişli?
5. Sözlemi ülňüde görkeziň.
6. Sözlemde sinonimi bar bolan sözler we olaryň sinonimleri.
7. Bir görnüşli goşulmalaryň haýsysy bar?
8. Olluk ýöňkemesindäki sözler.
9. Uzyn aýdylýan çekimlisi bar bolan sözler.
10. Berlen sözlem sözleýşiň haýsy görnüşinde?



## X synp üçin türkmen dilinden barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | B | A | D | A |
| 2 | Ç | E | Ç | D |
| 3 | E | Ç | D | Ç |
| 4 | D | E | E | E |
| 5 | Ç | A | B | B |
| 6 | A | B | Ç | Ç |
| 7 | Ç | E | A | A |
| 8 | D | D | E | E |
| 9 | Ç | B | Ç | A |
| 10 | A | A | B | D |
| 11 | D | Ç | D | D |
| 12 | A | Ç | A | D |
| 13 | D | B | E | A |
| 14 | B | E | B | E |
| 15 | E | Ç | D | B |
| 16 | B | E | Ç | A |
| 17 | E | D | A | E |
| 18 | B | D | B | A |
| 19 | A | E | E | B |
| 20 | Ç | B | D | D |
| 21 | E | Ç | B | B |
| 22 | B | Ç | B | Ç |
| 23 | D | E | Ç | A |
| 24 | D | B | B | B |
| 25 | A | A | E | E |

## Türkmen dilinden X synp üçin soraglaryň, ýumuslaryň we derňewleriň jogaplary

### I çärýek

1. Fonetika.
2. Leksika.
3. Sintaksis.
4. Morfologiýa.
5. Düýeguşuň ýumurtgasyna gözümiz düşdi.
6. Pagta.
7. Mozaika.
8. Gepleşik.
9. *R* we f harplary bilen başlanýan sözler.
10. Togalak garpyz, geçiniň çöpüri.

### Sözlem derňewi

1. Çeper stiline.
2. Içinde gepleşik gelen goşma sözlem.
3. *Aý* – ümlük, *Görogly* – ýüz tutma söz.
4. Ýaş.
5. Gözünde, gören, Köse, boluş, tutum.
6. Işlik aýyrgyjy.
7. Gözünde – gözünnö.
8. Dyngy belgi.
9. Bäş ýerde.
10. Görogly.

### II çärýek

1. Şeýdaýy.
2. Suwy.



3. Sitata.
4. Toýunsow.
5. Hünärsiz ýigit har bolar...
6. Inçe we ýogyn çekimlileriň garyşyp gelmegi.
7. Etimologiýa.
8. Össürim, haýwan, münmek.
9. Ýüwürjim, ýüwrük atym, ýüwrüp geler ýanyma...
10. Geýin, ýaşaýyş, kyrkgaryn.

### Sözlemiň derňewi

1. Ýaşuly: «Siz Magtymgulyny gaýta-gaýta okaň» diýip, agtyklaryna sargaýardy.
2. Magtymguly Pyragynyň goşgularyny.
3. Içinde basganyň sözi gelen goşma sözlem.
4. Siz.
5. Okaň, sargaýardy.
6. Magtymgulyny – ýeňiş doldurgyjy, gaýta-gaýta – hal-ýagdaý doldurgyjy, agtyklaryna – ýöneliş doldurgyjy.
7. Dowamly öten zaman işligi.
8. Üç bogunly, bogunlary açyk. Basym üçünji bogunda.
   *ý* – çekimsiz, gapdal ysgalaňly, sonorly, alynky kentlewük.
   *a* – çekimli, ýogyn, giň, dodaklanmaýan, uzyn aýdylýar.
   *s* – çekimsiz, süýkeş, dymyk, dil ujy-diş düýbi.
   *u* – çekimli, ýogyn, dar, dodaklanýan, gysga aýdylýar.
   *l* – çekimsiz, gapdal ysgalaňly, sonorly, dil ujy-diş düýbi.
   *y* – çekimli, ýogyn, dar, dodaklanmaýan, gysga aýdylýar.
9. Içinde basganyň sözi gelen goşma sözlem; habar sözlemi; ***okaň, sargaýardy*** – sada habarlar; ***ýaşuly, siz*** – sada eýeler;

***Magtymgulyny*** – ýeňiş doldurgyjy, ***gaýta-gaýta*** – hal-ýagdaý doldurgyjy, ***agtyklaryna*** – ýöneliş doldurgyjy; ***Magtymgulyny okan, gaýta-gaýta okan, agtyklaryna sargaýardy*** – erkin, sada, işlik söz düzümleri.
10. Ýaşuly, Magtymguly.

## III çärýek

1. Bäşisi.
2. Şytyrdysy.
3. Aýgülüň, suratçy, süýtleňňiç, ýüzügara.
4. Ýaşulynyň dodaklaryny müňküldedip: «Guýynyň suwundan guýnuň» diýen sözleri ysgynsyz eşidildi.
5. 1-nji bogunda inçe çekimliniň bolany üçin, galan bogunlarynda hem inçe çekimliler ýazylýar. 2-nji bogundaky dar çekimliniň uzyn aýdylýanlygy sebäpli, ol dodaklandyrylman ýazylýar. 3-nji bogunda *ö* eşidilse-de, *e* ýazylýar.
6. Munuň.
7. Üç bogunly, 1-nji bogny açyk, galanlary ýapyk bogun, basym üçünji bogunda.
   *o* – ýogyn, dodaklanýan, giň çekimli, gysga aýdylýar;
   *g* – çekimsiz, süýkeş, açyk, yzky kentlewük;
   *u* – ýogyn, dodaklanýan, dar çekimli, gysga aýdylýar;
   *z* – çekimsiz, süýkeş, açyk, dişara;
   *l* – çekimsiz, gapdal ysgalaňly, sonorly, dil ujy-diş düýbi;
   *a* – ýogyn, dodaklanmaýan, giň çekimli, gysga aýdylýar;
   *r* – çekimsiz, titreýji, sonorly, dil ujy-diş düýbi.
8. Sim, nika.
9. Sözleriň manysy giňäp, täze mana eýe bolupdyr.
10. Garşylykly eýerjeňli goşma sözlem.



## Sözlem derňewi

1. Sada, tirkeş, düzme.
2. Türkmen, gazetiniň.
3. Türkmen, «Türkmen dili», ylmy-usuly.
4. Garaýyşlary, ýaýratmakda.
5. Sada eýe, sada habar.
6. Diline, dili, gazetiniň, ähmiýeti.
7. Jemgyýetçilik-publisistik stili.
8. Gazetiniň, ähmiýeti.
9. ***Ylym-ylmy.*** Soňy degişli çekimsize gutarmasa-da, kadadan çykarylyp düşürilýär.
10. ***Bardyr*** – ba:dyr.

## IV çärýek

1. Morfologiýa, sintaksis.
2. Leksikologiýa, etimologiýa, semasiologiýa, leksikografiýa.
3. Dürs ýazuw kadalary.
4. Dialektologiýa.
5. Fonetika, leksika, grammatika, dialektologiýa.
6. Orfoepiýa.
7. Hereket nygtalýar.
8. Gepleşikde.
9. ***Sen.***
10. Magtymguly Pyragy.

## Sözlem derňewi

1. Basymy özüne geçirmeýän söz bölegi bolany üçin.
2. ***Akyldarlar, dumanladyp*** – ikisi hem morfologik tär arkaly ýasalypdyr.

3. On sözde.
4. Sözsoňy kömekçi.
5. A: «B» a.
6. ***Akyldarlar – danalar, söz – gep, bir – ýeke, meý-dir – şerapdyr, seriňi – basyňy, kelläňi, agyrdyp – ynjydyp, derdiňe – keseliňe, derman – melhem, em, diýipdirler – aýdypdyrlar.***
7. ***Akyldarlar*** sözündäki – ***dar*** goşulmasy.
8. Beýle söz ýok.
9. ***Akylda:rlar, duma:nladyp, a:gyrdyp, derma:n.***
10. Pikir ýöretme.



# X SYNP ÜÇIN EDEBIÝATDAN BARLAGNAMALAR

## I çärýek

1. ***Däli göwnüm, melul bolma,***
***Şat edermen göwnüm seni;***
***Melul namardyň işidir,***
***Hoş edermen göwnüm seni*** **– diýip, sussupeslikden daş bolmagy nesihat eden şahyr:**

a) Mätäji;
b) Baýram şahyr;
c) Durdy Gylyç;
d) Döwletmämmet Balgyzyl;
e) Mollanepes.

2. **Agahan Durdyýewiň «Bally molla» hekaýasynyň gahrymany:**

a) Annagözel;
b) Gözel;
c) Altyn;
d) Aknabat;
e) Jaýtygül.

3. ***Özüm daşdan görýän, dillerim – topdur,***
***«Gözi ýok, garry» diýip, bökdemäň meni!*** **– diýmek bilen, halky Watan goragyna çagyran şahyr:**

a) Ata Salyh;
b) Körmolla;
c) Baýram şahyr;
d) Döwletmämmet Balgyzyl;
e) Durdy Gylyç.

23. Sargyt № 1641

4. **Gulam bagsy bilen ýarysynyň netijesini kesgitlemegi Şükür kime ynanýar?**

a) kösk begzadalaryna;
b) hanyň maslahatçysyna;
c) halk köpçüligine;
d) kaza, mollalara;
e) hanyň özüne.

5. **Welmyrat, Myrat, Akja işan, Kepjesakgal molla – bu gahrymanlar size haýsy ýazyjyny ýatladýar?**

a) Nurmyrat Saryhanowy;
b) Agahan Durdyýewi;
c) Ata Gowşudowy;
d) Hydyr Derýaýewi;
e) Berdi Kerbabaýewi.

6. ***Tebigat gam çekýär durmuşy bile*** **– diýip, uruş apatynyň diňe adamyň däl, tutuş tebigatyň üstüne inen melamatdygyny çeper beýan eden şahyr:**

a) Ruhy Alyýew;
b) Pomma Nurberdiýew;
ç) Şaly Kekilow;
d) Aman Kekilow;
e) Ata Nyýazow.

7. **XX asyryň 20-nji ýyllarynda türkmen edebiýatynyň taryhynda ilkinjiler hatarynda proza žanryna ýüzlenenler:**

a) Aman Kekilow, Şaly Kekilow, Hojanepes Çaryýew;
b) Berdi Kerbabaýew, Ýakup Nasyrly, Agahan Durdyýew;
ç) Ata Salyh, Durdy Gylyç;
d) Körmolla, Molladurdy;
e) Ata Nyýazow, Hoja Şükürow.



8. **Türkmen edebiýatynda ilkinji drama eserleri:**

a) «Tiryekkeş we tebip»; «Ganly jeňňel»;
b) «Kökenli ýüzük», «Ysk mülküniň şasy»;
ç) «Göterim»; «Pul»;
d) «Aýna»; «Juma»;
e) «Şemşat», «Garagum çöllerinde».

9. ***Basymy galdyryp, bir ýakymly el,***
***Zenzele içinde bir zat diýdi ol*** **– diýen setirler haýsy eserden?**

a) «Kareliýa jeňňelinde»;
b) «Kawkaz»;
ç) «Watan üçin»;
d) «Ermeni gyzy»;
e) «Sanitarka».

10. **1920-nji ýyllaryň türkmen edebiýatynyň baş temasy:**

a) Watan goragyna aýaga galmak;
b) ysk-söýgi;
ç) täze durmuşa çagyryş;
d) öwüt-nesihat;
e) türkmeniň geçmişiniň beýany.

11. ***... Men munuň sesinden öz ata-enelerimi, önüp-ösen ýerlerimi we ilimi görýärin. Şeýle bolansoň, men neneň aglamaýyn...?*** **Bu zenan masgalany aglamaga mejbur eden zat näme?**

a) bilbiliň zaryn owazy;
b) asmandan toýnuk gurap barýan durnalaryň owazy;
ç) Gulam bagşynyň ýeňlip, ahmyrly seslenmegi;
d) Şükür bagşynyň ýaryşda çalan ilkinji sazy;
e) Şükür bagşynyň ýaryşda çalan soňky sazy.

12. **Berdi Kerbabaýew, «Aýgytly ädim»:**
***Onuň uzak gitmäge taby galman:***

*– Aýralyk oduny tutaşdyran baý, öýüňe gan caýkan-syn-uw!.. Jan guzym, gitdiň-le! – diýip, cöpüň icinde ýykylyp galdy.*
**Kimiň balasy we nirä gitdi?**

a) Mamanyň gyzy Aýna, Bally alyp gacdy;
b) Bibijemalyň ogly Asyr, pälecilige gitdi;
c) Mawynyň gyzy, Halnazar baý alyp gitdi;
d) Nurjahanyň ogly Artyk, tussag edildi;
e) Aýnanyň oguljygy, Bally ogurlaýar.

**13. Berdi Kerbabaýewiň syýasy taýdan gaýtadan işlemäge mejbur bolan gahrymany (obrazy):**

a) Halnazar baý;
b) Bally;
c) Gully han;
d) Eziz han;
e) Gandym aga.

**14. Artygyň ýalňyş ýola düşmeginiň esasy sebäbi:**

a) Eziz hanyň kömegi bilen Halnazardan ar alaryn öýtdi;
b) Asyr bilen sözi azaşýar;
c) Eziz hanyň hajyk-hujugyna aldanýar;
d) Iwan Çernyşowyň diline, sözüne düşünmeýär;
e) Gully hanyň haýynlygyna, ikiýüzlüligine çydam etmeýär.

**15. 1937- nji ýylda «Ganly penjeden» ady bilen neşir edilen, 20 ýyldan soň täzeden işlenilip, başga at bilen okyjylara ýaýran kimiň haýsy eseri?**

a) Hydyr Derýaýew, «Ykbal»;
b) Berdi Kerbabaýew, «Aýgytly ädim»;
c) Berdi Kerbabaýew, «Aýsoltan»;
d) Nurmyrat Saryhanow, «Ýagtylyga cykanlar»;
e) Beki Seýtäkow, «Doganlar».



**16. *Warryk. ... Indi Nedir şany jübiňe salaý* (*«Keýmir kör» pýesasy*). Bu Warrygyň näme diýdigi bolýar?**

a) Nedir sany ýeňdik;
b) Küştde seni utdum;
c) Nedir şany ýesir aldyk;
d) Nedir sanyň permanyny ýygna;
e) Nedir şa öldürildi.

**17. Gahrymanyň dili:**

a) diňe ýazyjynyň diline esaslanýar;
b) eseri okajak adamlaryň diline esaslanýar;
ç) eseriň göwrümine esaslanýar;
d) eseriň proza ýa-da poeziýa degişlidigine esaslanýar;
e) her bir gahrymanyň häsiýetine, edim-gylymyna, adamcylyk aýratynlygyna esaslanýar.

**18. «Kareliýa jeňňelinde» eserinde janlandyrma nähili berilýär?**

a) guşlaryň, haýwanlaryň üsti bilen;
b) howanyň üsti bilen;
ç) ursuň üsti bilen;
d) tebigatyň üsti bilen;
e) adamlaryň üsti bilen.

**19. «Şükür bagşy» kinofilminiň sazyny ýazan:**

a) Nury Halmämmedow;
b) Weli Muhadow;
ç) Asyr Kulyýew;
d) Şükür bagşynyň özi;
e) Daňatar Öwezow.

**20. Öre şyhyň dessanlaryny, Durdy Gylyjyň goşgularyny özlerinden diňläp, döredijilik ýoluna düşen ýazyjy:**

a) Beki Seýtäkow;
b) Aman Kekilow;

c) Pomma Nurberdi;
d) Hydyr Derýaýew;
e) Berdi Kerbabaýew.

21. ***Ençe agyr günleri geçirdiň başdan, Watan*** **ýa-da** ***Alyp kitap eline, Okap otyr Çaryjyk*** **goşgy setirleri:**
a) Ata Salyhyňky;
b) Ata Köpekmergeniňki;
c) Amandurdy Alamyşowyňky;
d) Pomma Nurberdiniňki;
e) Aman Kekilowyňky.

22. **«Ädigimiň ýoly» eseriniň awtory:**
a) Nurmyrat Saryhanow;
b) Pomma Nurberdi;
c) Çary Aşyrow;
d) Kemal Işanow;
e) Hoja Şükürow.

23. **«Iň soňky gije» powestini ýazan:**
a) Hoja Şükürow;
b) Hojanepes Çaryýew;
ç) Ata Nyýazow;
d) Kemal Işanow;
e) Çary Aşyrow.

24. **«Aýgytly ädim» romanynyň baş gahrymanlarynyň soňky ykbaly haýsy eserde beýan edilýär?**
a) «Nebitdag» romanynda;
b) «Gaýgysyz Atabaýew» romanynda;
c) «Suw damjasy – altyn dänesi» romanynda;
d) «Aýlar» poemasynda;
e) «Aýsoltan» powestinde.



25. **«Ykbal» romanynda baýlaryň, ruhanylaryň erbet häsiýetli adamlar edilip görkezilmeginiň sebäbi:**
a) hakykat şeýle bolupdyr;
b) ýazyjy hakykata doly düşünmändir;
c) ýazyjynyň özi solaryň jebir-sütemine sezewar bolupdyr;
d) ýazyjynyň islegi şeýledi;
e) döwrüň talaby şeýledi.

## Edebiýatdan I çärýek üçin soraglar:

1. Keýmir kör: «Gulatynyň saýasynda bolandan, bürgüt penjesinde galan ýagşydyr» diýip, kimi göz öňünde tutýar?
2. Keýmir körüň: «Oturym ýerim Hatap galasyndadyr» diýmesi näme?
3. «Keýmir kör» dramasynyň awtorlary.
4. Çary Aşyrow, Pomma Nurberdi, Agahan Durdyýew, Hajy Ysmaýylow, Durdy Haldurdy – bularyň haýsysy Beýik Watançylyk urşuna gatnaşmandyr?
5. «Ýolbars we tilki», «Şagal bilen horaz» basnýalaryny ýazan şahyr.
6. «Buju gyjyz kijim?» ýaly žargon geplesigi peýdalanylan satiriki hekaýa.
7. «Batrak» poemasynyň awtory.
8. XX asyrda sorta sözleri, ýomak-degişmeleri bilen türkmen okyjylaryna özüni tanadan keseýaply şahyr.
9. «Iberiň ursa», «Gurban Durdy», «Ataýew» goşgularyny ýazan şahyr.
10. ***Adym «Nina» diýdi, «Özüm ermeni»,***
***Şol gyz halas etdi ölümden meni.***
Bu setirler haýsy şahyryň galamyna degişli?

## II bölek

**1. Polkownik Forster, Katerina, Dohow, Işmet baý – bular kimiň haýsy eseriniň gahrymanlary?**

a) Ata Atajanow, «Teke gyzy Tatýana»;
b) Çary Aşyrow, «Ganly saka»;
ç) Beki Seýtäkow, «Doganlar»;
d) Gylyç Kulyýew, «Gara kerwen»;
e) Berdi Kerbabaýew, «Aýgytly ädim».

**2. Katerina näme üçin Dohowyň goş birikdirmek teklibini birbada ret edýär?**

a) hünärsizligi üçin;
b) Forsteri söýýänligi üçin;
ç) Maşatdan Aşgabada göçmegi kyn görýär;
d) Dohowyň bolşewikler hataryndalygy üçin;
e) Dohowyň aklaryň tarapyndadygy üçin.

**3. Kerim Gurbannepesowyň wysal bolmadyk ilkinji söýgi hakyndaky goşgusy:**

a) «Ýazmasy agyr düşen goşgy»;
b) «Altyň biri»;
ç) «Söýgi»;
d) «Ýadygärlik surat»;
e) «Ýaşlyk dramasy».

**4. Gurbandurdy Gurbansähedowyň «Toýly Mergen» romanynda adamlar hakdaky alada bilen ýaşan, işlän uly wezipeli gahryman:**

a) Galandar Hanow;
b) Muhammet Garlyýew;
ç) Garaja Agaýew;
d) Toýly Mergen;
e) Gaýly Gysyk.



**5. «Gökýaýla», «Lalyň ogly», «Gökýaýlanyň ýigitleri» bölümlerinden ybarat eseri kim ýazdy we ol eseriň ady näme?**

a) Beki Seýtäkow, «Doganlar»;
b) Çary Aşyrow, «Ganly saka»;
ç) Gurbandurdy Gurbansähedow, «Toýly Mergen»;
d) Berdinazar Hudaýnazarow, «Gumlular»;
e) Ata Gowşudow, «Köpetdagyň eteginde».

6. ***Bu mukam şol gije inip jahana,***
***Açyk penjireden dünýä ýaýrady.***
***«Höwesim» diýip at beripdi sazanda,***
***Ol şu günlen waspyn edýän lirady.***
**Mämmet Seýidowyň bu setirleri haýsy sazanda hakynda?**

a) Şükür bagşy;
b) Jepbar Hansähedow;
ç) Mylly Täçmyradow;
d) Şamyrat Gurbannepesow;
e) Garadäli Gökleň.

**7. Kerim Gurbannepesowyň «Ýazmasy agyr düşen goşgusy»:**

a) enäniň ogluny urşa ugradyşy hakda;
b) wysal bolmadyk söýgi hakda;
ç) enesini soňky ýoluna ugratmaga gelmedik näkes ogul hakda;
d) Watan goragynda ýalňyz ogly wepat bolan ene hakda;
e) Aşgabat ýer titremesinde heläk bolan galamdaşlary hakda.

8. ***Ol ýigidi gören kişi***
***Oňa hökman: «Lalmyş» diýýär*** (*Çary Aşyrow, «Ganly saka»*).
**Lal kim?**

a) Ejegyz – Nepesiň uýasy;

b) Ýalkap – ýerden ýeke çykan garyp ýigit;
ç) Dursun – Çaryýaryň aýaly;
d) Toýly – Çaryýaryň ogly;
e) Güljemal – Çaryýaryň gyzy.

**9. Ilki «Bahar–Hoşgeldi» ady bilen çap edilen eser:**

a) «Doganlar»;
b) «Söýgi»;
ç) «Ganly saka»;
d) «Köpetdagyň eteginde»;
e) «Mähri–Wepa».

**10. Jemgyýetiň ösüşinde tutuş bir taryhy döwri öz içine alýan we ony hemme taraplaýyn ýazyp görkezýän köp gahrymanly birnäçe tomdan ybarat uly göwrümli roman:**

a) ertekidir;
b) oçerkdir;
ç) epopeýadyr;
d) sonetler çemenidir;
e) porodiýadyr.

**11. Kerim Gurbannepesowyň goşgusy:**

a) «Türkmenistan lälezar»;
b) «Bibijan»;
ç) «Durnalar»;
d) «Gyzlaryň»;
e) «Altyň biri».

**12. Saparmyrat, Kasym, Akjagül, Ýefimow – bular kimiň haýsy eserinden?**

a) Gylyç Kulyýew, «Gara kerwen»;
b) Ata Gowşudow, «Köpetdagyň eteginde»;
ç) Ata Gowşudow, «Mähri–Wepa»;
d) Beki Seýtäkow, «Doganlar»;
e) Gurbandurdy Gurbansähedow, «Toýly Mergen».



**13. Bu eserleriň haýsysy Beýik Watançylyk urşy we tyl wakalary hakynda?**

a) «Doganlar»;
b) «Mähri–Wepa»;
ç) «Teke gyzy Tatýana»;
d) «Gara kerwen»;
e) «Toýly Mergen».

**14. «Garagum», «Gyzgyn sähra», «Gumlular» – bu eserler:**

a) Gara Seýitliýewiňki;
b) Mämmet Seýidowyňky;
ç) Gurbandurdy Gurbansähedowyňky;
d) Beki Seýtäkowyňky;
e) Berdinazar Hudaýnazarowyňky.

**15. Bu eserleriň haýsysy powest?**

a) «Gara kerwen»;
b) «Doganlar»;
ç) «Yzçynyň gözleri»;
d) «Toýly Mergen»;
e) «Durun mukamy».

**16. Öde Abdyllaýewiň: «... *kada-kanuny äsgermän, ... kakabaşlyk bilen ýolbaşçylyk etjek bolan tip hökmünde orta çykýar...*» sözi kimiň nähili eseriniň haýsy gahrymany hakynda?**

a) Ata Gowşudow, «Köpetdagyň eteginde», Pökgen;
b) Gurbandurdy Gurbansähedow, «Toýly Mergen», Toýly Mergen;
ç) Beki Seýtäkow, «Doganlar», Jüneýit han;
d) Çary Aşyrow, «Ganly saka», Gökýaýlanyň arçyny;
e) Gylyç Kulyýew, «Gara kerwen», Oraz serdar.

17. **Ata Gowsudowyň «Mähri–Wepa» romanyndaky «garaçomak»:**

a) Çassy Çaman;
b) Hosly molla;
c) Gurt gart;
d) Ýelli Zaman;
e) Wüşi kel.

18. **Daňatar Öwezowyň** ***Meniň dostuma, türkmen halkynyň ajaýyp ogluna, saz muşdaklarynyň iň söýgüli dostuna ölmek diýen zat bolmaz. Ol türkmen saz sungaty, türkmen halky ýaşasa, ýaşar*** **diýen sözleri kim hakynda?**

a) Beki Seýtäkow;
b) Ata Gowşudow;
c) Gara Seýitliýew;
d) Mämmet Seýidow;
e) Kerim Gurbannepesow.

19. ***Gyş ýeňsäni berip, ummaga gaçdy,***
***Gün ýagty şöhlesin äleme saçdy.***
**Bu setirler kimiň haýsy eserinden?**

a) Gara Seýitliýew, «Bahar aýdymy»;
b) Aman Kekilow, «Söýgi»;
c) Kerim Gurbannepesow, «Gözellik»;
d) Mämmet Seýidow, «Durun mukamy».
e) Ata Atajanow «Öz tanyşlaryň».

20. **Şahyr, ýazyjy we edebiýatçy alym:**

a) Berdi Kerbabaýew;
b) Beki Seýtäkow;
c) Mämmet Seýidow;
d) Berdinazar Hudaýnazarow;
e) Aman Kekilow.



21. **Kerim Gurbannepesowyň «Gumdan tapylan ýürek» poemasynyň gahrymany:**

a) Gülnäz;
b) Keýik;
c) Akjagül;
d) Uzuk;
e) Ogulnabat.

22. **Bu eserleriň haýsysy Ata Atajanowyň galamyna degişli däl?**

a) «Teke gyzy Tatýana»;
b) «Öz tanyşlaryň»;
c) «Akar suwuň aýdymy»;
d) «Çakmak»;
e) «Gusgy galasy».

23. **Teke gyzy Tatýananyň türkmenlerde tutulýan ady:**

a) Tyllagözel;
b) Artykbibi;
c) Artykgül;
d) Akgül;
e) Sarygül.

24. **Sazanda Şamyrat Gurbannepesowyň döreden sazy:**

a) «Gökdepe mukamy»;
b) «Goňurbaş mukamy»;
c) «Köne güzer»;
d) «Gurultaý»;
e) «Hajygolak».

25. ***Ýürek ynjasa-da, degse-de gaty,***
***Ahyr ýetip geldi hoşlaşyk wagty.*** **Bu setirler haýsy eserden?**

a) Aman Kekilow, «Söýgi»;
b) Kerim Gurbannepesow, «Ýaşlyk dramasy»;
c) Mämmet Seýidow, «Durun mukamy»;

d) Ata Atajanow, «Teke gyzy Tatýana»;
e) Kerim Gurbannepesow, «Gumdan tapylan ýürek».

### Edebiýatdan II çärýek üçin soraglar:

1. Belli ertekiçi Ogulgerek ejäniň ýazyjy ogly.
2. Aňkar aga, Keýik, Keýker, Ýolly kimiň haýsy eseriniň gahrymanlary?
3. ***Dünýeden gitmesin hiç kim bergidar,***
   ***Iň bolman, bir agaç eksin ýadygär.*** Bu setirleriň awtory.
4. ***Şu gün gelip biljek däl,***
   ***Gyssagly bir iş çykdy...***
   ***Birden ataň gözlerinden,***
   ***Iki çogdam ýaş çykdy.*** Bu kimiň haýsy eserinden?
5. Ýokarky ýagdaýy şahyryň özi nähili atlandyrýar?
6. Durun obasyndan bolan şahyr bilen sazandany baglanyşdyrýan eser.
7. Gylyç Kulyýew «Gara kerwen» romanynyň wakalaryny kimiň dilinden beýan edýär?
8. Gökdepede doglan, ýaşlygy, ýetginjekligi Tejende geçen şahyr.
9. Asly ýerbentli ýazyjy-şahyr.
10. Hosgeldi, Bahar, Pökgen, Wüşi kel – bular kimiň haýsy eserinden?

## III çärýek

**1. *Ýnha ýaz geler, ýyldyrym çakyp başlar. Çabga ýagar. Şol ýyldyrym, şol çabga (...) ömrüni hem-de poeziýasyny ýatladar...* Kerim Gurbannepesow gysga wagtlyk, ýöne hemişe gaýtalanyp duran bu pursat bilen kimi ýatlaýar?**

a) Halyl Kulyýewi;



b) Gurbannazar Ezizowy;
ç) Şamyrat Gurbannepesowy;
d) Magtymguly Pyragyny;
e) Sergeý Ýesenini.

**2. Meleje saç (çaga), humaý saç (juwan gyz), ak saç (garry ene) – kimiň haýsy eserinden?**

a) Täşli Gurbanow, «Sarygül»;
b) Naryman Jumaýew, «Ýuwaş gelin»;
ç) Walentin Rybin, «Ýlalaşyk deňzi»;
d) Annaberdi Agabaýew, «Oswensim owazlary»;
e) Nargylyç Hojageldiýew, «Gülle degen sünbüller».

**3. Arslan bilen Melikäniň söýgüsi hakyndaky eser:**

a) Täşli Gurbanow, «Sarygül»;
b) Mämmet Seýidow, «Durun mukamy»;
ç) Halyl Kulyýew, «Akar suw»;
d) Guseýin Muhtarow, «Allan aganyň masgalasy»;
e) Naryman Jumaýew, «Ýuwaş gelin».

**4. Gurbannazar Ezizowyň «Serpaý» goşgular ýygyndysyna kim sözbaşy ýazdy?**

a) Kerim Gurbannepesow;
b) Halyl Kulyýew;
ç) Annaberdi Agabaýew;
d) Gurbannazar Ezizowyň özi;
e) Berdinazar Hudaýnazarow.

**5. Şu goşgularyň haýsysy Gurbannazar Ezizowyň «Güýz» sonetler çemenine degişli däl?**

a) «Ýene güýz. Güýz bolsa saralýar ýaprak...»;
b) «Şeýle bir çuň güýz gününiň peýzažy...»;
ç) «Sary şemal ony tänderip geçýär...»;
d) «Çaga dogran eňň meňzeş bu toprak...»;
e) «Ýazym gelse, ýagty pikir dogursam...».

6. **«Güýz» sonetler çemeniniň aýratynlygy:**

a) güýz hakynda özbaşdak goşgular toplumy;
b) pikir yzygiderliligi saklanýan goşgular toplumy;
c) ähli pasyllar barada söhbetli goşgular toplumy;
d) ynsan ömrüniň güýzi (ömrüniň soňlanmagy) baradaky goşgular toplumy;
e) daýhanyň güýzki aladalary hakyndaky goşgular toplumy.

7. **«Edebiýat ylmyny öwreniji», «Mollanepes», «Söz sungaty» atly ylmy işleri ýazan:**

a) Naryman Jumaýew;
b) Mäti Kösäýew;
c) Baýmuhammet Garryýew;
d) Jora Allakow;
e) Aman Kekilow.

8. **«Döwrüň kesbi – edebiýatyň kesbi» atly makalalar ýygyndysynyň awtory, belli edebi tankytçy:**

a) Abdylla Myradow;
b) Saýlaw Myradow;
c) Jora Allakow;
d) Öde Abdyllaýew;
e) Hanguly Taňryberdiýew.

9. **Giňden tanalýan çagalar şahyry:**

a) Kaýum Taňrygulyýew;
b) Kerim Gurbannepesow;
ç) Gurbannazar Ezizow;
d) Berdinazar Hudaýnazarow;
e) Ata Atajanow.

10. **«Jadyly kepje» atly ýeke-täk hekaýasyny ýazan şahyr:**

a) Ata Atajanow;
b) Annaberdi Agabaýew;
ç) Kerim Gurbannepesow;
d) Halyl Kulyýew;
e) Gurbannazar Ezizow.

11. **«Garpyz», «Üzüm», «Gowaçam», «Igde» ýaly goşgular toplumyny ýazan:**

a) Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy, «Tomus pasly»;
b) Gurbannazar Ezizow, «Güýz» sonetler çemeni;
c) Kaýum Taňrygulyýew, «Süýji bolýar ekip iýseň...»;
d) Halyl Kulyýew, «Akar suw»;
e) Kaýum Taňrygulyýew, «Bahar-ýaz geçdi...».

12. **Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tyldaky gahrymançylykly zähmet hakyndaky eser:**

a) Berdinazar Hudaýnazarow, «Gumlular»;
b) Täşli Gurbanow, «Armanym»;
c) Naryman Jumaýew, «Aýdogdy Tahyrow»;
d) Guseýin Muhtarow, «Allan aganyň maşgalasy»;
e) Annaberdi Agabaýew, «Oswensim nalasy».

13. **Demir ýol işçisi hakyndaky drama eseri:**

a) Guseýin Muhtarow, «Kim jenaýatkär?»;
b) Täşli Gurbanow, «Sarygül»;
c) Ýuriý Below, «Ýata suw hem akar suw»;
d) Guseýin Muhtarow, «Allan aganyň maşgalasy;
e) Walentin Rybin, «Inžener Waluýew».

14. **Bu rus ýazyjy-şahyrlaryndan kimler türkmenistanly däl?**

a) Aleksandr Aborskiý, Walentin Rybin;
b) Leonid Leonow, Nikolaý Tihonow;
c) Pawel Karpow, Ýuriý Below;
d) Ýuriý Rýabinin, Wasiliý Şatalow;
e) Wadim Zubarýew, Pýotr Skosyrew.



24. Sargyt № 1641

15. *Goja: – He-eý, oňarmansyň, gyzym... Özüň abraý bereweri, Allam! – diýdi* (*Täşli Gurbanow, «Armanym»*).
**Goja näme üçin gyzyndan närazy?**

a) gyzy adamsy bilen aýrylyşyp gelipdir;
b) gyzy atasyndan maslahatsyz durmuşa çykypdyr;
ç) gizlinlikde ýigit bilen duşuşyga gidipdir;
d) Aşgabada okuwa gaçyp gidipdir;
e) maslahat salmazdan brigadirlige geçipdir.

16. **Naryman Jumaýewiň haýsy eseri boýunça kinofilm döredildi?**

a) «Aýdogdy Tahyrow»;
b) «Ak maýanyň ýoly»;
ç) «Welaýat»;
d) «Pagtabent»;
e) «Ýuwaş gelin».

17. **Selbi, Jemşit kimiň haýsy eseriniň gahrymanlary?**

a) Täşli Gurbanow, «Mahmal bägül»;
b) Täşli Gurbanow, «Armanym»;
ç) Kerim Gurbannepesow, «Ata we ogul»;
d) Naryman Jumaýew, «Ýuwaş gelin»;
e) Halyl Kulyýew, «Akar suw».

18. **Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň *Gerçek ýigit, goç ýigit, oglan, parasat eýle* setiri bilen başlanýan goşgusy:**

a) «Türkmenistanym»;
b) «Wyždan»;
ç) «Baýlykdan beýik boluň»;
d) «Türkmendir»;
e) «Türkmende dönük bolmaz».

19. *Yskyň oky-ýyldyrym, ýaýy – älemgoşardyr.*
**Bu setir bilen başlanýan goşgy:**

a) «Ysk–Allanyň gudraty»;
b) «Ysk güzeri»;
ç) «Söýüň, gara gözlerim!»;
d) «Dilberim»;
e) «Daglar heý».

20. ***Ýeke bolsaň, «häh» diýeňde, «mähim» bar...* Bu setiriň dowamy:**

a) «...Agaýunus kibi hüýrli türkmensiň!»
b) «...Jelaleddin kibi ärli türkmensiň!»
ç) «...Goýny üç ýüz altmyş pirli türkmensiň!»
d) «...Zeberdest gollary zorly türkmensiň!»
e) «...Rysgal-bereketli, barly türkmensiň!».

21. **XX asyryň 30–40-njy ýyllarynda edebi mirasymyzy toplamakda, olary ylmy taýdan öwrenmekde we neşir etmekde önjeýli işler eden edebiýatçy alymlar:**

a) Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew;
b) Hanguly Taňryberdiýew, Nazar Gullaýew;
ç) Bäşim Şamyradow, Muhammetguly Amansähedow;
d) Durdumuhammet Nuralyýew, Jora Allakow;
e) Ahmet Bekmyradow, Abdylla Myradow.

22. **«Meniň ýaşlyk dessanym» haýsy kitapdan?**

a) «Türkmen ilim aman bolsun»;
b) «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy»;
ç) «Mähribanlarym»;
d) «Meniň ruhubelentlik baharym»;
e) «Türkmenistan – bagtym meniň».

23. ***Saparyň söýgüsi – Garaşsyz Diýar, Biziň buýsanjymyz – Beýik Watandyr!* Bu setirler bilen haýsy goşgy tamamlanýar?**

a) «Buýsanjym»;
b) «Buýsanýan»;
ç) «Watandadyr»;

d) «Zyýada»;
e) «Agzybirlik senasy».

**24.** ***Ýarym diýip çyksam yskyň seýline, Bossan içre gyzyl güller aldady.* Bu setirler haýsy sygyrdan?**

a) «Sen mensiz ýalňyz»;
b) «Ruhubelentlik»;
ç) «Bendiwany men»;
d) «Söýgi haty»;
e) «Wyždan».

**25. Eseriň ideýasy näme?**

a) durmuşda awtoryň ünsüni özüne çekýän hadysalar, wakalar;
b) tutuş eserde aňladylýan esasy pikir;
ç) çeper eseriň gurluşy;
d) awtoryň dil baýlygy;
e) belli bir topara degişli adamlaryň gylyk – häsiýetleriniň bir adamda jemlenip görkezilmegi.

## Edebiýatdan III çärýek üçin soraglar:

1. Kimiň dramasy esasynda «Maşgalanyň namysy» kinofilmi döredildi?
2. Suraýjygyň ykbalynyň çeper beýany açylyp görkezilýän eser.
3. Annaberdi Agabaýew, «Oswensim owazlary». Bu ýerde «Oswensim» nämäniň ady?
4. Gurbannazar Ezizowyň «Magistral» goşgusynyň ýazylyşynyň nähili özboluşly aýratynlygy bar?
5. «Bahar buşlukçysy», «Zähmet mugallymy» goşgularynyň, «Ertekiniň gelip çykyşy» powestiniň awtory.
6. «Hezil hiňňillik» atly terjimeler kitaby bolan şahyr kim?



7. *Söýgi – ataş,*
*Ýyldyrym ol,*
*Çakar magşuk gözlerinde...!*
Bu setir Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy goşgusyndan?
8. Şol goşgy onuň haýsy kitabyndan?
9. Naryman Jumaýew Beýik Watançylyk urşunyň Gahrymany hakynda haýsy eseri ýazdy?
10. Ata Atajanow, Garaja Burunow, Kakabaý Gurbanmyradow. Bularyň haýsysy 1920–1930-njy ýyllarda terjimeçi hökmünde hem özüni tanatdy?

## IV çärýek

**1.** ***Buýsanjym siz,***
***Guwanjym siz,***
***Genjim siz...!***
**Bu setir Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň haýsy goşgusyndan?**

a) «Buýsanjym»;
b) «Buýsanýan»;
ç) «Buýsanjym bar»;
d) «Mähribanlarym»;
e) «Ýaşlar».

**2. Urşy näletleýän meşhur eser:**

a) Ernest Heminguéý, «Goja we deňiz»;
b) Muhtar Auezow, «Abaý»;
ç) Aýbek, «Mukaddes gan»;
d) Mihail Şolohow, «Adamyň ykbaly»;
e) Iogann Gýote, «Faust».

**3. Ahlak gözelligini gözleýän «Kiçijik sazada» hakynda ertekini ýazan:**

a) Ernest Heminguéý;

b) Mihail Şolohow;
ç) Dante Aligýeri;
d) Antuan de Sent-Ekzýuperi;
e) Iogann Gýote.

4. ***Meniň tüýs özümi özümden aýdyň hiç kim dünýä tanadyp bilmez...Men kitaplarymda adamlara özüm hakynda barysyny gürrüň berýän*. Bu kimiň sözleri?**

a) Mihail Şolohow;
b) Antuan de Sent-Ekzýuperi;
c) Ernest Hemingueý;
d) Iogann Gyote;
e) Dante Aligýeri.

5. **«Nowaýy» romanynyň awtory Aýbek haýsy halkyň wekili, onuň hakyky ady:**

a) özbek, Musa Täşmuhammedow;
b) gazak, Muhtar Auezow;
ç) gyrgyz, Çingiz Aýtmatow;
d) awar, Rasul Gamzatow;
e) gruzin, Grigol Abaşidze.

6. **Dünýä edebiýatynyň şu wekilleriniň haýsysy türkmen temasyna ýüzlenmändir?**

a) Berdimyrat Berdak;
b) Grigol Abaşidze;
ç) Arminiý Wamberi;
d) Mihail Şolohow;
e) Nikolaý Tihonow.

7. **«Dowzah», «Arassalanyş» hem «Behişt» atly üç bölümden ybarat epik poemanyň awtory:**

a) Iogann Gýote;
b) Dante Aligýeri;
ç) Antuan de Sent-Ekzýuperi;



d) Ernest Hemingueý;
e) Wasiliý Ýan.

8. **Düýsen mugallymyň ilkinji okuwçysy:**

a) Satymgul;
b) Çingiz;
c) Jemile;
d) Kemal;
e) Altynaý.

9. **Çingiz Aýtmatowyň «Ilkinji mugallym» powesti haýsy döwrüň wakalary hakynda?**

a) 1920-nji ýyllar;
b) 1930-njy ýyllar;
c) Beýik Watançylyk ursunyň öňüsyrasy;
d) Beýik Watançylyk urşy döwri;
e) Beýik Watançylyk ursunyň yzysüre.

10. **Dante Aligýeriniň «Ylahy komediýasyny» türkmen diline terjime eden:**

a) Kaýum Taňrygulyýew;
b) Orazmämmet Halymow;
ç) Berdi Kerbabaýew;
d) Baýram Welmyradow;
e) Anna Muhadow.

11. **Eli pilli, kätmenli, paltaly, köne bedreli at ýatagy bejerip ýören kim, ol haýsy eserden?**

a) Iwan, Mihail Şolohow, «Adamyň ykbaly»;
b) Goja,Ernest Hemingueý, «Goja we deňiz»;
c) Düýsen, Çingiz Aýtmatow, «Ilkinji mugallym»;
d) Abaý, Muhtar Auezow, «Abaý»;
e) Myraly, Aýbek, «Nowaýy».

12. **XV-XVI asyrlarda Germaniýada ýaşap geçen alym, doktor hakyndaky eser:**

a) Dante Aligýeri, «Ylahy komediýa»;

b) Ernest Hemingueý, «Goja we deňiz»;
ç) Grigol Abaşidze, «Uzaga çeken tümlük»;
d) Sergeý Ýesenin, «Pars äheňleri»;
e) Iogann Gýote, «Faust».

13. ***Geçmeli biz, geçmeli biz,***
***Bu çep kenar, o sag kenar.***
***Bu çep kenar, o sag kenar***
***Buzly kenar, gatapdyr gar...*** **Bu setirler kimiň haýsy eserinden?**

a) Gurbannazar Ezizow, «Iki agaç»;
b) Mihail Şolohow, «Adamyň ykbaly»;
ç) Iogann Gýote, «Faust»;
d) Aleksandr Twardowskiý, «Wasiliý Týorkin»;
e) Sergeý Ýesenin, «It çagasy».

14. **Mihail Şolohowyň galamyna degişli eser:**

a) «Ýuwaş Don»;
b) «Wasiliý Týorkin»;
ç) «Çingiz han»;
d) «Uzaga çeken tümlük»;
e) «Faust».

15. ***Formal ösüş meselesinde indi Puşkin meni gün-günden özüne bendi edýär.*** **Bu sözleri aýdan:**

a) Gurbannazar Ezizow;
b) Aleksandr Twardowskiý;
ç) Sergeý Ýesenin;
d) Mihail Lermontow;
e) Halyl Kulyýew.

16. **Meşhur gazak şahyry, magaryfçysy, jemgyýetçilik işgäri hakynda eser we onuň awtory:**

a) Aýbek, «Nowaýy»;
b) Muhtar Auezow, «Abaý»;



ç) Çingiz Aýtmatow, «Ene ýer»;
d) Resul Gamzatow, «Dagly goja»;
e) Resul Gamzatow, «Atam bilen söhbet».

17. **Dagystanly meşhur şahyr:**

a) Çingiz Aýtmatow;
b) Grigol Abaşidze;
ç) Wasiliý Ýan;
d) Ernest Heminguey;
e) Resul Gamzatow.

18. **Çingiz hanyň: *Ine, atanyň şeýle ogly bolmalydyr* diýip aýdan belli sözi kim hakynda?**

a) Jelaleddin Meňburny hakynda;
b) Waçe Grdzelidze hakynda;
ç) öz ogly Baty han hakynda;
d) Temir Mälik hakynda;
e) Turman Töreli hakynda.

19. **Grigol Abaşidzäniň «Uzaga çeken tümlük» eseriniň gahrymanlarynyň hünärleri haýsy jogapda dogry?**

a) Töreli – şahyr, Waçe – nakgaş, Muhasdze – haşamçy;
b) Töreli – nakgaş, Waçe – haşamçy, Muhasdze – şahyr;
ç) Töreli – haşamçy, Waçe – şahyr, Muhasdze – nakgaş;
d) Töreli – haşamçy, Waçe – şahyr, Muhasdze – şahyr;
e) Töreli – haşamçy, Waçe – şahyr, Muhasdze – nakgaş.

20. **Waçäniň halypasy kim?**

a) Demetre Ikaltoýeli;
b) Turman Töreli;
ç) Goçi Muhasdze;
d) Waram Gagel;
e) Hajy Jahan.

21. **Wagt, döwür taýdan soň döredilen eser:**

a) «Derňewçi»;

b) «Ylahy komediýa»;
ç) «Uzaga çeken tümlük»;
d) «Faust»;
e) «Kiçijik şazada».

22. **Mongol howpy abananda, Horezmiň hökümdary bolan:**
a) Jelaleddin;
b) Temir Mälik;
ç) Türkan Hatyn;
d) Muhammet şa;
e) Jahan pälwan.

23. ***Hüjüm edýän ýeňýär. Kim diňe goransa, ol özüni ölüm şemalyna sezewar edýär.*** **Bu sözleri kim Horezm şasyna aýdýar?**
a) Jelaleddin;
b) Temir Mälik;
ç) Ynaljyk Kaýys han;
d) Muhammet;
e) Çingiz han.

24. **Ýazgarylan mirasdüşer kim?**
a) Ynaljyk Kaýys han;
b) Mahmyt Ýalwaç;
ç) Temir Mälik;
d) Jelaleddin;
e) Baty han.

25. ***Utçigin howlugypdyr... Ullakan, batyr we tejribeli serkerde armanly ölüpdir...*** **Çingiz hanyň bu sözi kim hakda?**
a) Jelaleddin;
b) Baty han;
ç) Juçy han;
d) Muhammet şa;
e) Temir Mälik.



## Edebiýatdan IV çärýek üçin soraglar:

1. Ernest Hemingueýiň «Goja we deňiz» eseriniň gahrymanlary: goja, deňiz we....
2. «Käbäm eje, oýar meni...», «Ejemden hat» sygyrlarynyň awtory.
3. Tamar, Rusudan, Tamta, Dogrulşa – bular haýsy eseriň gahrymanlary?
4. ***Şazada aýal (Tamta) Hlada barýardy. Ol özi bilen Jelaleddiniň bahasyna ýetip bolmajak pesgesini-de alyp barýardy...*** Ol nähili sowgat?
5. Muhtar Auezow bilen Abaý Kunanbaýewiň arasyndaky durmusy gatnaşyk nämä esaslanýar?
6. Aleksandr Twardowskiniň «Wasiliý Týorkin» eserini türkmen diline terjime eden.
7. Çingiz hanyň ogullary.
8. «Çingiz han» romanynyň awtorynyň hakyky familiýasy.
9. «Çingiz han» we «Uzaga çeken tümlük» romanlarynyň tema taýdan nähili umumylygy bar?
10. Ernest Hemingueýiň Nobel baýragyna mynasyp bolan eseri.

## X synp üçin edebiýatdan barlagnamalaryň jogap açary

| Soraglar | Jogaplar | | | |
|---|---|---|---|---|
| | I çärýek | II çärýek | III çärýek | IV çärýek |
| 1 | D | D | B | E |
| 2 | B | A | D | D |
| 3 | E | E | A | D |
| 4 | Ç | B | Ç | Ç |
| 5 | A | B | B | A |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 6 | Ç | D | B | D |
| 7 | B | Ç | E | B |
| 8 | A | A | D | E |
| 9 | D | D | A | A |
| 10 | Ç | C | E | B |
| 11 | E | E | Ç | Ç |
| 12 | B | D | A | E |
| 13 | D | B | D | D |
| 14 | E | E | B | A |
| 15 | A | Ç | A | Ç |
| 16 | B | B | E | B |
| 17 | E | A | D | E |
| 18 | D | Ç | D | A |
| 19 | A | B | Ç | A |
| 20 | A | E | A | A |
| 21 | E | A | A | Ç |
| 22 | B | Ç | Ç | D |
| 23 | Ç | Ç | E | B |
| 24 | Ç | D | B | D |
| 25 | E | A | B | Ç |

## Edebiýatdan X synp üçin soraglaryň we ýumuşlaryň jogaplary

### I çärýek

1. Ugurly hany.
2. «Göçüp-gonup ýörüş» diýdigi.
3. Garaja Burunow, Bazar Amanow.
4. Agahan Durdyýew.



5. Ata Salyh.
6. Agahan Durdyýew, «Bally molla».
7. Oraz Täçnazarow.
8. Ata Köpekmergen.
9. Durdy Gylyç.
10. Çary Aşyrowyň.

### II çärýek

1. Ata Gowşudow.
2. Berdinazar Hudaýnazarow, «Gumlular».
3. Gara Seýitliýew.
4. Kerim Gurbannepesow, «Ýazmasy agyr düşen gosgy».
5. «Perzent dönükligi».
6. «Durun mukamy». Mämmet Seýidow we Şamyrat Gurbannepesow.
7. Polkownik Forsteriň.
8. Kerim Gurbannepesow.
9. Berdinazar Hudaýnazarow.
10. Ata Gowşudow, «Köpetdagyň eteginde» romanyndan.

### III çärýek

1. Guseýin Muhtarow, «Allan aganyň masgalasy».
2. Täşli Gurbanow, «Mahmal bägül».
3. Oswensim – ölüm lageri (Germaniýa faşizminiň döreden konslagerleriniň biri).
4. Sonet gosgy düzülis görnüsinde.
5. Halyl Kulyýew.
6. Kaýum Taňrygulyýew.
7. «Ysk güzeri».

8. «Mähribanlarym».
9. «Aýdogdy Tahyrow» romany.
10. Garaja Burunow.

### IV çärýek

1. Goja, deňiz we oglan.
2. Sergeý Ýesenin.
3. Grigol Abaşidze, «Uzaga çeken tümlük».
4. Şalwa Ahalçheliniň kellesi.
5. Muhtaryň atasy Abaý bilen dost.
6. Şäher Borjakow.
7. Juçi han, Utçigin han, Baty han.
8. Wasiliý Ýan-Wasiliý Ýanceweskiý.
9. Çingiz hanyň basybalyjylyklary we oňa garşy göreş.
10. «Goja we deňiz» powesti .



## MAZMUNY

Giriş ........ 7

**IV synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 10
**IV synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 32

**V synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 51
**V synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 75

**VI synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 96
**VI synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 122

**VII synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 144
**VII synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 173

**VIII synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 198
**VIII synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 229

**IX synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 255
**IX synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 290

**X synp** üçin türkmen dilinden barlagnamalar ........ 320
**X synp** üçin edebiýatdan barlagnamalar ........ 353

*Ata Akbübüýew, Akmuhammet Rahmanow,*
*Nurmuhammet Kadyrow*

# BARLAGNAMALAR

Orta mekdepleriň IV–X synplary üçin
türkmen dili we edebiýat dersi boýunça okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Halymowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh.redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Meredow* |

Ýygnamaga berildi 06.07.2011. Çap etmäge rugsat edildi 15.11.2011.
Ölçegi 60 x 90 $^1/_{16}$. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 24,0.
Şertli reňkli ottiski 48,25. Hasap-neşir listi 14,37.
Çap listi 24,0. Sargyt 1641. Sany 6 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.